**W. A. Kosteskiý**

# DÖWLET WE HUKUK ESASLARY

Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik

1-nji neşir

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

Daşkent
«Yangiyo‘l Poligraf Servis»
2017

**UO‘K: 34(075.3)=512.164**
**KBK: 67.400**
**K 68** **Kosteskiý, Wasiliý.**
**Döwlet we hukuk esaslary 10-njy synp**: Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik / W. Kosteskiý, - Birinji neşir. - Daşkent.: «Yangiyo‘l poligraf servis», 2017. - 144 s.

UO‘K: 34(075.3)=512.164
ISBN 978-9943-4937-9-7 KBK: 67.400

**Ylmy redaktor:**
**Saidow A.,** ýuridik ylymlaryň doktory, prof.

**SYN ÝAZANLAR:**

**F. Haýtbaýew** — Adam hukuklary merkeziniň ylmy işgäri, ýuridik ylymlaryň kandidaty;
**F. Bakaýewa** — DDÝU döwlet nazaryýeti we taryhy kafedrasynyň uly mugallymy, ýuridik ylymlaryň kandidaty;
**S. Akkulowa** — Daşkent şäher Halk bilimi işgärlerini gaýtadan taýýarlaýyş we hünärini kämilleşdiriş institutynyň uly mugallymy;
**T. Bagdasarowa** — 49-njy mekdebiň döwlet we hukuk esaslary mugallymy.
**M. Ýunusowa** — 41-njy mekdebiň döwlet we hukuk esaslary mugallymy.

Derslik Halk bilimi ministrliginiň maksatnamasynda laýyklykda taýýarlanan hem-de orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synpy we ýörite orta, kesp-hünär okuw mekdepleriniň okuwçylary üçin, şonuň ýaly-da adam hukuklary meseleleri bilen gyzyklanýanlar üçin niýetlenen.

Derslikdäki hukuk normalary Özbegistan Respublikasynyň amaldaky kanunlaryna laýyklykda beýan edilen. Dersligi taýýarlanda G.M. Tansykbaýewanyň konstitusion hukuk boýunça işleriniň materiallaryndan peýdalanyldy.

**ŞERTLI BELGILER**

 **– ýatda saklaň**

 **– hukuk ýagdaýy**

 **– bilimiňizi synaň**

 **– ýumuş**

 **– Konstitusiýa we kanun resminamalaryndan göçürmeler**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© W. A. Kosteskiý, 2017.
© «Yangiyo‘l Poligraf Servis», 2017.
ISBN 978-9943-4937-9-7

# OKUWÇYLARA

Ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda amala aşyrylan giň gerimli özgertmeler milli döwletliligi we suwereniteti berkitmek, howpsuzlygy we hukuk-düzgüni, döwletimiziň serhetleriniň eldegrilmesizligini, jemgyýetde kanunyň ileri tutulmagyny, adam hukuklaryny we azatlyklaryny, milletara agzybirlik we dini bagrygiňlik gurşawyny üpjün etmek üçin möhüm esas boldy, halkymyzyň mynasyp durmuş geçirmegi, raýatlarymyzyň döredijilik ukybyny ýüze çykarmak üçin zerur şertleri döretdi.

Çalt depginler bilen özgerip barýan dünýäde adam aňy üçin göreş barha güýçlenip barýan döwürde, jenaýatçylyga garşy göreşmek we kanun bozmalaryň öňüni almak, dini ekstremizme we terrorizme, guramaçylykly jenaýatçylygyň başga şekillerine garşy göreşmek boýunça guramaçylyk-amaly çäreleri güýçlendirmek meseleleri gün tertibindäki iň derwaýys meselelerden birine öwrüldi. Şu manyda garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda başlanan işleriň mantyky dowamy hökmünde ilatyň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak we hukuk aňyny ösdürmek meseleleri-de aýratyn ugur hökmünde 2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ýönelişi boýunça Hereketler strategiýasynda öz beýanyny tapdy.

«Döwlet we hukuk esaslary» okuw predmetini okatmagyň öz öňüne goýan esasy maksady okuwçylaryň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şu derslik hut ine şu maksatlara hyzmat edýär.

Eziz okuwçy! Aşaky synplarda siz döwlet we hukugyň gelip çykyşy, döwlet şekilleri, halk häkimiýetçiligi, hukuk normalary, hukuk ugurlary, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, onuň gurluşy, maksatlary we wezipeleri barada bilimlere eýe bolansyňyz. Bu derslikde berlen bilimler bolsa siziň hukuk bilimleriňizi artdyrmaga hem-de ýurdumyzda amalda bolan hukuk ugurlary bilen tanyşmagyňyza kömek eder. Derslikdäki amaly ýumuşlar arkaly alan bilimleriňizi berkidersiňiz.

**AK ÝOL!**

# I BÖLÜM. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY — HALKARA HUKUK SUBÝEKTI







## 1-§. HUKUK — ŞAHS WE DÖWLET GATNAŞYKLARYNYŇ PUGTA ESASY

### ŞAHS BILEN DÖWLETIŇ ÖZARA GATNAŞYKLARYNYŇ KONSTITUSION-HUKUK ESASY

Raýatlar bilen döwlet özara hukuklar we borçlar arkaly tebigy baglydyr. Şahs, jemgyýet we döwlet – bu üç esasy gymmatlyk Konstitusiýada kesgitlenendir.

Konstitusiýa raýat, jemgyýet we döwlet häkimiýeti arasyndaky gatnaşyklary kesgitleýän özboluşly sosial şertnamadyr. Konstitusiýa raýatlaryň umumy deň hukuklylygy, raýat bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklarda özara jogapkärligi taglymyna esaslanýar. Döwlet işiniň esasy maksady halka hyzmat etmekdir.

Döwlet halkyň erk-islegini aňlatmak bilen, onuň bähbitlerine hyzmat edýär. Döwlet organlary we wezipeli şahslar jemgyýetiň we raýatlaryň öňünde jogapkärdirler.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 2-nji madda.***

Özbegistanyň esasy kanuny döwlete, onuň hökümet organlaryna, wezipeli şahslara, jemgiýetçilik birleşmelerine we raýatlara Konstitusiýa we kanunlara laýyklykda iş alyp barmak borjuny ýükleýär.

Özbegistan Respublikasynda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we kanunlarynyň üstünligi sözsüz ykrar edilýär.

Döwlet, onuň organlary, wezipeli şahslar, jemgyýetçilik birleşmeleri, raýatlar Konstitusiýa we kanunlara laýyklykda iş alyp barýarlar.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 15-nji madda.***

93-nji madda görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna amal edilmeginiň kepilidir.

**1-nji ýumuş.**

Günüň dowamynda näme bilen meşgul bolýandygyňyzy ýatlaň: mekdebe barýarsyňyz, bilim alýarsyňyz, mekdebiň gündelik durmuşynda (sport we başga gurnaklarda) gatnaşýarsyňyz, öýe gaýdýarsyňyz. Nähili ýagdaýlarda döwlet bilen gatnaşyga girişýändigiňizi sanaň we bu size nähili täsir edýändigini aýdyň.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASY ÝURDUŇ GARAŞSYZLYGYNYŇ HUKUK ESASYDYR

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy döwletimiziň garaşsyzlygynyň hukuk esasyny, halkyň erk-isleginiň ýokary aňladylmasydyr. Her bir döwlet Esasy kanunyna birinji orunda özüniň dolandyryş şeklini aňlatmalydyr. Sebäbi, döwletiň syýasy-hukuk derejesi kesgitlenmezden, jemgyýetiň sosial-syýasy, ykdysady, ruhy we medeni durmuşynyň ileri tutulýan ugurlaryna degişli düzgünleri kesgitlemek mantyksyz bolardy.

Konstitusiýada respublikanyň suwerenitetiniň pugtalanmagy bilen Özbegistan hakyky garaşsyzlygy we azatlygy gazandy, ýer, ýerasty baýlyklary, başga tebigy gorlar, ykdysady, ylmy-tehniki we intellektual mümkinçilikler milli baýlyga öwrüldi, özbek halkynyň asyl taryhy we medeniýeti dikeldildi, şahyrlaryň, ussat halypa-mugallymlaryň, akyldarlaryň, döwlet işgärleriniň päk atlary dikeldildi. Adamyň hukuklary we azatlyklary Konstitusiýa we kanunlar tarapyndan goralandyr.

Döwlet garaşsyzlygynyň gazanylmagy, BMG-a we başga halkara guramalara agza bolandygy Özbegistana özbaşdak daşary syýasat ýöretmäge, halkara gatnaşyklaryň ugurlaryny we möhüm taraplaryny özi kesgitlemäge mümkinçilik berdi.

Konstitusiýanyň 1-nji maddasynda ýurdumyzyň siwerenitetiniň halkara demokratik gymmatlyklara aýrylmaz baglylygy görkezildi we şonuň üçin Özbegistan diňe bir suweren bolman, şunuň bilen birlikde demokratik respublika diýlip yglan edildi.

## HUKUK MEDENIÝETI HEM-DE ONUŇ ŞAHS WE DÖWLET BILEN AÝRYLMAZ BAGLYLYGY

Ýurdumyzda alnyp barylýan özgertmeleriň netijeliligini has-da artdyrmak, döwletiň we jemgyýetiň her taraplaýyn we çalt ösmegi üçin şertleri döretmek, ýurdumyzy modernizasiýa etmek hem-de durmuşyň ähli ugurlaryny liberallaşdyrmak boýunça ileri tutulýan ugurlary amala aşyrmak maksadynda ýurdumyzyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew tarapyndan 2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasy yglan edildi.

Strategiýanyň ikinji ugry «Kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmek we sud-hukuk ulgamyny ýene-de özgertmegiň ileri tutulýan ugurlary» diýip atlandyrylýar. Bu ugurda aşakdaky çäreler amala aşyrylmalydygy kesgitlenen:

— sud häkimiýetiniň hakyky özbaşdaklygyny üpjün etmek, suduň abraýyny artdyrmak, sud ulgamyny demokratlaşdyrmak we kämilleşdirmek;
— raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny ynamly goramak kepillerini üpjün etmek;
— administratiw, jenaýat, raýat we hojalyk kanunçylygyny kämilleşdirmek;
— jenaýatçylyga garşy göreşmek we kanun bozmalaryň öňüni almak ul-

gamyny kämilleşdirmek;

— sud-hukuk ulgamynda kanunylygy has-da berkitmek;

— ýuridik kömek we hyzmat etmek ulgamyny kämilleşdirmek.

Kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmek üçin ilki bilen ilatyň hukuk medeniýetini we aňyny ýokarlandyrmaly.



**Hukuk aňy** — jemgyýetçilik aňynyň bir ugry bolup, onda bilimler, pikirler, bahalar, adamlaryň hukuga gatnaşygy şekillenýär. Hukuk aňy näçe ýokary bolsa, hukuk medeniýeti derejesi-de şonça ýokary bolýar.

Ruhyýetli adam hukuga degişli bilimleri ýöne eýelemek bilen çäklenmeýär. Ol şol bilimleri pikir ýöretmek bilen, hukugy dogry düşünmegi we oňa dogry gatnaşykda bolmagy ýola goýýar. Eger adam hukugyň ähmiýetini dogry bahalasa we onuň talaplaryny hormat etse, ol kanuny bozmazlyga hereket edýär.

Eger adam hukuga hormatsyzlyk bilen gatnaşykda bolsa, ol hökman kanuna ters hereket edýär. Sebäbi, hukuk talaplaryny azajyk äsgermezlik-de hukuk normalaryny bozmaga getirýär. Hut şonuň üçin hukugy bilmek uly ähmiýete eýe.

Kanunlary bilmek öz-özünden hukuk medeniýetiniň ýokarydygyny aňlatmaýar. Kanunlary gowy bilmek, ýöne, şuňa seretmezden, olaryň talaplaryny ýerine ýetirmezlik mümkin. Hukuk medeniýetiniň bolmagy diňe bir kanunlary bilmek däl, eýsem olara boýun egmegi-de nazarda tutýar.



**2-nji ýumuş. Soraga pikirlenip, jogap beriň:**
Hukuk medeniýetli adam kanunlary umuman bilmeýän ýa-da erbet bilýän ýa-da bilse-de, olary bozýan adamdan nämesi bilen tapawutlanýar?

Kanunlary bilýän adam şahsy we jemgyýetçilik bähbitleri ýuridik taýdan sowatly goramagy, şahsyň hukuklaryny we azatlyklaryny bozmaga garşy durmagy başarýar. Ýöne kanuny bilmegiň özi oňa amal etmek üçin ýeterli däl. Şu ýerde, hukuk medeniýeti nämelerden düzülýär diýen sorag ýerlikli bolýar.

Ahlak dünýägaraýşy we ygtykat hukuk medeniýetiniň binýady hasaplanýar Bu binýat näçe pugta we ak ýürekden «gurlan» bolsa, hukuk bilimleriniň hili we olardan akylly-başly peýdalanmak, kanuna gatnaşyk (ony hormat etmek), hukuk normalaryna amal etmäge taýýar durmak, kanunyň we hukugyň ileri tutulmagyny gazanmakda işeňňir gatnaşmak şonça güýçli orun eýeleýär.



**2-nji ýumuş. Pikirlenip, jogap beriň:**

1. Hukuk medeniýetine eýe adamyň ahlak-ruhy garaýyşlary nähili bolmaly?
2. Akmal «Döwlet we hukuk esaslary» predmetinden hemişe gowy baha alýar, ýöne, ol köplenç derse gijä galyp gelýär, başga derslerde sapaga päsgel berip oturýar. Akmalyň hukuk medeniýetini ýokary diýip bahalamak mümkinmi?
3. «Hukuga gatnaşyk» diýende näme düşünilýär?
4. Siziň pikiriňizçe hukuk gatnaşyklarynda adamyň hereketleri nähili bolmaly?

**3-nji ýumuş.**

**Aşakdaky ýagdaýlara garap geçiň we olarda beýan edilen hereketler kanun talaplaryna ters ýa-da ters däldigini anyklaň. Öz pikiriňizi aýdyň.**



**1-nji ýagdaý.**

Sud mejlisi zalynda raýat K.ga görä jenaýat işi seredilýär. Sud mejlisi prosesinde K. işi alyp barýan sudýa M-ny dynmazdan göwnüne degip, onuň abraýyny we mertebesini kemsidip, sögünýärdi. Sudýanyň sud mejlisi zalynda tertip saklanmagy baradaky kanuny talaplaryna amal etmän, K. azatlyga çykansoň, sudýany öldürjekdigini aýdyp gorkuzyp başlady. Diňe sud mejlisleri zalyndan konwoýyň kömeginde çykarylyp goýberilenden soň K.-nyň hereketleri bes edildi.

**K. öz hereketleri bilen başgalaryň hukuklaryny bozan, diýip hasaplamak mümkinmi? Ol kanun we ahlak normalaryny bozupmy?**

**2-nji ýagdaý.**

Jaýy ulanmaga bermäge taýýarlanylýan wagtda, gurluşygyň ýolbaşçysy toplanan hojalyk çykyndylary eltip, tokaýa dökmek barada görkezme berdi. Çykyndylary döküp ýetişen sürüji W. tokaý sakçysy tarapyndan ele alyndy. Sürüji W. hojalyk çykyndylary tokaýa dökmek baradaky buýrugy gurluşygyň ýolbaşçysyndan alandygyny düşündirýär.

**Prorab K hereketlerinde kanun bozmany görmek mümkinmi? Sürüji W. hereketlerinde näme? Bu nähili kanun bozma diýip oýlaýarsyňyz?**

**4-nji ýumuş**

Sizi pikiriňizçe, aşakdaky nakyl we matallary hukuk aňy bilen baglaň:

- Kanun — kanundyr.
- Kanun bar ýerde gorag hem bar.

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Näme üçin adama hukuk bilimleri zerur? Hukuk sowatsyzlygy nämä getirýär?
2. Siziň pikiriňizçe, kanun adamyň gowy maslahatçysyna we kömekçisine öwrülmegi üçin näme etmeli?
3. Hukuk normalary bilen ahlak normalarynyň arasyndaky özara baglylyk nämede görünýär?
4. Kanunlary bilmezden, adalatsyzlyga garşy göreşip bolarmy? Öz jogabyňyzy esaslandyryň.

## 2-§. HALKARA HUKUK

### HALKARA HUKUK GATNAŞYKLARY WE OLARYŇ PRINSIPLERI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 17-nji maddasyna görä, döwletimiz halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýektidir. Onuň daşary syýasaty döwletleriň suweren deňligi, güýç ulanmazlyk ýa-da güýç bilen wehim salmazlyk, araçäkleriň eldegrilmezligi, dawalary parahatçylykly ýol bilen çözmek, başga döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk kadalaryna we halkara hukugyň umumykrar edilen başga kadalaryna we normalaryna esaslanýar.



Respublika döwletiň, halkyň ýokary bähbitlerini, bolelinligini we howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda bileleşikler düzmegi, arkalaşyklara we başga döwletara gurluşlara girmegi we olardan bölünip çykmagy mümkin.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 17-nji madda.***

Halkara hukuk urug-taýpa gatnaşyklary dargap, birinji döwletler emele gelende peýda bolupdyr. Ol döwürde gadymky adamlarda şu gatnaşyklary tertibe salýan we urp-adatlarda berkidilen belli bir düzgünler şekillenip ýetişipdi. Ilkidurmuş obşina jemgyýetinde urug we taýpa arasyndaky gatnaşyklary tertibe salýan şu düzgünler toplumyny döwletlere çenli bolan taýpaara «hukuk» diýip atlandyrmak mümkin. Soňra ösüp ol halkara hukuga öwrüldi.

**Halkara hukuk** döwletleriň, halklaryň we halkara guramalaryň arasyndaky dürli gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

**Halkara şertnama** — bir ýa-da birnäçe resminamalarda düzülendigine we nähili atlandyrylmagyna seretmezden döwletler ýa-da başga halkara hukuk subýektleriniň arasynda ýazuw üsti bilen düzülen ylalaşyk bolup, taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny öz içine alýar.

Halkara hukuk funksiýalari diýende halkara hukugyň halkara-hukuk kadalaşdyryjy predmeti bolan gatnaşyklara täsiriniň esasy ugurlaryny düşünmeli.

**Aşakdaky fuksiýalar aýratyn tapawutlandyrylyp görkezilýär:**

1) *berkararlaşdyryjy* — halkara hukuk normalary dünýä bileleşigini jebisleşdirmeli, belli bir halkara hukuk tertibini kesgitlemeli, ony berkitmeli we has-da berkararlaşdyrmaly;

2) *düzgünleşdiriji* — ony amala aşyrmak arkaly halkara hukuk tertibi gazanylýar, degişlilikde, jemgyýetçilik gatnaşyklary düzgünleşdirilýär;

3) *goraýjy* — halkara hukuk gatnaşyklarynyň degişlilikde goralmagy diýmekdir. Halkara borçnamalar bozulanda halkara hukukbozmalar subýektleri halkara hukuk tarapyndan rugsat edilen jogapkärlik çärelerini we sanksiýalary ulanmaga hakly;

4) *informasion-terbiýeleýji* — döwletleriň akylly-başly hereketleri toplanan tejribesini ýaýratmak, hukukdan peýdalanmak mümkinçilikleri wagyz etmek, hukugy hormat etmek, onuň bähbitlerini we gymmatlyklaryny goramak ruhunda terbiýelemekden ybarat.

## HALKARA GATNAŞYKLARYŇ HUKUK ESASLARY. HALKARA HUKUK ÇEŞMELERI

Halkara hukuk subýektleriň arasynda ylalaşyk arkaly döredilen we döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirýän normalardan ybarat.

Halkara hukukda iki esasy çeşme: halkara şertnama we halkara däplere bölünýär. Ýöne halkara hukugyň şu iki esasy çeşmesinden daşary halkara guramalaryň, halkara konferensiýalaryň we mejlisleriň resminamalary bar. Şeýle resminamalar halkara guramalaryň we başga subýektleriň özleri üçin mejbury özüni alyp barmagyň kadalaryny kesgitlese, halkara hukugyň goşmaça çeşmelerine öwrülýär.

Halkara hukugyň kadalaşdyryjy predmeti suweren we bir birinden özbaşdak subýektleriň gatnaşyklary hasaplanýar. Döwlet içerki hukuk aýratyn döwletiň içindäki subýektleriň arasyndaky, adatda, bir döwletiň çäginde we

içki ygtyýarlygy çägindäki gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Döwletler, millatler we halklar, şonuň ýaly-da halkara guramalar halkara hukuk subýektlerine girýär.

**Halkara hukuk prinsipleri** — halkara gatnaşyklar subýektleriniň döwletler tarapyndan halkara gatnaşyklar ugrunda işlenip taýýarlanan halkara durmuşyň iň möhüm meseleleri boýunça iň möhüm we umum ykrar edilen tertip normalary hasaplanýar.

Halkara hukuk prinsipleriniň mazmuny:

— güýç ulanmazlyk we güýç bilen wehim salmazlyk prinsipi;
— halkara dawalary parahatçylykly ýol bilen çözmek prinsipi;
— döwletleriň iki ygtyýarlygyna girýän işlere gatyşmazlyk prinsipi;
— halklaryň deň hukuklylygy we öz ykbalyny özi kesgitlemegi prinsipi;
— halkara hukuk borçnamalaryny wyždanly ýerine ýetirmek prinsipi;
— döwlet serhetleriniň eldegrilmezligi prinsipi;
— döwletleriň çäk taýdan bitewiligi prinsipi;
— adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny hormat etmek prinsipi.

Özbegistan Respublikasynyň Daşary syýasy işi Halkara hukugyň umumykrar edilen normalaryna we prinsiplerine laýyk gelýär. Şol sanda:

— Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasyna;
— «Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasyna»;
— «Halkara hukuk prinsipleri barada»ky deklarasiýa;
— «Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk geňeşiniň Helsinki Jemleýji akty»na.

## HALKARA GATNAŞYKLAR

**Halkara gatnaşyklar** — parahatçylyk we hyzmatdaşlyk ornaşdyrmak maksadynda halkara meýdanda iş alyp barýan döwletleriň we halkara guramalaryň, döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň arasyndaky syýasy, ykdysady, medeni, hukuk, diplomatik, harby we başga aragatnaşyklaryň özara gatnaşykly toplumydyr.

«Özbegistan — halkara gatnaşyklaryň deň hukukly subýekti» konstitusion prinsipi Özbegistan Respublikasynyň diňe bir häzirki zaman älemdäki ornu-

ny görkezmän, eýsem döwletimiziň dünýä bileleşiginiň aýrylmaz bölegidigini amalda tassyklaýar.

## HALKARA KÖPÇÜLIKLEÝIN WE ŞAHSY HUKUK

Häzirki zaman halkara hukuk köpçülikleýin we şahsy böleklere bölünýär. **Halkara köpçülikleýin hukuk** döwletleri we köpçülikleýin hökümeti berýän syýasy guramalaryň, şonuň ýaly-da halkara guramalaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

**şahsy hukuk** daşary ýurt, fiziki we ýuridik şahslar gatnaşýan raýat-hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Meselem, dürli döwletlere degişli firmalaryň arasyndaky gatnaşyklar, dürli ýurtlaryň raýatlarynyň nika düzmegi we başgalar.

Halkara hukuk normalary bilen kadalaşdyrylýan hukuk gatnaşyklarynda gatnaşmak üçin ýuridik derejesine eýe şahslar halkara hukugyň subýektleri hasaplanýar.

BMG Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň 1-nji maddasynda aýdylmagyna görä bir döwlet tarapyndan başga döwletiň suwerenitetine, çäk taýdan eldegrilmezligine ýa-da syýasy garaşsyzlygyna garşy harby güýç ulanmagy ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ustawyna ters gelýän başga täsir etmek **agressiýa** diýlip atlandyrylýar.



**1-nji ýumuş.**

Halkara hukuk subýektlerine we käbir ýurtlaryň agressiýasyna mysallar getiriň.

## DÜNÝÄNIŇ HUKUK KARTASY

Häzirki dünýäde dürli-dürli hukuk ulgamlaryna duşmak mümkin. Sebäbi, her bir döwlet özüniň milli hukuk ulgamyny gurýar. Olaryň her biri öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýar, ýöne şunuň bilen birlikde olar ençeme umumy taraplara hem eýedir.

Hukukşynaslyk ylmynda dürli hukuk ulgamlaryny olaryň meňzeşligine garap ýeke-täk «hukuk maşgala» birleşdirmek kabul edilen.

**Roman-german ýa-da kontinental «hukuk maşgalasy»** (Germaniýa, Fransiýa, Ispaniýa, Italiýa we başgalar) sudlaryň kanun döretmek hukugyny ykrar etmeýär. Ol sudlary kanun çykaryja öwürmäge garşy. Şonuň üçin esasy hukuk çeşmesi hökmünde ol diňe kanuny, konstitusion we kanuna esaslanyp kabul edilen başga kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryny ykrar edýär.

**Iňlis-Amerika «hukuk maşgalasy» ýa-da «umumy hukuk» ulgamy** (ABŞ, Kanada, Awstriýa, Britaniýa arkalaşygy ýurtlary we başgalar) kontinental «hukuk maşgalasyn»dan tapawutlanyp, esasy hukuk çeşmesi hökmünde kanuny däl, eýsem sud presedentini, ýagny sud kararynda bar bolan düzgüni ykrar edýär.

**Dini-adaty «hukuk maşgalasy»** (Ýaponiýa, Hindistan, Hytaý we başgalar) esasy hukuk çeşmesi hökmünde dini düzgünleri ykrar edýär.

Bu «hukuk maşgalalary» bir ýagdaýda diňe kanunlara, başga ýagdaýda — presedentlere, ýagny suduň kararlaryna, üçünji ýagdaýda dini-hukuk normalaryna esaslansa-da, durmuş olara görä şeýle talaplary goýýar, ýagny olary ünssüz galdyryp bolmaýar. Şonuň üçin «hukuk maşgalalary» kanunlaryny sud presedenti düzgünleri bilen, dini-hukuk normalary bolsa kanun we kodeksler bilen ep-esli uýgunlaşan ýagdaýda birikdirýär. Bu hadysalar döwlet kanunlary döretmek bilen, durmuşyň talaplary bilen ylalaşmaga mejburlygyny we hökmandygyny subut edýär.

Islendik jemgyýetde we döwletde hukuk ulgamy obýektiw ýagdaýda döredilýär, sebäbi, hiç bir kanun çykaryjy muny şahsy islegi we ygtyýary bilen amala aşyryp bilmeýär. Beýle özdiýenliligi durmuşyň özi ret edýär.

Hukuk adamlaryň peýdasy üçin hyzmat etmäge çagyrýanlygy sebäpli, onuň ulgamy kanun tarapyndan durmuşda hakykatda bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna baglylykda gurulýar.

Ulanylýan hukuk normalary köpçülikleýin tertibe, ýagny bu hukuk ulgamynyň umumy prinsiplerine ters gelýän käbir ýagdaýlarda halkara hukugy ulanmak çäklendirilýär. Bu kada köpçülikleýin tertip baradaky goşmaça şert diýlip atlandyrylýar.

Daşary söwda ylalaşyklaryndan (meselem, daşary ýurt elementi bilen aluw-satuw şertnamasyndan) gelip çykýan borçnamalary has-da netijeli ýerine ýetirmek üçin daşary ýurt fiziki we ýuridik şahslar — beýle şertnamalaryň taraplarynyň hukuk derejesini kesgitlemek zerurlygy emele gelýär. Olara görä adatda aşakdaky tertip görnüşleri ulanylýar:

— milli tertip, munda daşary ýurtly ýuridik we fiziki şahslaryň hukuk derejesi öz raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň derejesine deňleşdirilýär;
— iň uly amatlygy döretmegiň tertibi, munda kanunlar arkaly dürli daşary döwletleriň rezidentleriniň hukuk ýagdaýy üçin meňzeş hukuk ýagdaýy kesgitlenýär.

**Adam hukuklary boýunça halkara resminamalaryň özbolușly aýratynlyklaryna aşakdakylar girýär:**

1) uniwersal äheňli (ýagny adam hukuklary we ähli esasy azatlyklary hormat edilýär);
2) umum kabul edilen (ýagny ähli döwletlerde amal edilýär);
3) jynsyna, dinine, diline we başgalara seretmezden hemmä täsir edýär;
4) kanunlarda bu mesele boýunça milli modelleri işläp taýýarlamak üçin itergi bolup hyzmat edýär.

## DAŞARY SYÝASAT BOÝUNÇA 2017−2021-NJI ÝYLLARDA ÖZBEGISTANY ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA HEREKETLER STRATEGIÝASY

Ýurdumyzyň Prezidenti Ş.M. Mirziýoýew 2017−2021-nji ýyllarda Özbegistany ösdürmegiň hereketler strategiýasynda ileri tutulýan ugurlardan biri — çuňňur oýlanyşykly, özara bähbitli we amaliý daşary syýasat ýöretmek, Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşyny, suwerenitetini, çäk taýdan bitewiligini goramaga aýratyn üns berýär.

Informasion howpsuzlygy üpjün etmek we maglumatlary goramak ulgamyny kämilleşdirmek, maglumat ugrundaky wehimlere garşy öz wagtynda we mynasyp hereketleri guramak; raýatlyk, milletler we konfessiýalarara parahatçylygy hem-de agzybirligi berkitmek; döwletiň goranma ukybyny berkitmek, Özbegistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň güýjüni we kuwwatyny artdyrmak; daşky gurşawa, ilatyň saglygyna we genofonduna zyýan ýetirýän ekologik meseleleriň öňüni almak; adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olary aradan aýyrmagyň ulgamyny kämilleşdirmek şu ugruň esasy ýönelişleri hökmünde bellendi.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Häzirki zaman halkara hukuk normalarynyň aýratynlyklaryny sanap geçiň.
2. Halkara gatnaşyklar nähili prinsiplere esaslanyp gurulýar?
3. Halkara hukugyň çeşmelerini aýdyň.
4. Özbegistan Respublikasynyň halkara gatnaşyklary nähili kanunlar bilen kadalaşdyrylýar?
5. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatynyň esasy prinsiplerini sanap geçiň.
6. Halkara şahsy hukugyň halkara köpçülikleýin hukukdan tapawudyny düşündiriň.
7. Nähili resmi däl resminamalar daşary ýurtly raýatlar we olaryň birleşmeleriniň başga döwletde bolmak tertibi baradaky düzgünleri öz içine alýar?
8. «2017-2021-nji ýyllarda Özbegistany ösdürmegiň ileri tutulýan 5 ugry boýunça Hereketler strategiýasyn»da daşary syýasatyň nähili çäreleri nazarda tutulan?

# 3-§. BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

## BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ DÖREDILMEGI, MAKSATLARY WE WEZIPELERI

Ikinji jahan urşy (1939–1945-nji ýyllar) tamamlanansoň, 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda San-Fransiskoda (ABŞ) 51 ýurt dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak maksadynda BMG Ustawyna gol çekdi, ony hakyky ýagdaýda «Parahatçylyk konstitusiýasy» diýip atlandyrmak mümkin.

Häzir 193 sany ýurt BMG agzasy hasaplanýar. Şol sanda, Özbegistan hem 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-nyň deň hukukly agzasyna öwrüldi.

BMG Ustawyna laýyklykda BMG harby güýçleri BMG Howpsuzlyk Geňeşiniň karary bilen we onuň ýolbaşçylygynda döredilýär we amal edýär. Bu harby güýçler diňe adatdan daşary ýagdaýlarda başga ähli çäreler netije bermände (BMT Ustawynyň 42-nji maddasy), parahatçylyk bozulanda ýa-da oňa howp dörände, agressiýa halatlarynda (BMT Ustawynyň 39-njy maddasy) halkara parahatçylygy we howpsuzlygy dikeltmäge we goldamaga hyzmat edýär.

**Uruşlaryň taryhyndan.**

Adamzat taryhynda planetamyzda 15 müňden artyk uruş bolup geçen, olarda 3,5 milliarddan artyk adam heläk bolupdyr. Şonuň üçin hemme döwürlerde-de adamlar emele gelýän meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmegiň üstünde başyny agyrtýarlar.

unicef

UNESCO

**BMG-nyň ähli gatnaşyjy döwletleri öz hereketlerinde aşakdaky prinsiplere amal etmäge mejburdyrlar:**

— deňlik;
— halkara normalara we ylalaşyklara amal etmek;
— dawalary parahatçylyk ýoly bilen çözmek;
— güýç bilen wehim salmak ýa-da ony ulanmakdan geçmek;
— içerki işlere gatyşmazlyk;
— hyzmatdaşlyk.

Şeýdip, **BMG-nyň esasy maksatlary** aşakdakylar hasaplanýar:

— bütin dünýäde parahatçylygy goldamak;
— dostlukly gatnaşyklary ösdürmek;
— garyplygy, keselleri, sowatsyzlygy ýok etmek;
— daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almak;
— adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak.

**Öz maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmak üçin BMG alty sany baş organdan ybarat öz gurluşyna eýe.**

| | |
|---|---|
| **Baş Assambleýa** | BMG-nyň iň ygtyýarly organy hasaplanýar. Onuň işinde 193 ýurt gatnaşýar, olar her ýyl global mazmunly 150-den gowrak meseläni ara alyp maslahatlaşýar. |
| **Howpsuzlyk Geňeşi** | 5 sany döwletden (ABŞ, Russiýa, Hytaý, Beýik Britaniýa, Fransiýa) we 2 ýyl möhlete saýlanýan 10 sany hemişelik bolmadyk gatnaşyjylardan ybarat. Howpsuzlyk Geňeşi parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak meselelerine garaýar. |
| **Ykdysady we Sosial Geňeş** | BMG-a agza 54 döwletden ybarat, sosial-ykdysady meselelere garaýar. |
| **Hossarlyk Geňeşi** | öňki kolonial ýerleriň öz ýönelişini kesgitlemäge kömekleşýän gözegçilik organy. |
| **Halkara Sud** | 15 sudýadan ybarat bolup, döwletleriň arasyndaky dawalara seredýär, şonuň ýaly-da halkara meseleler boýunça konsultatiw netijeler berýär. |
| **Kätiplik** | BMG Baş Kätibi tarapyndan dolandyrylýar we administratiw organy hasaplanýar. |

**Birleşen Milletler Guramasynyň taryhyndan**

BMG-ny döretmek baradaky karar SSSR, ABŞ, Angliýa we Hytaý daşary işler ministrleriniň Moskwadaky geňeşinde 1943-nji ýylda kabul edilen.

Birleşen Milletler Guramasy 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda döräp, şol gün her ýyl BMG Güni hökmünde bellenýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ustawy bolsa San-Fransisko konferensiýasynda 1945-nji ýylda kabul edildi. Ustawyna ilki 51 döwlet gol çekipdi, bu günki günde olaryň sany 190-dan geçdi.

Ilki BMG-a 51 döwlet agza bolan bolsa, bu günki güne gelip agzalar sany 193 ýurda ýetdi.

Özbegistan BMG agzalygyna 1992-nji ýylyň 2-nji martynda kabul edildi.

BMG baş edarasy Nýu-Ýorkda (ABŞ) ýerleşýär.



BMG-nyň ştab kwartirasy. Nýu Ýork

**Ýumuş.**

Dyngysyz ýüze çykýan harby çaknyşmalara öz gatnaşygyňyzy bildiriň. Siziň pikiriňizçe, döwletleriň arasynda hemişe uly we kiçi uruşlar bolmagynyň sebäbi näme?

## ADAM HUKUKLARY ÄHLUMUMY DEKLARASIÝASY

Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy — 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň üçünji sessiýasynda 217 A (III) rezolýusiýasy bilen kabul edilen we BMG agza ähli döwletler üçin hödürlenen.

Deklarasiýanyň teksti hemme adamlara degişli hukuklary global anyklap beren birinji resminamadyr. Ol 30 maddadan ybarat bolup, ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky halkara pakt, şonuň ýaly-da Raýatlyk we syýasy hukuklar baradaky halkara pakt hem-de iki Fakultatiw Beýannama bilen Adam hukuklary baradaky halkara billiň bir bölegi hasaplanýar. 1950-nji ýylda Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy kabul edilenligi şanyna BMG Adam hukuklary gününi belledi. Ol 10-njy dekabrda bellenýär.

## ÇAGALAR HUKUKLARYNY GORAMAK BOÝUNÇA BMG IŞI

BMG-nyň ýanynda ÝUNESKO (BMG-nyň Tälim, ylym we medeniýet meseleleri bilen meşgullanýan guramasy), HZG (Halkara zähmet guramasy), BSSG (Bütindünýä saglygy saklaýyş guramasy) we başga halkara guramalar amal edýär, olaryň işi adamzadyň global meselelerini çözmäge gönükdirilen.

1946-njy ýyldan başlap BMG çäginde, şonuň ýaly-da, BMG Çagalar Fondy (ÝUNISEF) hem amal edýär. Ol ýurtlara adatdan daşary ýagdaýlarda kömekleşýär, şonuň ýaly-da birlenji lukmançylyk-sanitar kömek etmek, arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, gerekli sanitar şertleri döretmek bilen meşgullanýar, çagalaryň we aýallaryň iýmitlenişine we tälim alşyna gözegçilik edýär.

ÝUNISEF işeňňirligi sebäpli her ýyl 3 milliondan artyk çaganyň durmuşy saklanyp galynýar.

1959-njy ýylda BMG Baş Assambleýasy Çagalar hukuklary deklarasiýasyny kabul etdi. Onuň maksady bagtly çagalygy üpjün etmek, çagalaryň hukuklaryndan we azatlyklaryndan olaryň özleri we jemgyýet bähbitlerinde peýdalanmakdan ybarat bolup, ähli döwletler we bähbitli şahslary çagalara berlen hukuklary ykrar etmäge we olara amal etmäge çagyrdy.

1979-njy ýylda BMG tarapyndan Halkara çaga ýyly diýip yglan edildi. Çaga hukuklary şonuň ýaly-da 1989-njy ýylyň 20-nji ýanwaryndaky Çaga hukuklary baradaky Konwensiýada hem berkidilen. Onda döwletler tarapyndan 18 ýaşyna dolmadyk şahslar üçin elementar hukuklar üpjün edilmegi nazarda tutulan:

— öz maşgalasynda ýaşamak hukugy;
— ýeterli iýmitlenmek we arassa suw bilen üpjünçilik hukugy;
— amatly ýaşaýyş derejesine eýe bolmak hukugy;
— saglygyny saklamak hukugy;
— aýratyn gamhorlyk we mahsus professional taýýarlyk almak hukugy;
— öz dilinde gepleşmek, öz dininden we medeniýetinden peýdalanmak hukugy;
— oýunlar we şadyýan çärelerde gatnaşmak hukugy;
— erkin tälim almak hukugy;
— öz saglygyny goramak hukugy;
— rehimsizlik, kemsitme we adalatsyz gatnaşykda bolmakdan goralmak hukugy;
— öz pikirini erkin bildirmek, öz nukdaý nazarlaryny ýüze çykarmak üçin ýaşytdaşlary bilen duşuşmak hukugy.

Özbegistan hem 1989-njy ýylda Çagalar hukuklary baradaky Konwensiýa gol çekdi, oňa görä alnan borçlary amala aşyrmak maksadynda «Sagdyn nesil üçin» fondy döredildi.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. BMG haçan we näme maksatda döredildi?
2. Dawalary çözmekde BMG-a agza döwletler nähili prinsiplere esaslanyp iş alyp barýarlar?
3. BMG-nyň esasy guramalaryny we olaryň wezipelerini sanap geçiň.
4. Döwletleriň arasyndaky dawaly meseleleri çözmekde BMG Halkara sudy nähili orun tutýar?

## 4-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY RAÝATLYGY

### RAÝATLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY

Raýatlyk instituty her bir suweren döwlet üçin mejbury hasaplanýar. **Raýatlyk** fiziki şahslar bilen döwletiň arasynda berkarar syýasy-hukuk aragatnaşyklaryň bardygyny aňladýar. Raýatlyk şahsyň hukuk ýagdaýyny kanun taýdan kadalaşdyrýar we onuň degişli hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär.

Ýöne raýatlyk derejesi her bir adama berilmeýär, çünki ýurtda ýaşaýan hemme adamlar hem onuň raýatlary hasaplanmaýar.

Başga döwletlerde bolşy ýaly, Özbegistanda hem belli bir ýaşaýyş halatlaryndan gelip çykyp, wagtlaýyn ýa-da hemişelik ýaşaýan Özbegistanyň raýaty bolmadyk adamlar köp tapylýar. Bu taýpa daşary ýurt raýatlary hem-de başga döwletiň raýatydygyny subut edip bilmeýän raýatlygy bolmadyk şahslar girýär.

Ýöne Özbegistanyň raýaty bolmasalar-da, bu şahslar onuň kanunlaryna amal etmeli, Konstitusiýada, kanunlarda we halkara şertnamalarda kesgitlenen borçlary ýerine ýetirmelidirler.

### ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLYGY BARADAKY KANUN

«Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy barada»ky Kanun 1992-nji ýylyň 2-nji iýulunda kabul edilen. Özbegistan Respublikasynyň raýatlyk baradaky kanunlary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy esasynda kabul edilen şu Kanundan we Özbegistan Respublikasynyň şu Kanuna laýyklykda çykarylýan başga kanun resminamalaryndan ybaratdyr.

Özbegistan Respublikasynda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslaryň hukuklary we azatlyklary halkara hukuk normalaryna laýyklykda üpjün edilýär. Olar adam hukuklary ugrundaky her bir adama görä ykrar edilen halkara resminamalar tarapyndan ykrar edilen hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar.

Diňe döwlet raýatlaryna degişli bolan adatdan daşary hukuklar muňa degişli däl. Özbegistan raýatlaryndan tapawutlylykda daşary ýurtly raýatlar saýlamak hukugyndan peýdalanyp bilmeýärler, deputatlar ýa-da senatorlar hökmünde saýlanmaga we armiýada gulluk etmäge hakly däl. Bu ähli döwletlerde ykrar edilen amalyýet bolup, beýle çäklendirmeler kemsitme çäreleri hasaplanmaýar.






Özbegistan Respublikasynda ýurtda ýaşaýan ähli adamlar üçin ýeke-täk raýatlyk kesgitlenen bolup, olaryň deňligi Konstitusiýa derejesinde kesgitlenen. Bu prinsipe görä ähli raýatlar kanun öňünde deňdirler. Sosial halaty, jynsy ýa-da milli gelip çykyşyna, genderlik baglylygyna, diline, dinine ýa-da syýasy ynanjyna seretmezden hiç zat raýatlaryň deňligine täsir edip bilmeýär. Raýatlar deň hukuklylygynyň bozulmagy konstitusional hukuklara we azatlyklara garşy jenaýat diýlip ykrar edilýär we Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat kodeksine (141-nji maddasy) laýyklykda jenaýat-hukuk jogapkärlige çekilýär. Özbegistanda iki raýatlyk ykrar edilmeýär.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLYGYNY ALMAK

«Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy barada»ky Kanunda raýatlygy almagyň birnäçe esasy getirilen:

— doglanlygy boýunça;
— Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyny almagy netijesinde;
— Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalarynda nazarda tutulan esaslara görä;
— «Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy barada»ky Kanunda nazarda tutulan başga ýagdaýlarda.

Çaganyň dogulmagy doglan döwletiniň raýatlygyny öz-özünden almak üçin tebigy esas bolup hyzmat edýär. Çaga Özbegistanyň çäginde ýa-da ondan daşarda doglanyna seretmezden, eger onuň ata-enesi Özbegistanyň raýatlary bolsalar, ol öz-özünden onuň raýatlygyny alýar. Eger ata-enesinden biri Özbegistanyň raýaty bolmasa-da, çaga onuň raýatlygyny almaga hakly. Ata-enesi aparteid bolup, olar hemişelik Özbegistanyň çäginde ýaşasasalar-da, çaga Özbegistanyň raýatlygyny alýar. Hatda ata-enesi kimligi nätanyş bolan tagdyrda-da çaga öz-özünden raýatlyga eýe bolýar.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLYGYNYŇ BES EDILMEGI

Özbegistanyň raýatlygynyň bes edilmegine aşakdakylar esas bolýar:

— döwlet raýatlygyndan çykmak;

— raýatlygyň ýitirilmegi netijesinde;

Özbegistan halkara şertnamalarynda nazarda tutan başga esaslara görä.

## RAÝATLYKDAN ÇYKMAGY GADAGAN ETMEK

Haýyşnama bilen ýüzlenen şahs jenaýat jogapkärlige çekilen ýa-da oňa görä ýerine ýetirilýän sud hökmi güýje giren ýagdaýlarda raýatlykdan çykmaga ýol berilmeýär.

Raýatlykdan çykmagy Özbegistanyň döwlet howpsuzlygy bähbitlerine ters bolan tagdyrda hem şeýle haýyşnama ret edilýär.

## RAÝATLYGY ÝITIRMEK ÜÇIN AÝRATYN ESASLAR

Kanunda şonuň ýaly-da raýatlykdan çykmagyň aýratyn esaslary getirilen. Şeýle esaslara aşakdakylar girýär:

— şahs daşary ýurtda harby gulluga, howpsuzlyk gullugy edaralaryna, polisiýa, adalat edaralaryna ýa-da döwlet häkimiýeti we dolandyryşyň başga edaralaryna işe girenligi netijesinde;

— eger daşary ýurtda hemişelik ýaşaýan şahs üç ýylyň içinde esasly sebäplersiz konsullyk hasabyna durmadyk bolsa;

— eger Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy ýalanlygy şek-şübhesiz maglumatlar ýa-da galp resminamalar tabşyrmak netijesinde alnan bolsa;

— eger şahs daşary ýurduň peýdasyny gözläp iş ýöretmegi ýa-da parahatçylyga we howpsuzlyga garşy jenaýatlar etmek arkaly jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine uly zyýan ýetiren, şonuň ýaly-da, terrorçylyk guramalarynda gatnaşan bolsa;

— eger şahs daşary ýurduň raýatlygyny alan bolsa.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Siziň pikiriňizçe, näme üçin islendik suweren döwletde raýatlyk mejbury hasaplanýar?
2. Raýatlyk düşünjesine kesgitleme beriň.
3. Ýurtda ýaşaýan, emma onuň raýatlygyny almadyk adamlar nähili hukuklara we borçnamalara eýe?
4. Nähili ýagdaýlarda raýatlykdan çykmak gadagan edilýär?

# 5-§. ADAM HUKUKLARYNY WE AZATLYKLARYNY GORAMAK MEHANIZMI

## ADAM HUKUKLARYNY GORAMAGA DEGIŞLI HALKARA HUKUK RESMINAMALARY

Halkara bileleşige giren Özbegistan Respublikasy ýurtda adam hukuklaryny we azatlyklaryny pugtalandyrmaga işeňňir kömek bermek, milli kanunlary adam hukuklary ugrundaky halkara standartlara laýyklaşdyrmak borjuny özüne aldy.

Häzirki zaman halkara bileleşigi adamyň tebigy hukuklary taglymyny hukuk normasy resminamalary derejesinde berkidilen. Olaryň içinde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy aýratyn orunda durýar. Deklarasiýada bu günki günde her bir adam jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda eýe bolmaly bolan hukuklaryň we azatlyklaryň minämel göwrümi getirilen.

Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy esasynda ýerine ýetirilmegi hökman bolan ençeme resminamalar işlenip taýýarlanan. Olar Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasynyň ähli diýen ýaly düzgünnamalaryna anyklyk girizdiler we olary ösdürdiler hem-de adam hukuklaryny goraýan mälim halkara serişdeleri döretdiler. Meselem, Fakultatiw beýannama aýratyn raýatlara hukuklary bozulýanlygyndan BMG ýanyndaky maslahat organy — Adam hukuklary boýunça komitete şikaýat etmek mümkinçiligini berdi.

Deklarasiýa, iki ylalaşyk we fakultatiw beýannama BMG-nyň umumy, hukuk gerimi derejesi boýunça uniwersal resminamalardyr we olar Adam hukuklary Hartiýasyny düzýär. Köplenç ol Adam hukuklary barada halkara bill diýip atlandyrylýar.






Adam hukuklary we esasy azatlyklaryny goramak barada Ýewropa konwensiýasy (1950-nji ý.) we öz içine raýatlyk hem-de syýasy, şonuň ýaly-da käbir sosial-ykdysady hukuklary alan Konwensiýa goşmaça beýannamalar Ýewropa Geňeşiniň öňdebaryjy resminamalaryna öwrüldiler.

Olaryň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek üçin ýörite mehanizmler — Ýewropa komissiýasy we Adam hukuklary boýunça Ýewropa sudy döredildi. Komissiýa we Sud raýatlaryň hukuklary bozulmagy bilen bagly şikaýatlara seredýärler. Şikaýatyň hakykatdygy anyklansa, Sud tarapyndan her bir döwlet ýerine ýetirmegi hökman bolan karar çykarylýar.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KANUNÇYLYGYNDA ADAM WE RAÝATLARYŇ GORALYŞY

Döwlet garaşsyzlygyny gazanansoň, Özbegistan adam hukuklaryny goramak milli mehanizmini hem döredip, ony basgançaklaýyn pugtalandyrýar.

Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň döwlet içerki mehanizminiň esasy bogunlary aşakdakylardyr:

- adalatly sud etmegi amala aşyrýan sud organlary;
- kanunlaryň anyk ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän we adamyň azatlyklaryny we hukuklaryny goraýan prokuratura organlary;
- kanun bozmalaryň çäklendirilmegi we adam hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek boýunça borçlary ýerine ýetirýän içeri işler organlary.

Ýurtda adam hukuklary boýunça goşmaça milli edaralar hem döredilen. Olara:

- Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Adam hukuklary boýunça Wekili (Ombudsman);

Adam hukuklary boýunça Özbegistan Respublikasynyň Milli merkezi;

- Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Amaldaky kanun resminamalary monitoringi instituty;
- Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Telekeçilik subýektleriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak boýunça wekili instituty girýär.

# DAŞARY ÝURTLY RAÝATLARYŇ WE RAÝATLYGY BOLMADYK ŞAHSLARYŇ HUKUKLARY

**Raýatlygy bolmadyk şahslar** — hiç bir döwletiň raýaty derejesine eýe bolmadyk şahsy taraplar (apatrid) diýilýär. Raýatlygy bolmadyk şahslar doly hukukly raýatlar hasaplanmasa-da, şu şahslar olary kabul eden ýurduň amaldaky kanunlaryna boýun egmelidirler. Raýatlygy bolmadyk şahslar ähli adam hukuklaryna eýedirler, ýöne doly hukukly raýatlaryň esasy ýeňillik hukuklaryndan mahrumdyrlar. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 22-nji maddasynda Özbegistan Respublikasy öz çäginde-de, onuň daşarsynda-da öz raýatlaryny hukuk taýdan goramagy we olara howandarlyk etmegi kepillendirilen.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 23-nji maddasyna görä, Özbegistan Respublikasynyň çägindäki daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk şahslaryň hukuklary we azatlyklary halkara hukuk normalaryna laýyklykda üpjün edilýär. Şunuň bilen birlikde, olar Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, kanunlary we halkara şertnamalary bilen kesgitlenilen borçlaryny berjaý edýärler.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy haçan kabul edilen we onuň mazmuny nämeden ybarat?
2. Adam hukuklary ählumumy deklarasiýasy esasynda adam hukuklary boýunça nähili resminamalar işlenip taýýarlanan?
3. Adam hukuklary boýunça nähili resminamalar Ýewropa Geňeşinde öňdebaryjy hasaplanýar?
4. Ýewropa komissiýasy we Ýewropa sudy näme maksatda düzülen?
5. Özbegistan Respublikasynyň adam hukuklary we azatlyklary boýunça içki döwlet mehanizminiň bogunlaryny sanap geçiň.
6. Özbegistan Respublikasyndaky adam hukuklaryny goramak boýunça nähili goşmaça milli edaralary bilýärsiňiz?
7. Daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk şahslar nähili hukuklara we borçlara eýe?

# II BÖLÜM. KONSTITUSION HUKUK ESASLARY

## 6-§. DÖWLETDE KANUNYŇ ILERI TUTULMAGY










### ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASY — ÝURDUŇ ESASY KANUNY

Konstitusiýa her bir döwletiň esasy kanuny. Onuň normalary döwlet gurluşyny, dolandyryşyny guramak ugurlaryny we şahs–jemgyýet–döwlet gatnaşyklaryny tertibe salýar.

Konstitusiýada berkidilen düzgünler ýuridik esasy emele getirýär, oňa daýanmak bilen hukugyň başga ähli pudaklary — raýatlyk, maliýe, jenaýat, zähmet we başgalaryň normalary döredilýär. Ähli normatiw-hukuk resminama (kanunlar, permanlar, kararlar we başgalar) Konstitusiýa esaslanýar. Ol ähli kanun resminamalarynyň esasy çeşmesi hasaplanýar.

Konstitusiýada ähli hereketdäki kanunlaryň esasyny düzýän taglymlar we düzgünnamalar berkidilen. Her bir döwletiň hukuk ulgamynda Konstitusiýanyň ileri tutulmagy hut şunuň bilen kesgitlenilýär.

Konstitusiýanyň öňdebaryjy orny şunda hem görünýär, ýagny bu döwletiň raýatlary bilen bilelikde döwletiň özi-de oňa amal etmäge mejbur. Hukuk we döwletiň diňe şeýle deň ölçegliliginde jemgyýetde Konstitusiýa we kanunlaryň amaly ýerine ýetirilişi üpjün edilýär.

**1-nji ýumuş.**

Siz günüň dowamynda kanun bilen näçe gezek gabat gelýändigiňize gözegçilik etjek boluň. Soň her bir kanunyň täsirini ara alyp maslahatlaşyň. Olar her biriňiz üçin näçe peýdalydygyny düşündirip beriň.

Adam bütin durmuşy dowamynda kanuna gönüden-göni bagly bolýar. Adam samolýotda uçanda, öý satyn alanda, maşyn sürende, öýlenende, okanda ýa-da işlände — şular ýaly hemme ýagdaýlarda ol ýa-da bu kanunlara işi düşýär.

**Hukuk** — döwlet tarapyndan ornaşdyrylan we ol tarapyndan goralýan hemmeler üçin mejbury bolan özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň ulgamy.

**2-nji ýumuş.**

«Towşan» bolup (biletsiz) barýan ýolagçyny, haýsy-da bolsa bir adamy uran huligany ýa-da swetoforyň ýanyp-öçmesine üns bermezden barýan sürüjini nähili netijeler garaşýandygyny göz öňüne getiriň. Sanap geçilen ýagdaýlaryň hemmesinde adamlar dürlüçe hereket edýär, ýöne olaryň hemmesi belli bir kanuny netijeler bilen bagly.

**Ýokardaky halatlardky kanun bozmalary nähili hukuk netijeler garaşýandygyny anyklaň.**

**Hukuk döwleti** — hukugyň ileri tutulmagy hem-de sud özbaşdaklygy üpjün edilýän, adam hukuklary we azatlyklary kepillendirilýän, döwlet häkimiýetiniň ulgamy – häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetine bölünmek prinsipi esasynda amala aşyrylýan döwlet.

**3-nji ýumuş.**

1. Näme diýip oýlaýarsyňyz, türkmen halk nakyllary bilen hukuk normalarynyň arasynda nähili baglylyk bar?
   - «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň».
   - «Zorlugyň soňy — horluk».
   - «Ynsana bela dilinden geler».
   - «Aç garnym, dynç gulagym».
   - «Bagtla älem gülüp bakar».
   - «Dokluk meslik getir, meslik – peslik».
   - «Horluk ölümden ýaman».
   - «Ogry ogurlap ýola düşer,<br>Ahyry baryp ele düşer».
   - «Ýamana ýaran bolma,<br>Bolsaň işiň terse çeker».
2. Ähli sosial normalar üçin nähili alamat umumy alamat hasaplanýar? Hukuk adamlaryň hereketlerine nähili täsir edýär?

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Hukuk düşünjesine kesgitleme beriň.
2. Hukuk normalary adamlaryň arasynda umumkabul edilen nähili gatnaşyklary tertibe salýar?
3. Umumynsany gymmatlyklar we özara gatnaşyklar normalary hukukda nähili şöhlelenýär we berkidilýär?
4. Näme üçin hukuk adamy öz azatlyklaryny çäklendirmäge mejbur edýär?
5. «Hukuk döwleti» düşünjesine kesgitleme beriň.










## 7-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSION GURLUŞYNYŇ ESASLARY

### KONSTITUSION GURLUŞYŇ DÜZÜMI

Konstitusion hukuk ugry her bir ýurduň milli hukuk ugrunyň düzüm bölegidir. Ol döwlet we jemgyýet durmuşynyň möhüm taraplary, esasy jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamy hasaplanýar. Şu jemgyýetçilik gatnaşyklary, öz gezeginde jemgyýet durmuşynyň syýasy, ykdysady, sosial, medeni we ruhy ugurlarynda ýüze çykýar.

Şunuň bilen birlikde, şu jemgyýetçilik gatnaşyklary amalda jemgyýetiň durmuşyny ýola goýmak, döwlet häkimiýetini amala aşyrmak, başga sosial häkimiýetleriň statusyny kesgitlemek, şonuň ýaly-da adam we raýatlaryň hukuklary, azatlyklary hem-de borçlary bilen gönüden-göni bagly. Bir söz

bilen aýdanda, adamyň, raýatyň, jemgyýetiň we döwletiň durmuşy bilen bagly iň esasy jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamy konstitusion hukugyň esasy hasaplanýar we hut şu gatnaşyklaryň esasynda konstitusion gurluşyň esaslary emele gelýär, şekillenýär we ösýär.

Ýurdumyz milli hukuk ulgamynda Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşy diýip giň manyda Konstitusiýa we kanunlar esasynda gurlan, umumynsany gymmatlyklary ileri tutýan halkymyzyň durmuş ýörelgeleri düşünilýär.

Konstitusiýa we kanunlaryň ileri tutulmagy, olarda adam hukuklarynyň we azatlygynyň iň ýokary gymmatlyk hökmünde pugtalanmagy, halkara hukugyň umum ykrar edilen normalarynyň ykrar edilmegi ýaly düzgünler bu günki günde konstitusionalizmiň esasy hökmünde garalýar.

Konstitusion hukuk milli hukuk ulgamynda köp hukuk şahalaryndan biri hasaplanýar. Ýöne nygtamak gerek, hukuk ylmynda «konstitusion hukuk» adalgasy dürli manylarda ulanylýar. Bir tarapdan, bu hukugyň anyk bir pudagy, munda «konstitusion hukuk» hukugyň ençeme dürli-dürli pudaklaryndan biri hökmünde gatnaşýar. Ikinji tarapdan, bu adalga «konstitusion hukugyň» ýuridik ylmyň düzüm bölegi hökmündäki mazmunyny açyp berýär. Üçünjiden bolsa bu adalganyň astynda okuw mekdeplerinde öwrenilýän okuw predmeti düşünilýär.

Hukugyň pudagy hökmünde konstitusion hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Ylym hökmünde döwlet gurluşy, şahs we raýatyň hukuk derejesi, döwletiň işi, gurluşyny we başgalary öwrenýär. Okuw predmeti hökmünde bolsa medeni aň-bilim wezipesini ýerine ýetirýär we ugurda toplanan bilimleri ýaýradýar.

## KONSTITUSION GURLUŞ WE KONSTITUSION PRINSIPLER

Konstitusion gurluşyň many-mazmunyna aň ýetirmekde Konstitusiýa tarapyndan ornaşdyrylan prinsipler saldamly ähmiýete eýedir. Konstitusion hukuk ulgamynyň esasy hasaplanýan prinsipleriň ähmiýeti, ilki bilen, olaryň esasynda umumynsany gymmatlyklaryň ýatýanlygy, halkara umum ykrar edilen düzgünleriň ileri tutulmagy esasynda döredilenligi we olar öz gezeginde milli hukuk ul-

gamynyň esasi bolup hyzmat edýändigi bilen aňladylýar.

Konstitusion prinsipleriň ähmiýetli tarapy ýene şunda görünýär, ýagny şu prinsipler şahs, jemgyýet we döwlet gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlaryny, iň ähmiýetli taraplaryny özünde jemleýär. Ýekeje “döwlet gurluşy” ýa-da “konstitusion gurluş” diýip aňladylýan konstitusion düşünjeleri ulanmakda haýsy bähbitler öňe sürülýändigini aňmak kyn däl. Eger-de “döwlet gurluşy” düşünjesiniň esasynda döwlet bähbitleri ýa-da döwlet häkimiýetiniň ileri tutulmagy ýaly taglymlar jemlenen bolsa, “konstitusion gurluş” düşünjesi esasan, konstitusion düzgünleriň ileri tutulmagy, ýagny Konstitusiýa prinsipleriniň amaly beýanyny ýüze çykarýar we şu arkaly konstitusion-hukuk gatnaşygy goralýandygyna köpräk aň ýetirilýär.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy anyk işlenip taýýarlanan gurluşy bilen tapawutlanýar. Onuň struktura bölümlerine Giriş, 6 bölüm, 26 bap we 128 madda girýär. Konstitusiýamyzyň giriş böleginde — Özbegistanyň halky adam hukuklaryna we döwlet suwereniteti taglymlaryna wepalylygyny dabaraly ýagdaýda yglan edip, ynsanperwer demokratik hukuk döwletini gurmak wezipezini nazarda tutýandygy görkezilen.

Birinji bölümiň normalarynda döwlet suwereniteti, halk häkimiýetçiligi, konstitusiýanyň we kanunyň ileri tutulmagy daşary syýasatyň esasy prinsipleri hökmünde ýazylan.

Ikinji bölümiň normalary adamlaryň we raýatlaryň esasy hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny kadalaşdyrýar.

Üçünji bölümiň normalary jemgyýet we şahs gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryny açyp berýär.

Dördünji bölümiň normalary döwletimiziň dolandyryş-çäk we döwlet gurluşyny kesgitleýär.

Döwlet häkimiýetiniň guralmagy bäşinji bölümiň normalarynda düzgünleşdirilýär.

Konstitusiýa özgerdiş girizmegiň tertibi altynjy bölümiň normalarynda görkezilýär.

## KONSTITUSION GURLUŞ WE HUKUK TERTIBI

Her bir döwletde konstitusion gurluşyň kepili bolup, hukugyň we tertibiň barlygy hyzmat edýär. Aslynda-da bu iki düşünje bir-biriniň bolmagyny talap edýär. Konstitusion gurluşyň düzüminden hukuk-tertip hem orun tutýar we öz ornunda konstitusion gurluşyň amalda bolmagyny üpjün edýär.



Döwlet raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda berkidilen hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün edýär.

***Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy, 43-nji madda***

Her bir şahsa öz hukuklaryny we azatlyklaryny sud arkaly goramak, döwlet organlary, wezipeli şahslar, jemgyýetçilik birleşmeleriniň bikanun hereketleriniň üstünden suda şikaýat etmek hukugy kepillendirilýär.

***Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy, 44-nji madda***

Konstitusion gurluşyň goralmagy we durnuklylygy döwlet häkimiýetiniň işining netijeli ýola goýulmagy bilen gönüden-göni baglydyr. Döwlet häkimiýeti öz işini äşgär, halky habardar edip durmak arkaly amala aşyrmalydyr.



Döwlet jemgyýetçilik birleşmeleriniň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine amal edilmegini üpjün edýär, olara jemgyýetçilik durmuşynda gatnaşmak üçin deň hukuk mümkinçiliklerini döredip berýär.

Döwlet organlarynyň we wezipeli şahslaryň jemgyýetçilik birleşmeleriniň işine gatyşmagyna, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik birleşmeleriniň döwlet organlarynyň we wezipeli şahslaryň işine gatyşmagyna ýol berilmeýär.

***Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy, 58-nji madda***



**1-nji ýumuş.**

Alnan bilimlerden peýdalanyp, aşakdaky belgileri ulanmak bilen kiçi hekaýa düzüň.



Gulçulykdan goramak.



Agyr zähmetden goramak.



Rehimsizlikden goramak.



Üns, söýgi almak hukugy.



Saýlamak hukugy.



Ululara we bire-birege gamhorlyk.



Ýer ýüzündäki ähli adamlar deň hukukly.



Ýaşaýyş jaý, dynç alyş, iýmitlenme hukugy.



Horlukdan gorag.



Ata-eneden aýyrmakdan gorag.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Konstitusion hukuk nähili manylarda ulanylýar?
2. Konstitusion hukuk ylym hökmünde nähili hyzmat edýär?
3. Okuw predmeti hökmünde konstitusion hukuk nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Konstitusion hukugyň başga hukuk pudaklarynyň arasyndaky öňdebaryjy orny nämede görünýär?
5. Konstitusiýamyzyň giriş bölüminiň esasy maksadyny aýdyň.
6. Konstitusiýanyň normalary döwletimizde hukuk tertibi nähili kesgitläp berýär?

# 8-§. YNSANPERWERLIK PRINSIPI ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSION GURLUŞYNYŇ ESASY









## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNDA ADAM HUKUKLARYNYŇ WE AZATLYKLARYNYŇ KESGITLENIŞI

Konstitusiýa raýatlaryň olar nirede bolmaklaryna seretmezden kanun tarapyndan kepillenen döwlet goragyndadyklaryny tassyklaýar. Mundan daşary, Esasy kanunda jemgyýetiň ýaşaýyş ugurlaryndan gelip çykyp, hukuklar we azatlyklar paýlanandyr.

Şahs we döwlet gatnaşyklary diňe bir her bir milli hukuk ulgamy däl, eýsem halkara hukugyň hem iň möhüm obýekti hasaplanyp, şu gatnaşyklary adamkärçilik ölçegleri esasynda guramak her bir jemgyýetiň we döwletiň üstüne uly jogapkärligi ýükleýär.

Ynsanperwerlik prinsipi, respublikamyzdaky ähli raýatlaryň umumy esasda deň hukuklardan peýdalanýandyklaryny we deň borçlara eýediklerini aňladýar.

Konstitusiýamyz adamyň azatlygy we şahsy eldegrilmesizligi hukuklaryny berk kesgitlemek bilen çäklenmän, onuň mertebesini we abraýyny hem goraýar.

Raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi ýurduň gülläp ösmegine esas döredýär we demokratik döwlet gurluşynyň kepili bolup hyzmat edýär. Konstitusiýa adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bütewi ulgamydyr.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň 1-nji awgustyndaky Permanyna görä 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap ýurdumyzda ölüm jezasy ýatyryldy.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy halkara bileleşik ykrar eden ynsanperwerlik prinsipine görä, esasy kanunymyz adam bagty üçin hyzmat edýär, adam hak-hukuklarynyň we azatlyklarynyň ileri tutulmagyny üpjün edýär. Bu bolsa halkara hukugyň umumykrar edilen, umumjahan möçberinde ykrar edilen ähli möhüm düzgünlerine we prinsiplerine doly laýyk gelýär.

## HALK HÄKIMIÝETÇILIGI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesidir. *Demos (grekçe)* – halk, *kratos* – dolandyryş diýen manyny aňladýar. Diýmek, demokratiýa – halkyň erk-isleglerini aňladýar. Demokratiýa – adamyň döwlet işlerini çözmekde gizlin ses bermek arkaly ýa-da başga görnüşde gönüden-göni gatnaşmagydyr. Wekillik demokratiýasy diýip adamyň döwlet işlerini çözmekde özi saýlan wekilleri, ýagny deputatlar arkaly gatnaşmagyna aýdylýar. Şonuň üçin hem Özbegistanyň halkynyň adyndan diňe ol saýlan Respublikanyň Aly Mejlisi we Prezidenti iş alyp barmaga haklydyr.

Gönüden-göni demokratiýanyň görnüşleri halk suwerenitetini anyk beýany hökmünde meýdana çykýar. Döwlet we başga sosial häkimiýetler gytaklaýyn şekilde, ýagny görnüşde halkyň erkine hyzmat etse, gönüden-göni demokra-

tiýanyň görnüşleri, ýagny referendum we halk ara alyp maslahatlaşmasy ýaly syýasy çäreler halk häkimiýetçiliginiň esasy hasaplanýar.



Halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesidir.

Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýeti diňe halkyň bähbitlerini gözläp we Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy hem-de onuň esasynda kabul edilen kanunlar ygtyýarlyk beren edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Konstitusiýada nazarda tutulmadyk tertipde döwlet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny özleşdirmek, häkimiýt edaralarynyň işini togtadyp goýmak ýa-da ýatyrmak, häkimiýetiň täze we parallel düzümlerini düzmek Konstitusiýa ters hasaplanýar we kanuna görä jogapkärlige çekmäge esas bolýar.

***Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy, 7-nji madda***

Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýetiniň işi adam hukuklaryny goramak, üpjün etmek we kepillendirmekden ybarat bolup, mazmun taýdan täze konstitusion gurluş döretmek babatda amala aşyrylan ähli özgertmeler esasynda “Özgertmeler – özgertmek üçin däl, ilki bilen adam üçin, onuň bähbitleri üçin” diýip aýdylýan durmuş şygarlar bardy. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda berkidilen normalar ýokarda getirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin esas bolýar.

## RAÝATLARYŇ SYÝASY HUKUKLARY

Raýatlaryň hukuklary we azatlyklary ulgamynda syýasy hukuklary aýratyn orun eýeleýär, çünki bu hukuklar raýatlaryň döwleti we jemgyýetçilik işleri dolandyrmagyndaky gatnaşygy bilen baglydyr.

Syýasy hukuklar we azatlyklar diýlende adamlaryň gönüden-göni syýasy bähbitlerine degişli hukuklar düşünilýär. Syýasy hukuklar şahsyň syýasy prosesini we döwlet häkimiýetini amala aşyrmakda gatnaşmak mümkinçiliklerini aňladýar. Syýasy hukuklar we azatlyklar döwlet raýatlygyna eýe bolmagy bilen baglydyr. Raýatlaryň döwlet işlerini dolandyrmakda, döwlet häkimiýeti organlary we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlaryny saýlaw ýoly bilen şekillendirmekde gatnaşmak hukugy iň möhüm syýasy hukuklardan biri hasaplanýar.

Raýatlaryň döwlet we jemgyýet işlerini dolandyrmakda gatnaşmak hukugy

demokratik hukuk döwletiniň möhüm prinsiplerinden biridir. Konstitusiýada halkyň döwlet we jemgyýet işlerini dolandyrmakda gatnaşmagyny amala aşyrmagyň görnüşleri beýan edilen. Özbegistanyň raýatlary ýokary we ýerli wekillik organlaryna saýlaýan öz wekilleri arkaly döwlet häkimiýetini dolandyrmakda gatnaşýarlar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda raýatlara syýasy partiýalara we jemgyýetçilik birleşmelerine birleşmek hukugyny Konstitusiýa we kanunlara ters bolmadyk ýagdaýlarda amala aşyrmaklary mümkinligi kesgitlenen. Ygtyýarly organlara arza, teklip we şikaýatlar bilen ýüzlenmek – bu raýatlaryň döwlet we jemgyýet işlerini dolandyrmakda gatnaşmagynyň amaly görnüşlerinden biri bolup, bu hukuk – raýatlaryň syýasy işeňňirligini ýüze çykarmagynyň, şonuň ýaly-da özleriniň hukuklaryny goramagyň möhüm serişdelerinden biri.



Raýatlaryň ýüzlenmeleri mazmunyna görä üç görnüşde bolýar:
– teklip;
– arza;
– şikaýat.

Raýatlaryň ýüzlenmeleri, nähili görnüşde, ýagny arza, şikaýat ýa-da teklip görnüşinde bolmagyna seretmezden, olar resmileşdirilýär.

## RAÝATLARYŇ KONSTITUSION BORÇLARY WE BORÇNAMALARY

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy diňe bir raýatlaryň esasy hukuklaryny, we azatlyklaryny däl, eýsem olaryň borçlaryny hem kesgitleýär.

Jemgyýetçilik durmuşy şeýle düzülen, ýagny adam absolýut azatlykdan peýdalanyp bilmeýär. Çünki jemgyýetde ýaşamak bilen, töwerekdäki adamlary hasaba alman alajy ýok. Başga şahslaryň bähbitlerine ters ulanylan azatlyk şu şahslara belli bir zyýan ýetirýär. Hut şonuň üçin Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 20-nji maddasynda: «Raýatlar öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyranda başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitlerine, hukuklaryna we azatlyklaryna putur ýetirmeli däldigi» aýratyn nygtalan. 47-nji madda görä bolsa: «Ähli raýatlar Konstitusiýada kesgitlenen borçlary ýerine ýetirýärler».

**1-nji ýumuş.**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň raýatlar borçlary baradaky maddalaryny üns berip okaň we näme üçin hut şu borçlar Konstitusiýa girizilendigi barada netije çykaryň.

**48-nji madda.** Raýatlar Konstitusiýa we kanunlara amal etmäge, başga adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, mertebesini we gadyr-gymmatyny hormat etmäge mejburdyrlar.

**49-njy madda.** Raýatlar Özbegistanyň halkynyň taryhy, ruhy we medeni mirasyny aýawly saklamaga mejburdyrlar. Medeniýet ýadygärlikleri döwlet goragyndadyr.

**50-nji madda.** Raýatlar daşky tebigy gurşawa ätiýaçly gatnaşykda bolmaga mejburdyrlar.

**51-nji madda.** Raýatlar kanun bilen kesgitlenen salgytlary we ýerli ýygymlary tölemäge mejburdyrlar.

***Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy.***

**2-nji ýumuş.**

Konstitusiýanyň 19-njy maddasynyň amalda nähili ýerine ýetirilýändigini mysallarda görkeziň: «Özbegistan Respublikasynyň raýaty we döwlet bir-birine görä bolan hukuklary we borçlary bilen özara baglydyrlar. Raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda berkidilen hukuklary we azatlyklary eldegrilmezdir, olardan suduň karary bolmasa mahrum etmäge ýa-da olary çäklendirip goýmaga hiç kim hakly däl».

**Bilimleriňizi synaň!**

1. «Döwletde adam iň ýokary gymmatlykdyr» hikmetine nähili düşünýärsiňiz?
2. Hukuk normasy nämä hyzmat edýär?
3. Hukuk nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Şahsyň konstitusion derejesiniň esaslaryny nähili prinsipler düzýär?
5. Raýatlaryň konstitusion borçlary sanap geçiň.

# III BÖLÜM. ADMINISTRATIW HUKUK ESASLARY





## 9-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA ADMINISTRATIW HUKUK

### ADMINISTRATIW HUKUK ULGAMY WE ÇEŞMELERI

**Administratiw hukuk** – döwlet dolandyryşynda emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen kadalaşdyrylýan hukuk ugrudyr. Bu ilki bilen subýektleriň gündelik hojalyk, sosial-ykdysady, medeni we administratiw syýasy işleri netijesinde ýüze çykýan dolandyryş gatnaşyklardyr.

Administratiw hukuk ulgamy – administratiw hukuk normalaryny we institutlaryny birleşdirýär.

Administratiw hukuk aşakdaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar:

— guramaçylyk taýdan biri ikinjisine boýun egýän döwlet organlary (Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, ministrlikler, komitetler, häkimlikler);

— bir-birine boýun egmeýän döwlet edaralary;

— döwlet dolandyryş organlary olara boýun egýän kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň arasyndaky gatnaşyklar;

— döwlet dolandyryş organlarynyň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň arasyndaky gatnaşyklar;

— döwlet dolandyryş organlary bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklar.



**Administratiw hukuk** – hukuk ulgamynyň garaşsyz şahasy hökmünde döwlet dolandyryşyny guramak we amala aşyrmak prosesinde emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk normalarynyň ýygyndysyndan ybarat.

Administratiw hukuk normalary örän köpdürlüdir. Olara durmuşdaky hereketler, tebigaty goramak, suwdan peýdalanmak normalary, ýangyndan saklamak düzgünleri, transportdaky howpsuzlyk normalary we başga köp zatlar girýär. Bu düzgünleriň hemmesi hökman berjaý edilmelidir.

| № | Prinsip | Mazmuny |
|---|---|---|
| 1 | **Kanunyylyk** | Döwlet, onuň edaralary, wezipeli şahslar, raýatlaryň jemgyýetçilik birleşmeleri öz işini Konstitusiýa we kanunlara laýyklykda amala aşyrmaly. |
| 2 | **Raýatlaryň kanunyň öňünde deň hukuklylygy** | Özbegistan Respublikasynyň ähli raýatlary birmeňzeş hukuga we azatlyga eýedirler hem-de kanunyň öňünde deň hukuklydyrlar. |
| 3 | **Demokratiýa** | Raýatlaryň jemgyýetçilik we döwlet işlerini dolandyrmakda gatnaşmak mümkinçiliklerini we hukuklaryny aňladýar. |
| 4 | **Gumanizm (ynsan-perwerlik)** | Adamyň iň ýokary gadyr-gymmatyny ykrar etmek we onuň at-abraýyny hem-de eldegrilmesiz hukugyny we azatlygyny hormat etmekdir. |
| 5 | **Adalat** | Adamyň şahsyna, onuň jynsyna, milletine we sosial gelip çykyşyna seretmezden, halys we akgöwünli gatnaşykda bolmak. |
| 6 | **Günä üçin jogapkärligiň gutulgysyzlygy** | Administratiw kanun bozan hiç bir şahs jogapkärlige çekilmezden galmaýar. |

Administratiw hukuk çeşmelerine:
- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy;
- Konstitusion kanunlar;
- Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalarynyň kararlary;
- Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlary we kararlary;
- Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň kararlary, ministrlikleriň, döwlet komitetleriniň we edaralarynyň görkezmeleri, düzgünnamalary;
- ýerli döwlet häkimiýeti organlarynyň kararlary girýär.

## ADMINISTRATIW HUKUK SUBÝEKTLERI

Administratiw hukuk sosial pudagyň dürli ugurlaryny düzgünleşdirýän döwlet hökümet organlarynyň işi bilen aýrylmaz bagly. Jemgyýetiň durmuşy dolandyrmaga mätäç, çünki senagat hem, oba hojalygy-da, medeniýet we magaryf hem öz-özünden ösmeýär.

Prezident, döwlet dolandyryş organlarynyň gullukçylary, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň wezipeli şahslary we gullukçylary, 16 ýaşyna dolan Özbegistan Respublikasynyň raýatlary, daşary ýurtlular we raýatlygy bolmadyk şahslar, jemgyýetçilik birleşmeleri administratiw hukuk subýektleri hasaplanýar.





 

Döwlet häkimiýetiniň ýokary edarasy — Aly Mejlis we Senat nähili kanun kabul etse-de (harby borçlulyk, tälim ulgamyny özgertmek, bilelikdäki kärhanalar, kärende ýa-da enelik we çagalygy goramak we başgalar), olaryň her biri amala aşyrylmalydyr. Döwlet dolandyryşynyň ýerli we merkezi edaralary munuň üçin şertleri döredýär. Döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralaryna Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, Garagalpagystan Respublikasynyň Ministrler Geňeşi, Özbegistan Respublikasynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň ministrlikleri, döwlet komitetleri girýär.

Olaryň her biri ykdysadyýetiň, medeniýetiň aýratyn pudaklaryny dolandyrýar. Meselem, Içeri işler ministrligi ýurtda hukuk-tertibi üpjün etmek bilen bagly meseleleri çözýär, Halk bilimi ministrligi bolsa tälim edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýär we başgalar.

Ýerli häkimiýet edaralaryna häkimiň baştutanlygyndaky häkimlikler girýär, olar welaýatda, şäherde ýa-da tümende ýerine ýetiriji we ýolbaşçylyk etme häkimiýeti bolup, gündelik edilmeli işleri ýerine ýetirýär.

Sosial meseleleri çözmekde jemgyýetçilik guramalary hem gatnaşýar. Ýerli meseleleri çözmekde öz-özüňi dolandyryş ýerli edaralar, meselem, raýatlar ýygnaklary we aksakgallar, kärdeşler bileleşigi komitetleri we başgalar uly ähmiýete eýe. Olar öz wezipelerini meýletinlik esasynda ýerine ýetirýärler. Jemgyýetçilik guramalarynyň kararlary diňe ine şu gurama girýän raýatlar üçin mejburydyr.

**1-nji ýumuş.**

Özüňiz ýaşaýan mähelle komitetleriniň işi bilen tanşyp, olaryň iş aýratynlygy barada maglumat taýýarlaň. Olar näme bilen meşgullanýarlar? Olaryň jemgyýet durmuşyndaky roly nähili?

**2-nji ýumuş.**

**Aşakdaky ýagdaýlara serediň.**

**1-nji ýagdaý.**

Ulugbek: — Men ýakynda 18 ýaşa dolýaryn, meni harby gulluga çagyrmaklary mümkin. Men lukmançylyk institutyna okuwa girmekçi. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin harby gulluga çagyrylyş möhleti uzaldyp berilýärmi?

**Haýsy edarada Ulugbeke möhletleýin harby gulluga çagyrylyş tertibini dogry düşündirip bererler?**

**2-nji ýagdaý.**

Sewara, 18 ýaşynda: — Meniň Germaniýada joram bar. Men ony Özbegistana myhmançylyga çagyrmakçydym, ýöne çakylygy nähili resmileşdirmelidigini bilmeýärin. Maňa nirede kömek etmekleri mümkin?

**Ol maslahat almak üçin döwlet dolandyryşynyň haýsy edarasyna ýüzlenmeli?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Administratiw hukugyň esasy wezipesini aýdyň.
2. Administratiw hukuk subýektlerini sanap beriň.
3. Administratiw hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salmakda haýsy prinsiplere amal edýär?
4. Jemgyýetçilik birleşmeleri sosial meseleleri çözmekde nähili orun tutýar?

## 10-§. ADMINISTRATIW KANUN BOZMA WE ADMINISTRATIW JOGAPKÄRLIK

### ADMINISTRATIW JOGAPKÄRLIK BARADAKY KANUN RESMINAMALARY

Hukukşynaslyk ylmynda jezanyň gutulgysyzlygy aýdylan. Bu zat islendik kanun bozma hukuk jogapkärlik bilen baglanyşyklydygyny aňladýar. Şonuň üçin hukugyň her bir ugry, şol sanda administratiw hukuk hem bellenilen düzgünleri bozanlygy üçin kanuny jogapkärlik çärelerini nazarda tutýar.

Hukuk jogapkärligiň maksady diňe bir kanun bozmany duýdurmakdan we öňüni almakdan däl, eýsem adamy terbiýelemek, ony özüniň bikanun hereketiniň howpuna aň ýetirmegine kömek etmekden ybaratdyr.






Administratiw jogapkärlik baradaky Kodeksiň düzgünleri şu Kodekse girizilen kanun resminamalarynda kanun bozanlyk üçin jogapkärlik nazarda tutulan administratiw kanun bozmalara hem degişlidir.

### ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ADMINISTRATIW JOGAPKÄRLIK BARADAKY KODEKSI

Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksi Özbegistan Respublikasynyň 1994-nji ýylyň 22-nji sentýabryndaky Kanuny

bilen tassyklanan. Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň 1994-nji ýylyň 22-nji sentýabryndaky Karary bilen amala girizilen. Häzirki wagta çenli oňa ençeme özgerişler girizilen.

Administratiw jogapkärlik baradaky kanun resminamalary adam we jemgyýetiň eşreti ugrunda raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, emlägi, döwlet we jemgyýetçilik tertibini, tebigy gurşawy goramagy, sosial adalaty we kanunylygy üpjün etmegi, administratiw kanun bozmalar baradaky işleriň öz wagtynda we obýektiw seretmegini, şonuň ýaly-da şeýle kanun bozmalaryň öňüni almagy, raýatlary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna amal etmek ruhunda terbiýelemegi öz öňüne wezipe edip goýýar.



Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin şu Kodeks nähili hereket ýa-da hereketsizlik administratiw kanun bozma hasaplanýandygyny, administratiw kanun bozmany eden şahsa görä haýsy organ (wezipeli şahs) tarapyndan nähili tertipde nähili administratiw jeza ulanylyşyny we ýerine ýetirilişini kesgitleýär.

**Administratiw mejburlamak** — administratiw häkimiýeti amala aşyrmak boýunça mahsus ygtyýarlyklara eýe bolan ýerine ýetiriji organlary (wezipeli şahslar) tarapyndan guramaçylyk, fiziki we ruhy täsir etmek. Täsir etmek hukuk görkezmeleriň ýerine ýetirilişini üpjün etmek maksadynda amala aşyrylýar. Administratiw mejburlama diňe bir aýratyn şahslara däl, eýsem guramalara görä-de ulanylýar.

**Administratiw ýerliksiz hereket** — bu döwlet ýa-da jemgyýetçilik tertibine, emläge, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, dolandyryşyň bellenilen tertibine basyş edýän hukuga ters, günäli (bilkastdan ýa-da perwaýsyzlykdan edilen) hereket ýa-da hereketsizlik bolup, beýle etmişleri edenlik üçin kanunda administratiw jogapkärlik nazarda tutulan.

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Näme diýip oýlaýarsyňyz, ýuridik jogapkärlik kesgitlenende kanun çykaryjylar nähili esasy maksady gözleýärler?
2. Jezanyň gutulgysyzlygy prinsipiniň mazmuny nämede?
3. Administratiw jogapkärlik baradaky kanun resminamalarynyň esasy maksadyny aýdyň.
4. Nähili hereketler administratiw kanun bozma (ýerliksiz hereket) diýip ykrar edilýär?
5. Administratiw kanun bozma we administratiw mejburlama hukugy düşünjelerine kesgitleme beriň.

## 11-§. ADMINISTRATIW JEZA WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI

### ADMINISTRATIW JEZANY ANYKLAMAGYŇ HUKUK ESASLARY

Administratiw kanuny bozma edenlik üçin aşakdaky administratiw jeza çäreleri ulanylyp bilner:

1) jerime;
2) administratiw kanuny bozýan gural hasaplanýan ýa-da gönüden-göni şeýle zat bolan serişdäniň hakyny tölemek şerti bilen alyp goýmek;
3) administratiw kanuny bozmany etmek guraly hasaplanýan ýa-da gönüden-göni şeýle zat bolan serişdäni konfiskasiýa etmek;
4) belli bir şahsy oňa berlen mahsus hukukdan (transport serişdesini dolandyrmak hukugyndan, aw etmek hukugyndan) mahrum etmek;
5) administratiw tussag etmek.
6) daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk şahslary Özbegistan Respublikasynyň çäginden administratiw ýagdaýda çykaryp goýbermek.

Şu maddanyň birinji böleginiň 2-6-njy bentlerinde sanap geçilen administratiw jeza çäreleri diňe Özbegistan Respublikasynyň kanunlary bilen kesgitlenmegi mümkin.

Administratiw tussaga almak 3 sutkadan 15 sutka çenli möhlete, adatdan daşary ýagdaý tertibi şertinde bolsa, jemgyýetçilik tertibine hüjüm edenligi üçin — otuz sutka çenli möhlete ulanylýar.



**Administratiw jeza** — administratiw kanun bozma üçin jogapkärlige çekmek çäresi hasaplanýar. Ol administratiw kanuny bozan şahsy kanunlary berjaý etmek ruhunda terbiýelemek, şonuň ýaly-da ine şu kanun bozmany özi tarapyndan hem, başga şahslar tarapyndan hem täze kanun bozulmagynyň öňüni almak maksadynda ulanylýar.



**1-nji ýumuş.**

Siz näme diýip oýlaýarsyňyz, näme üçin aşakdaky düzgün bozmalar üçin administratiw jogapkärlik bellenilýär:

— metropolitenden peýdalanmak düzgünlerini;
— jemgyýetçilik transportyndan peýdalanmak düzgünlerini;
— transport serişdesi sürüjisi tarapyndan demir ýoly kesip geçmek düzgünlerini;
— şäherlerde we başga ilatly punktlarda it, pişik bakmagyň düzgünlerini;
— tokaýlarda ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini;
— taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak we olardan peýdalanmak düzgünlerini;
— ata-eneleriň çagalara tälim-terbiýe bermek boýunça borçlaryny;
— ýazyşma syr saklanmagy baradaky düzgünleri;

raýatlar ýaşaýyş jaý eldegrilmesizligi düzgünlerini?

**Administratiw jezanyň maksady:**

— administratiw kanuny bozan şahsy kanunlara amal etmek we olary hormat etmek ruhunda terbiýelemek;
— ine şu kanun bozujynyň özi tarapyndan hem, başga şahslar tarapyndan hem täze kanun bozma etmeginiň öňüni almak.

## JERIME SALMAK, ZADY ALYP GOÝMAK (KONFISKASIÝA ETMEK), MAHSUS ÝEŇILLIKLERDEN (HUKUKLARDAN) MAHRUM ETMEK TERTIBI

Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik baradaky kodeksiniň 332-nji maddasyna laýyklykda, jerime kanun bozujy tarapyndan oňa jerime salmak baradaky karar tabşyrylan günden başlap on bäş günden gijikdirmän, şeýle karar boýunça şikaýat berlen ýa-da protest bildirilen tagdyrda — şikaýat ýa-da protest kanagatlandyrylmanlygy barada habar berlen günden başlap on bäş günden gijikdirmezden tölenmelidir.

Mahsus awtomatlaşdyrylan foto we wideo alyjy tehniki serişdeleri arkaly bellik edilen ýol hereketi düzgünlerini bozanlyk üçin salynýan jerimäni düzgün bozujy jerime salmak baradaky karar çykarylan günden başlap altmyş günden gijikdirmezden, şeýle karar boýunça şikaýat berlen ýa-da protest bildirilen tagdyrda bolsa, şikaýat ýa-da protest kanagatlandyrylmanlygy barada habar berlen günden başlap otuz günden gijikdirmezden tölemeli.

On alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan şahslaryň özbaşdak iş haky bolmadyk tagdyrda, jerime olaryň ata-eneleri ýa-da olaryň ýerini tutýan şahslardan töledip alynýar.

Administratiw kanun bozulanlygy üçin salnan jerime düzgün bozujy tarapyndan degişli bank edarasyna tölenýär, kanun bozma edilen ýeriň özünde töledip alynýan jerime muň degişli däl.

Administratiw kanuny bozujy guraly ýa-da gönüden-göni şeýle serişde bolan zady konfiskasiýa etmek baradaky karar Özbegistan Respublikasynyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Sud kararlaryny ýerine ýetiriji, sudlaryň işini maddy-tehniki taýdan we maliýe taýdan üpjün edýän departamenti organlary sud ýerine ýetirijileri tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Transport serişdelerini sürüjileri we aw etmek düzgünlerini bozan şahslary mahsus hukukdan mahrum etmek barada karar çykarylan günden başlap şeýle hukukdan mahrum edilen diýip hasaplanýarlar.





**ADMINISTRATIW KANUN BOZMALAR BARADAKY IŞLERE:**

— administratiw we raýat işleri boýunça sudýalar;
— tümen merkezinden uzakda ýerleşýän şäherçe, oba we awul raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş edaralary ýanyndaky administratiw komissiýalar;
— kämillik ýaşyna ýetmedikler işleri bilen meşgullanýan tümen (şäher) komissiýalary;
— içeri işler edaralary;
— Goranmak ministrligi edaralary;
— Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuraturasynyň ýanyndaky mejbury ýerine ýetiriji Býuro organlary:
— döwlet ýangyn gözegçiligi edaralary we başgalar seredýärler.

**2-nji ýumuş.**

**Aşakdaky hereketlere seredip, olardan haýsy biri ýerliksiz hereket, haýsy biri jenaýatdygyny anyklaň:**

1. Ýetginjek otly golaýlaşanda demirýola iki tormoz başmagyny goýdy.
2. Iki ýetginjek geçip barýan otlynyň äpişgelerine daş atyp oýnaýardylar.
3. Ýetginjek mekdep ussahanasyndan şahsy zatlary ogurlady.
4. Mekdep okuwçylary öýüň diwaryna boýag sepip taşladylar we aýnany döwdüler.
5. Tizligi artdyryp barýan raýat A. adamy kakyp gitdi we oňa kömek etmezden gaýyp boldy.

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Administratiw hukuk nähili gatnaşyklary kadalaşdyrýar?
2. Şu hukuk ugry bilen haýsy prinsipler birigýär?
3. Siz döwlet dolandyryşynyň nähili merkezi we ýerli edaralaryny bilýärsiňiz?
4. Administratiw kanun bozmanyň mazmunyny düşündiriň.
5. Ýerliksiz hereket jenaýatdan näme bilen tapawutlanýar?
6. Administratiw kodeksde jezalaryň haýsylary nazarda tutulan?

# IV BÖLÜM. RAÝAT HUKUGY ESASLARY









## 12-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA RAÝAT HUKUGY

### ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASY RAÝAT HUKUGYNYŇ ESASY

Özbegistanda raýatlar hukuk gatnaşyklaryny döwletiň Esasy kanuny — Konstitusiýa, şonuň ýaly-da 1997-nji ýylyň 1-nji martyndan amala girizilen Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi tertibe salýar.

Biz her gün dürli emläk görnüşindäki hukuk gatnaşyklaryna girişýäris: dükanlarda söwda edýäris, sowgatlar alýarys, jemgyýetçilik transportynda ýöreýäris we başgalar. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bu ähli taýpalaryny haryt-pul şekli birleşdirýär: biz haryt ýa-da hyzmat üçin näçedir pul töleýäris. Beýle jemgyýetçilik gatnaşyklary raýatlyk hukugy bilen tertibe salynýar.

**Raýat hukugy** diýlende hukugyň normalary emläk hem-de onuň bilen bagly şahsy emläk däl gatnaşyklary (mertebäni we gadyr-gymmatyny goramagy) tertibe salýan ugry düşünilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň raýat hukugy çeşmelerine aşakdakylar girýär:**

— Konstitusiýa;
— Raýatlyk kodeksi;
— amaldaky kanunlar;
— kanun güýjüne eýe resminamalar (Prezidentiň Permanlary, Aly Mejlisiň kararlary, Ministrler Kabinetiniň buýruklary, ýerli häkimiýet resminamalary);
— Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalary;
— iş ýörediş prinsipleri (kanunlarda nazarda tutulmadyk hereketler), ýerli adatlar we däpler.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLYK KODEKSI

Raýatlyk kanun resminamalary raýatlyk gatnaşygy gatnaşyjylarynyň hukuk halatynyň, emläk hukugynyň we başga maddy hukuklaryň, intellektual iş netijelerine bolan hukuklaryň emele geliş esaslaryny hem-de olary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär, şertnama borçlary we özge borçlary, şeýle hem başga emläk hem-de onuň bilen bagly şahsy emläk däl gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

**Hukuk taryhyndan.** Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi Özbegistan Respublikasynyň 1995-nji ýylyň 21-nji dekabryndaky we 1996-njy ýylyň 29-njy awgustyndaky Kanuny bilen tassyklanan. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň 1996-njy ýylyň 29-njy awgustyndaky Karary bilen amala girizildi. 6 bölüm, 71 bap we 1199 maddadan ybarat. Häzirki wagta çenli ençeme özgertmeler girizilen.

## RAÝATLYK GATNAŞYKLARYNYŇ GATNAŞYJYLARY

Raýatlar, ýuridik şahslar, şonuň ýaly-da döwlet raýatlyk hukugy subýektleri hasaplanýar.

Hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň iki görnüşi bar:

— ýekebara;

— köpçülik.

Ýekebara subýektlere (şahsy taraplara):

— Özbegistan Respublikasynyň raýatlary;

— raýatlygy bolmadyk şahslar;

daşary ýurt raýatlary girýär.

Raýatlar (fiziki şahslar) diýlende Özbegistan Respublikasynyň raýatlary, başga döwletleriň raýatlary, şonuň ýaly-da raýatlygy bolmadyk şahslar düşünilýär. Munda raýatlygy bolmadyk şahslar we daşary ýurtly raýatlar Özbegistan Respublikasynyň raýatlary ýaly raýatlar hukuk gatnaşyklaryna girişmegi mümkin.



**Kanunda kesgitlenilýär:**

Raýatlaryň aşakdaky hukuklary bar:

— emläk hukugy esasynda emläge eýe bolmak;

— emlägi miras edip almak we wesýet edip galdyrmak;

— bankda gaznalara eýe bolmak;

— telekeçilik, dehqon (fermer) hojalygy bilen hem-de kanunda gadagan edilmedik başga işler bilen meşgullanmak;

— hakyna tutma zähmetden peýdalanmak;

— ýuridik şahslary guramak;

— ylalaşyklar düzmek we borçnamalarda gatnaşmak;

— ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyny talap etmek;

— işiň görnüşini we ýaşaýyş ýerini saýlamak;

— ylym, edebiýat we sungat eserleriniň, oýtapmanyň, kanun bilen goralýan başga akyl zähmetiniň netijeleriniň awtory bolmak.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 18-nji madda.**

Kollektiwiň subýektlerine ýuridik şahslar girizilýär. Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksinde ýuridik şahslaryň iki görnüşi bellik edilen:

— peýda almagy öz işiniň esasy maksady edinen täjirçi guramalar (doly we kommandit şereketler, çäklendirilen we goşmaça jogapkärçilikli jemgyýetler, paýdarlar jemgyýetleri, unitar kärhanalar we başgalar),

— peýda almagy öz işiniň esasy maksady edinmedik täjirçi däl guramalar (alyjylar kooperatiwleri, jemgyýetçilik birleşmeleri, fondlar, raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş edaralary we başgalar).

Raýatlyk hukugy subýekti hökmünde döwlet hukuk gatnaşyklarynyň başga gatnaşyjylary bilen birmeňzeş esaslarda iş alyp barýar. Munda, umumy düzgüne laýyklykda, döwlet we ol döreden ýuridik şahslar bir-birleriniň borçlary boýunça jogapkär bolmaýar.








**Kanunda kesgitlenilýär:**

Öz emläginde, hojalyk ýöretmekde ýa-da operatiw dolandyryşynda aýratyn emläge eýe bolan hem-de öz borçlary boýunça şu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk ýa-da şahsy emläk däl hukuklara eýe bolup bilýän we olary amala aşyryp bilýän, borçlary ýerine ýetirip bilýän, sudda dawagär we jogapkär bolup bilýän gurama **ýuridik şahs** hasaplanýar.

Ýuridik şahslar özbaşdak balansa ýa-da smeta eýe bolmalydyrlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 39-njy madda.**

## HUKUK UKYBY WE GATNAŞYK UKYBY

Hukugyy gatnaşyklary subýekti bolmak üçin şahslar hukuk ukybyna ýa-da gatnaşyk ukybyna eýe bolmalydyrlar.

**Hukuk ukyby** — raýatlaryň hukuklara we borçlara eýe bolmak ukyby. Raýatyň hukuk ukyby ol doglan wagtdan başlap emele gelýär we bütin durmuşy dowamynda saklanýar.

**Gatnaşyk ukyby** — şahslaryň öz hereketleri bilen hukuklary we borçlary ýetine ýetirmek ukyby. Bu ruhy we ýaş çäklendirmeleri bilen bagly.

**Gatnaşyk ukyby aşakdaky ýaly bolýar:**

— doly göwrümde (18 ýaşdan başlap);
— kämillik ýaşyna ýetmedikler (14 ýaşdan 18 ýaşa çenli);
— kiçi ýaşdaky kämillik ýaşyna ýetmedikler (7 ýaşdan 14 ýaşa çenli).

Raýatlyk kodeksine kämillik ýaşyna ýetmedikler emansipasiýasy düşünjesi girizildi. Latyn dilinden terjime edilende «emansipasiýa» sözi «tabynlykdan azatlyga çykmak, hukuklarda deňleşmek» manysyny aňladýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikler aşakdaky ýagdaýlarda doly ýuridik güýje eýe diýip ykrar edilýär:

— 16 ýaşa ýetenden soň;
— kämillik ýaşyna ýetmedik şahs tarapyndan zähmet şertnamasyny düzmek ýa-da telekeçilik işi ýöretmäge hem atasynyň, hem enesiniň razylygy alnanda.

14 ýaşyna ýetmedik (kämillik ýaşyna ýetmedik — kiçi ýaşdaky çagalar) maýda gündelik şertnamalary ýerine ýetirmäge (meselem, dükandan çörek satyn almak, şonuň ýaly-da ata-enesi ýa-da üçünji şahslardan alan pul serişdelerinden peýdalanmaga) hakly. Mundan daşary, kiçi ýaşdaky çagalar öwezsiz (tölegsiz) peýda görmäge gönükdirilen käbir şertnamalary (doglan günda sowgat etmek) amala aşyrmaklari mümkin. Kiçi ýaşdaky çagalar ýerine ýetiren ylalaşyklar üçin olaryň ata-enesi jogapkär bolýar.

14 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler şertnamalary öz ata-eneleriniň ýazma razylygy bilen düzmäge haklydyrlar. Olar özbaşdak ýagdaýda öz iş hakyna, stipendiýasyna, bankdaky amanatyna eýelik etmek, awtorlyk hukugyndan peýdalanmaga hakly.

Raýatyň gatnaşyga ukyplylygy diňe bir onuň ýaşyna däl (alty ýaşa çenli çagalar gatnaşyga ukypsyzdyr), eýsem ruhy saglygynyň ýagdaýyna-da baglydyr. Raýat öz hereketleriniň ähmiýetini düşünip bilmeýän ýa-da olary dolandyryp bilmeýän ruhy kesellik (akly gowşaklyk) raýaty gatnaşyga ukypsyz

hasaplamaga esas bolup, raýat, şonuň ýaly-da, öz hereketleriniň ähmiýetini düşünse-de, emmo olara erk edip bilmände-de gatnaşyga ukypsyz hasaplanmagy mümkin.

Raýat diňe sud tertibinde gatnaşyga ukypsyz diýip hasaplanmagy mümkin, bu bolsa onuň hukuklaryny kepillendirýär we goraýar. Raýat gatnaşyga ukypsyz diýip hasaplanandan soň beýle raýata hossarlyk bellenýär. Hossar gatnaşyga ukypsyz raýatyň kanuny wekili bolup, onuň hukuklaryny goraýar hem-de onuň adyndan ylalaşyklar we ýuridik ähmiýetli başga hereketleri amala aşyrýar. Eger-de raýat gatnaşyga ukypsyz diýip hasaplanmagyna sebäp bolan esaslar tassyklanmasa, sud sagalan raýaty gatnaşyga ukyply hasaplamak hem-de oňa bellenen hossarlygy ýatyrmak barada aýgytlaýjy karar çykarýar.

**Ýumuş.**

1. 13 ýaşly Şuhrat saz eserini döretdi. Ol awtor hasaplanýarmy? Onuň kanuny bähbitlerini kim berýär we goraýar?
2. 16 ýaşly Enwer ata-enesiniň ýazma razylygy bilen bir aýyň dowamynda terjimeçi bolup işledi. Işläp tapan puluna welosiped satyn aldy. Ol şeýle etmäge haklymy? Ata-enäniň arzasy bilen şeýle şertnamany ýatyrmak mümkinmi?

**1. Öňki meseläni goşmaça şert bilen çözüň: Enwer welosipedini goňşusynyň magnitofonyna çalyşmakçy boldy. Beýle çalyşmak üçin ata-enäniň razylygy hökmanmy?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Raýat hukugy nähili gatnaşyklary dolandyrýar?
2. Raýat hukugy ukybynyň gatnaşyk ukybyndan tapawudy nämede?
3. Ýuridik we fiziki şahslaryň arasyndaky tapawut nämede?
4. Ýuridik şahslar fiziki şahslar bilen hukuk gatnaşyklaryna girişmegi mümkinmi?
5. Döwlet ýuridik şahs hasaplanýarmy? Jogabyňyzy esaslandyryň.
6. Döwletiň üstüne nähili wezipeler ýüklenýär?
7. Döwlet fiziki ýa-da ýuridik şahs bilen aluw-satuw delilnamasyny düzmegi mümkinmi?

## 13-§. YLALAŞYKLARA GOÝLAN TALAPLAR WE WEKILLIK

### YLALAŞYKLARA GOÝLAN TALAPLAR, OLARYŇ GÖRNÜŞLERI WE ŞEKILLERI

Şahslar tarapyndan amala aşyrylýan hem-de raýatlyk hukugy bilen kesgitlenen hereketlere ylalaşyk diýilýär. Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksine laýyklykda ylalaşyklara aşakdaky talaplar goýulýar:

1. **Kanunyylyk**. Kanuna ters hereketler yzarlanyp jezalanýar. Mysal üçin, neşekeşlik serişdeleri we ýarag bilen söwda etmegi kanuny diýip bolmaýar.
2. **Taraplaryň ýeterli hukuk ukyby**. Ýada salyň, 18 ýaşa dolmadyk şahslar doly göwrümde öz hukuklaryny amala aşyrmagy we ýuridik borçlara eýe bolmagy mümkin däl. Diýmek, ylalaşyklar aglaba ýagdaýlarda gatnaşyga doly ukyply şahslar tarapyndan düzülýär.





3. **Meýletinlik**. Meýletinlik düzgüni gorkuzmak, ýaňlyşdyrmak, aldamak we zorluk bilen düzülen ylalaşyklary gadagan edýär.
4. **Şekile amal etmek**. Kanunlar bilen ylalaşyklaryň aşakdaky görnüşleri kesgitlenen: ýatdan, ýönekeý ýazma, notarial tassyklanan; olar kanunda görkezilen ýagdaýlarda ýa-da taraplardan biriniň talaby boýunça notarial tassyklanýar. Gozgalmaýan emläk gatnaşmagynda düzülen ylalaşyklar döwlet tarapyndan hasaba alynmalydyr.

Ylalaşyklar bir taraplaýyn (bu ýagdaýlarda diňe bir tarapyň islegi zerur bolýar — emlägi miras galdyrmak, sowgat etmek), iki taraplaýyn ýa-da köp taraplaýyn (şertnamalar) bolýar.



**Ylalaşyklar** diýip raýatlaryň we ýuridik şahslaryň raýatlyk hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemäge, özgertmäge ýa-da ýatyrmaga gönükdirilen hereketlerine aýdylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 101-nji madda**






## YLALAŞYKLARYŇ HAKYKY DÄLLIGI

Hakyky bolmadyk ylalaşyk hiç hili ýuridik netijelere getirmeýär. Ylalaşyk hakyky bolmanda taraplaryň her biri başgasyna ylalaşyk boýunça alan hemme zady gaýtaryp bermeli, alnan zady bolşy ýaly gaýtaryp bermek mümkin bolmanda bolsa, eger ylalaşyk hakyky dälliginiň başga netijeleri kanunda nazarda tutulan bolmasa, onuň bahasyny pul bilen tölemeli.

**Aşakdaky ýagdaýlarda ylalaşyklar hakyky däl diýip ykrar edilýär:**

— kanun talap edýän şekile amal etmezlik;
— kanun resminamalarynyň talaplaryna laýyk bolmadyk;
— on dört ýaşa dolmadyk şahs tarapyndan düzülen;
— on dört ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedik şahs tarapyndan onuň ata-enesi, perzentlige alýanlary ýa-da howandarynyň razylygysyz düzülen;
— gatnaşyga ukypsyz diýip hasaplanan raýat tarapyndan düzülen;
— gatnaşyk ukyby çäkli raýat tarapyndan düzülen;

— öz hereketleriniň ähmiýetini düşünip bilmeýän ýa-da olary dolandyryp bilmeýän raýat tarapyndan düzülen;
— ýaňlyşdyrma täsirinde düzülen;
— aldamak, zorluk, gorkuzmak, bir tarapyň wekiliniň ikinji tarap bilen ýaman niýetde ylalaşmagy ýa-da agyr halatlar ýüze çykmagy täsirinde düzülen, ikinji tarap bolsa mundan peýdalanyp galan (täsirli ylalaşyk);
— galp we aldamak üçin, ýuridik netijeler döretmek niýeti bolmadyk ýagdaýda, ýöne düzülen ylalaşyk (galp ylalaşyk);
— ýuridik şahs hukuk ukybyndan daşary çykýan, ýagny ýuridik şahs tarapyndan onuň ustaw maksatlaryna ters ýagdaýda düzülen ýa-da degişli işler bilen meşgullanmaga lisenziýasy bolmadyk ýuridik şahs tarapyndan düzülen.

## WEKILLIK ARKALY YLALAŞYK ŞEKLI

Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksinde (129-njy madda) ylalaşygyň özboluşly şekli — **wekillik ylalaşygy** bar, oňa görä ylalaşyk ynanç hatyna, kanuna, suduň kararyna ýa-da wekil edilen döwlet organynyň resminamasyna esaslandyrylan ygtyýarlyk bilen bir şahs (wekil) tarapyndan başga şahsyň (ygtyýarlyk beriji) adyndan düzülýär.

Öz häsiýetine görä diňe hut özi düzülmegi mümkin bolan ylalaşygy wekil arkaly düzmäge ýol berilmeýär. Gatnaşyga ukypsyz raýatlaryň adyndan ylalaşyklary olaryň ata-eneleri, perzentlige alýanlary we hossarlary düzýärler.

Ylalaşyklar şonuň ýaly-da ynanç haty boýunça düzülmegi-de mümkin. Bir şahs (ynam bildirýän) tarapyndan ikinji şahsa (ynamly wekile) üçünji şahslaryň öňünde wekillik etmek üçin berlen ýazma ygtyýarlyk ynanç haty hasaplanýar.

Ynanç haty ýönekeý ýazma şekilde ýa-da notarial şekilde resmileşdirilýär. Ynanç haty köpi bilen üç ýyl möhlete berilmegi mümkin. Eger ynanç hatynda möhlet görkezilen bolmasa, ol berlen günden başlap bir ýylyň dowamynda öz güýjüni saklaýar. Berlen güni görkezilmedik ynanç haty hakyky däl.

**Ýumuş.**

Aşakdaky meseleleri çözüň:

**1-nji ýagdaý.**

A. we M. özara jedel edýärler. Eger «Pagtakor» komandasy ýeňiji bolsa, A. özüniň motosiklini M.-e berýär, utulaýsa M. öz noutbukyny A-ga berýär diýip ylalaşyldy. A. jedelde utuldy, ýöne jedel edende öz hereketlerini oýlaman edendigini sebäp edip, motosikli bermekden boýun towlady.

**Şeýle ylalaşyk hukuk taýdan dogrumy? Ýok bolsa, sebäbini görkeziň.**

**2-nji ýag**daý.

M. 5 ýaşda. Ol surat çekmäge gyzyklanýar we owadan suratlary çekýär. Daşary ýurtly syýahatçylar onuň suratlaryndan birini satyn almak niýetini bildirdiler we bu mesele bilen oňa ýüzlendiler.

**M.-nyň ata-enesi näme etmeli?**

**3-nji ýag**daý.

Siz dostuňyza 5 müň somy 10 gün möhlete karzyna berdiňiz, ýöne ol puly gaýtarmak islemeýär.

**Kanun boýunça näme etmelidi?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Raýatlaryň we ýuridik şahslaryň nähili hereketleri ylalaşyk diýip hasaplanýar?
2. Nähili ýagdaýlarda ylalaşyklar hakyky däl diýip ykrar edilýär?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedikler nähili ylalaşyklary düzmekleri mümkinligini sanap geçiň.
4. Ylalaşyklar düzülende berjaý edilýän talaplary sanaň.
5. Ylalaşyk hakyky däl diýip hasaplananda taraplar nähili çemeleşmelidirler?

## 14-§. EMLÄK HUKUGY WE BAŞGA MADDY HUKUKLAR

### EMLÄK HUKUGYNYŇ KONSTITUSION ESASLARY

Daş töweregimizdäki zatlar — haýsy-da bolsa bir şahs eýelik edýän ýa-da peýdalanýan predmetleriň, zatlaryň, obýektleriň hemmesi emläk diýmekdir. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda (36-njy madda) her bir adamemläge eýe bolmak hukugy ýazylan.

**Emläk hukugy** mälim maddy baýlyklar fiziki ýa-da ýuridik şahslara, döwlete degişliligini berkidýän we goraýan hukuk normalary toplumyny öz içine alýar.

**1-nji ýumuş.**

Näme diýip oýlaýarsyňyz, nämeler şahsiy emläge mysal bolmagy mümkin?

Emläkden «**peýdalanmak**» «**ondan peýdaly häsiýetleri almak**» (netijäni almak, girdeji tapmak) diýmekdir.

Emläge «**eýelik etmek**» bolsa: ony satmak, çalyşmak ýa-da sowgat etmek hukugyna; özgertmek, ýagny häsiýetlerini gowulandyrmak ýa-da erbetleşdirmek hukugyna; emlägi ýok etmek hukugyna eýe bolmakdyr.

**2-nji ýumuş.**

1. Dostuňyzdan kompýuter syçanjygyny alyp durduňyz. Indi siz şu enjamyň eýesi hasaplanýarsyňyzmy?
2. Siz ofis açmak üçin mälim möhlete kärende şertnamasyny düzdüňiz, amalda bolsa onda maşgalaňyz bilen ýaşamak üçin peýdalanýarsyňyz. Şeýle etmäge hakyňyz barmy?
3. Siz firma bilen pagta ýygýan kombaýnlary kärendesine almak boýunça şertnama düzdüňiz. Wagty gelip ony satyp goýbermäge karar etdiňiz. Muňa hakyňyz barmy?

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA EMLÄK GÖRNÜŞLERI. EMLÄK HUKUGYNYŇ SUBÝEKTLERI WE OBÝEKTLERI

Özbegistan Respublikasynyň «Emläk barada»ky Kanunyna görä ýurdumyzda emläk hukugy eldegrilmezdir. Her bir adam emläge eýelik etmek hukugyna eýe. Özbegistan Respublikasynda ykdysadyýetiň netijeli amal etmegine we halk maddy hal-ýagdaýynyňýokarlanmagyna mümkinçilik döredýän islendik görnüşdäki eýeçilik bolmagyna rugsat edilýär. Eýeçiligiň hemme görnüşleri eldegrilmez bolmagyna we olaryň ösmegi üçin deň şert döredilmegini kanun kepillendirýär.





Emläk hukugy şahsyň özüne degişli emläge öz islegi bilen we öz bähbitlerini gözläp eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa hojaýynlyk etmek, şonuň ýaly-da özüniň emläk hukugyny, kim tarapyndan bolsa-da, islendik bozulmany aradan aýyrmagy talap etmek hukugyndan ybaratdyr. Emläk hukugy möhletsizdir.

Özbegistan Respublikasy mülkdara garaşly bolan emlägi saklamak we barha köpeltmek üçin ähli zerur şertleri döredýär. Emläge eýelik hukugy eldegrilmezdir, ony kanun goraýar.

Özbegistan Respublikasynda emläk hususy emläk we jemgyýetçilik emlägi görnüşlerinde bolýar. Munda hususy emläk subýektleri raýatlar hem-de döwlet däl ýuridik şahslaryň bolmagy mümkin, jemgyýetçilik emläk subýekti bolsa döwlet hasaplanýar.

**Emläk hukugynyň emele geliş esaslary** aşakdakylardan ybarat:

— zähmet işi;

— emläkden peýdalanmak ugrundaky telekeçilik we başga hojalyk işleri,

— şol sanda emlägi döretmek, köpeltmek, ylalaşyklar esasynda ele almak;

— döwlet emlägini hususylaşdyrmak;

— miras edip almak;
— eýelik etmek hukugyny emele getirýän möhlet;
— kanun resminamalaryna ters bolmadyk başga esaslar.

Emläk hukugy mülkdaryň islegine görä borçnamany ýetine ýetirmegi, mülkdaryň emläk tagdyryny çözýän bir taraplaýyn karar kabul etmegi, suduň karary esasynda emlägi alyp goýmak (satyn almak) ýoly bilen, şonuň ýaly-da emläk hukugyny ýatyrýan kanun resminamalaryna esasan ýatyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 197-nji madda.**

Emlägi ýok etmek (ýatyrmak) netijesinde emläk hukugyny ýatyrmaga kanunlara ters bolmadyk ýagdaýlarda rugsat edilýär.

Mülkdar tarapyndan taryhy ýa-da medeni baýlyk bolan emlägiň ýok edilmegine ýol berilmeýär. Aýratyn ýagdaýlarda suduň karary bilen şu emläk konfiskasiýa edilmegi ýa-da eger ol ýok edilen bolsa, onuň bahasyny töletmek mümkin.

Emlägi ýuridik şahsyň balans hasabyndan çykarmak netijesinde emläk hukugynyň ýatyrylmagy kanun resminamalarynda ýa-da düzüji resminamalarynda nazarda tutulan tertipde we şertlerde amala aşyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 198-nji madda.**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Emläk eýesi nähili hukuklara eýe?
2. «Peýdalanmak» we «eýelik etmek» düşünjeleriniň tapawudy nämede?
3. Özbegistanda nähili eýeçilik görnüşleri bar?
4. Hususy we jemgyýetçilik emlägine eýelik etmek hukugynyň subýektleri kim hasaplanýar?
5. Emläge eýelik etmek hukugynyň emele geliş şertlerini sanap geçiň.

# 15-§. RAÝAT-HUKUK ŞERTNAMALARYNYŇ ŞERTLERI

## RAÝAT-HUKUK ŞERTNAMALARYNY DÜZMEGIŇ ESASY ŞERTLERI

Raýat-hukuk şertnamalary durmuşymyzyň ähli ugurlarynda, şol sanda döwletara gatnaşyklarda hem giňden ulanylýar. Mysal üçin, raýatlar hukuk gatnaşyklaryny tertibe salmakda şertnamalar esas bolup hyzmat edýär. Fiziki we ýuridik şahslar olaýň gatnaşyjylary bolmagy mümkin.

Şertnama gatnaşyjylaryň arasynda her hili gatnaşyklary ýola goýmagyň netijeli şekli hasaplanýar. Ol taraplaryň özara gatnaşyklarynyň aýratynlyklaryny hasaba almak, her biriniň öz bähbitlerini ylalaşdyrmaga mümkinçilik berýär, şonuň ýaly-da gatnaşyjylara ýuridik kepiller berýär.



Iki ýa-da birnäçe şahsyň raýatlyk hukuklaryny we borçlaryny emele getirmek, özgertmek ýa-da ýatyrmak baradaky ylalaşyga şertnama diýilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 353-nji madda.**









**Raýat-hukuk şertnamasynyň esasy belgileri:**

- şertnama erkin esasda düzülýär;
- şertnama taraplary iki ýa-da ondan artyk şahs bolmagy mümkin;
- şertnamalarda taraplaryň bir-birine görä hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelmegi, özgerişi ýa-da ýatyrylmagy bellik edilýär;
- taraplar teklip eden ähli şertler boýunça ylalaşynalndan soň şertnama düzülen hasaplanýar.

Taraplar şertnama düzülmegi üçin ähli esasy şertleri öz içine alan teklipleri girizýär. Adatda **oferta** (latynça *offertus* teklip edilen) belli bir şahsa gönükdirilen bolýar. Näanyk şahslar toparyna gönükdirilen oferta köpçülikleýin diýip atlandyrylýar, meselem, gazetde awtomobil, kwartira, mebel we başgalary satmak barada çap edilen bildiriş.

Raýatlyk hukugynda kontragentiň şertnamany düzmek baradaky teklip bilen razylygy hat ýa-da telegramma, taýpogramma, faks, SMS we başga şekillerde aňladylýar. Soňluk bilen taraplar şertnamanyň şertlerini jikme-jik ylalaşýarlar.

## ŞERTNAMANY DÜZMEGIŇ ESASY DÜZGÜNLERI

Eger taraplaryň arasynda şertnamanyň ähli möhüm şertleri boýunça şeýle ýagdaýlarda talap edilýän şekilde ylalaşyk gazanylan bolsa, şertnama düzülen hasaplanýar. Şertnamanyň predmeti baradaky şertler, kanun resminamalarynda şeýle görnüşdäki şertnamalar üçin möhüm ýa-da zerur diýip hasaplanýan şertler, şonuň ýaly-da taraplardan biriniň arzasyna görä ylalaşylmaly bolan hemme şertler möhüm şertler hasaplanýar. Şertnama taraplardan biriniň **oferta** (şertnama düzmek barada teklip) ýollamagy we ikinji tarap ony **akseptlemegi** (teklibi kabul etmegi) ýoly bilen düzülýär.

Möhüm şertlere birinji nobatda şertnamanyň predmeti baradaky şertler girizilýär. Şertnamalar hut predmetine görä bir-birinden tapawutlandyrylýar. Meselem, aluw-satuw şertnamasy, alyş-çalyş şertnamasy, emläk kärendesi şertnamasy, pudrat şertnamasy we başgalar.

Şertnama taraplaryň ylalaşygy bolup hasaplanýandygy üçin, taraplar ýa-da olardan biri ol ýa-da bu meselede ylalaşyk gazanmak zerurlygyny talap etse, bu hem şertnamanyň möhüm şertini düzýär. Munda tarapyň beýan etmek şekli dilden hem, ýazma ýagdaýda hem bolmagy mümkin.

Oferta ýollan şahs onuň akseptini alan wagtynda şertnama düzülen hasaplanýar.

Eger kanuna laýyk şertnama düzmek üçin emlägi tabşyrmak hem zerur bolsa, şertnama degişli emläk tabşyrylan wagtdan başlap düzülen hasaplanýar.

Şertnamanyň ýerine ýetiriliş möhleti taraplar tarapyndan ylalaşylýar we şertnamanyň özünde bellik edilýär. Munda şertnamany ýetine ýetirmegiň möhletleri bozulsa, ulanylýan jeza çäreleri hem şertnama girizilmegi mümkin. Şertnama ýurduň kanunlaryna ters ýagdaýda düzülen bolsa ýa-da başga (ylalaşyk wagtynda ylalaşyp görkezilen) ýagdaýlarda hakyky däl diýip hasaplanmagy mümkin.



**1-nji ýumuş.**

Emläk aluw-satuwy, emlägi miras boýunça bermek, lotereýa biletini satyn almak, telewideniýe, radio we başgalardaky reklamada, auksionda gatnaşmak ylalaşyklary şertnama hasaplanýarmy?

**2-nji ýumuş.**

Pikirlenip, jogap beriň, ýurtda raýat-hukuk şertnamalarynyň kepilliniň ýerine ýetirilişi nähili şertlere bagly?



**1-nji ýagdaý.**

N. täjirçilik dükanyndan tylla sagat satyn aldy. Birnäçe günden soň R. onuň ýanyna gelip, sagat 3 aý öň ondan ogurlap gidilendigini aýtdy we gaýtaryp bermegini talap etdi. Subudy hökmünde sagadyň pasportyny we çekini görkezdi. N. R-dan dilhaty alyp, sagady oňa gaýtaryp berdi, ýöne bir aý geçensoň, hakykatdan hem R-dan edil şeýle sagady ogurlap giden ogrynyň ele düşendigini eşidýär.

**Düşünişmezlik bolandygy anyk. N. bu ýagdaýda nähili çemeleşmeli?**

**2-nji ýagdaý.**

Kwartira başga şäherde tälim alýan 18 we 20 ýaşly çagalaryň enesi, raýat N. emlägi hasaplanýar. Kwartirany raýat M-e satanda raýat N. öz hereketleri üçin ogullarynyň razylygyny almady.

**Onuň hereketleri hukuk taýdan dogrumy?**

## SOWGAT WE HAÝYR-YGSAN ŞERTNAMALARY

Şübhesiz, her birimiz Täze ýylda, doglan gün ýa-da adaty ata-enemiz sylag puly alandygy mynasybetli sowgat alandyrys. Sowgat almak hemmä-de ýakýar. Ýöne sowgat almak hem raýat hukugyna girýärmi? Elbetde! Munda sowgada eýelik etmek hukugy sowgat berijiden ony alyja geçýär, ahyryn.

Şonuň üçin sowgat şertnamasynyň predmeti hemişe anyk bellenilen diýmek mümkin. Munda gozgap bolýan we gozgalmaýan emläk gatnaşmagyndaky ylalaşyklar baradaky normalar sowgat şertnamasyna hem doly degişli bolýar.

Haýyr-ygsan şertnamasy sowgat şertnamasyna ýakyn durýar. Olaryň arasyndaky tapawut aşakdakylardyr:

— haýyr-ygsan hassahanalara, terbiýe edaralaryna, gaznalara, muzeýlere we başgalara umumpeýdaly maksatlarda amala aşyrylýar;
— haýyr-ygsany ýatyrmak mümkin däl;
— mirasdüşerlik baradaky normalar haýyr-ygsana ulanylmaýar.



**Haýyr-ygsan** — belli bir şahslar we guramalar tarapyndan öz islegi bilen ýerine ýetirilen mugt (tölegsiz) hereketdir.

## ALYŞ-ÇALYŞ (ÇALYŞMA) ŞERTNAMASY

Birnäçe asyr öň alyş-çalyş şertnamasy adaty ýagdaýdy. Häzir hem alyş-çalyş şertnamasy saklanyp galypdyr, ýöne belli bir sebäplere görä onuň mazmuny özgerdi: birinjiden, alyş-çalyş edilýän harytlaryň bahasy pul görnüşinde ölçelýär; ikinjiden, alyş-çalyş şertnamasyna görä laýyk aluw-satuw baradaky normalar ulanylýar.

Eger alyş-çalyş şertnamasynda başga şertler görkezilmedik bolsa, alyş-çalyş edilýän harytlar deň bahaly diýip takmyn edilýär. Tersine bolanda harytlaryň nyrhyndaky tapawut pul bilen öwezi dolunýar.

Alyş-çalyş şertnamasyna görä, taraplaryň arasynda bir emläk başgasyna alyş-çalyş edilýär.

Sagat, marka, ýagny gatnaşyjylar eýelik edýän ähli zatlary çalşyrmak alyş-çalyş şertnamasyna mysal bolýar. Alyş-çalyş şertnamasy güýje girenden soň her bir tarap berilýän emläk üçin eýelik hukugyny ýitirýär we alnan emläk üçin edil şeýle hukuga eýe bolýar.

**3-nji ýumuş.**

Nähili ýagdaýlarda alyş-çalyş şertnamasy kanuna laýyk amala aşyrylandygyny, nähili ýagdaýlarda bolsa raýatlyk kanunlary bozulandygyny görkeziň.

**1-nji ýagdaý.**

Alyş-çalyş şertnamasyna görä, Salim Ilhama 5 sany multfilm ýazylan disk berdi. Öz gezeginde Ilham Salime bir hepdeden soň wideoklipler ýazylan 5 sany disk bermegi wada etdi, ýöne bir aýdan soň we 5 sany däl, 4 sany disk berdi.

**2-nji ýagdaý.**

Alyş-çalyş şertnamasyna görä raýat H. 3 otagly kwartirasyny 4 otagly kwartira çalyşdy. Çalyşylandan soň 4 otagly kwartiranyň ýaşamak üçin ýaramsyzdygy mälim boldy.

**3-nji ýagdaý.**

Alyş-çalyş şertnamasyna görä 9 ýaşly Inobat we 7 ýaşly Dinara tylla şaý-seplerini çalşyrdylar.

**4-nji ýagdaý.**

Alyş-çalyş şertnamasyna görä «Turan» hususy firmasy «Matiz» kysymly awtomobilini bilelikdäki kärhana degişli «Damas» kysymly awtomobile çalyşdy. Alyş-çalyş şertnamasy ýazma görnüşde resmileşdirilmedi.

**Hyzmatlar boýunça (işleri ýerine ýetirmäge)**
**NUSGA ŞERTNAMA***

____________________ № ______ 200__ý. "____"___________
(şertnama düzülen ýer)

_____________________________________________________________
(fermer hojalygynyň ustawy)
esasynda hereket edýän, mundan beýläk «Hojalyk» diýlip atlandyrylyp

_____________________________________________________________
(fermer hojalygynyň ady)
adyndan fermer hojalygynyň başlygy______________________________
(F.A.A.A.)
bir tarapdan, we ______________________________________________
(ustaw, karar, ynanç haty)
esasynda hereket edýän, mundan beýläk «Ýerine ýetiriji» diýlip atlandyrylyp

_____________________________________________________________
(kärhananyň, guramanyň ady)
adyndan hereket edýän________________________________________
(wezipesi, F.A.A.A.)
ikinji tarapdan şu şertnamany aşakdakylar barada düzdüler:

## I. ŞERTNAMANYŇ MAZMUNY

1.1. Şu şertnama boýunça «Ýerine ýetiriji» «Hojalyga» hyzmatlar (mundan beýläk – «Hyzmatlar» diýip atlandyrylýar) eltip bermek, «Hojalyk» şu «Hyzmatlary» kabul etmek we bahasyny tölemek borjuny öz üstüne alýar. «Hyzmatlaryň» anyk görnüşleri, olaryň sany, hili we nyrhy, şonuň ýaly-da olary etmegiň möhletleri şu şertnamanyň düzüm bölegi hasaplanýan goşmaçda getirilýär.

## II. TARAPLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

2.1. «Hojalygyň» hukuklary:

— «Ýerine ýetirijiden» şertnamany ýetine ýetirmek üçin zerur bolan amaldaky döwlet standartlary we başga normatiw resminamalar bilen üpjün etmegi talap etmek;

— «Ýerine ýetirijiden» «Hyzmatlar» «Hojalygyň» hasabyna transportda daşalanda transport harajatlaryny tölemegi talap etmek;

— «Ýerine ýetirijiden» şu şertnama laýyk berilýän buýurmanama laýyk degişli hile eýe bolan «Hyzmatlar» edilmegini talap etmek;

— zerur hile eýe bolmadyk «Hyzmatlar» görkezilen tagdyrda öz saýlamagyna görä:

— zerur hile eýe bolmadyk «Hyzmatlar» şoňa meňzeş «Hyzmatlar» bilen çalşyrylmagyny;

— «Hyzmatlaryň» kemçilikleri mugt düzedilmegini ýa-da kemçilikler «Hojalyk» ýa-da üçünji şahslar tarapyndan düzedilende harajatlaryny tölemegi;

— bahasynyň deňölçegli ýagdaýda kemeldilmegini talap etmek;

— şertnama şertleri ýerine ýetirilmänligi ýa-da zerur derejede ýerine ýetirilmänligi netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy «Ýerine ýetirijiden» talap etmek.

2.2. «Hojalygyň» borçlary:

— öz buýurmanamasy boýunça görkezilen «Hyzmatlary» şu şertnama laýyk kabul etmek;

— «Hyzmatlara» şu şertnamanyň 3.1-nji bendinde görkezilen nyrh boýunça, kabul etmek-tabşyrmak delilnamasyna gol çekilen wagtdan başlap __günüň dowamynda hak tölemek.

2.3. «Ýerine ýetiriji» aşakdakylara mejbur:

— «Hojalyga» «Hyzmatlary» şu şertnama laýyk ýa-da «Hojalyk» tarapyndan şu şertnamanyň 4.8-nji bendinde nazarda tutulan tertipde berilýän onuň buýurmanamasyna laýyk möhletlerde, hilde we mukdarda görkezmek;

— eger «Hyzmatlar» görkezilen mahalynda «Ýerine ýetiriji» şertnamanyň şertlerinden we normatiwlerden çekinmäge ýol beren bolsa, «Hojalygyň» talaby bilen anyklanan ähli kemçilikleri __ gün möhletde mugt düzedip bermek.

## III. ŞERTNAMANYŇ BAHASY WE HASAP-HESIP TERTIBI

3.1. Şu şertnamanyň bahasy ________________________________

(summa sifrler we harplar bilen ýazylýar)

somy düzýär.

## IV. ŞERTNAMANYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

4.1. Şertnama şu şertnama we kanun resminamalarynyň şertlerine we talaplaryna laýyk zerur ýagdaýda ýerine ýetirilmelidir.

4.2. Şertnamanyň ýerine ýetirilişini bir taraplaýyn ret etmäge ýa-da şertnamanyň şertlerini bir taraplaýyn özgertmäge ýol berilmeýär, kanun resminamalarynda bellenilen ýagdaýlar muňa degişli däl.

## V. TARAPLARYŇ JOGAPKÄRLIGI

5.1. Görkezilýän «Hyzmatlaryň» hili, mukdary «Ýerine ýetiriji» tarapyndan nädogry anyklanmagy, olaryň bahasy nädogry bellenmegi we tölenilmegi ýagdaýlary anyklanan tagdyrda «Ýerine ýetiriji» görkezilýän «Hyzmatlaryň» hilini, şonuň ýaly-da olaryň mukdaryny hasaba alan ýagdaýda gaýtadan hasaplaýar, hasaplap çykylan şu summadan daşary hojalyga nädogry hasap-hesip edilen summanyň 20 göterimi mukdarynda jerime töleýär.

## VI. DAWALARY ÇÖZMEGIŇ TERTIBI

6.1. Düşünişmezlikler we dawaly meseleler gelip çykan tagdyrda, taraplar, düzgüne görä, özbaşdak ýagdaýda ýa-da tümen oba we suw hojalygy bölüminiň gatnaşmagynda olary suda çenli çözmek çärelerini görýärler.

## VII. ŞERTNAMANYŇ HEREKET EDÝÄN MÖHLETI

7.1. Şu şertnama şu şertnamanyň 8.4-nji bendine laýyklykda sanawdan geçirilen günden başlap güýje girýär we taraplar şu şertnama boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirýänçe amal edýär.

## VIII. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

8.1. Şu şertnama taraplaryň ylalaşygyna görä ýa-da başga tarap şertnama şertlerini gödek bozan tagdyrda, taraplardan biriniň talaby boýunça sud tertibinde ýatyrylmagy mümkin.

## IX. TARAPLARYŇ SALGYSY WE BANK REKWIZITLERI:

____________________ (goly) _____________________________ (F. A. A.A.)



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Raýat-hukuk şertnamasy bilen zähmet şertnamasynyň arasynda nähili umumylyk we tapawutlar bar?
2. Raýat-hukuk şertnama belgilerini aýdyň.
3. Raýatlaryň şahsy maddy däl hukuklaryny bozýan şahslardan ruhy zyýan ýetirenligi üçin kompensasiýa tölemek gerekmi? Fiziki we ahlak-ruhy azaplaryň möçberini ölçemek mümkinmi? Jogabyňyzy esaslandyryň.
4. «Şertnama», «ylalaşyk», «alyş-çalyş» düşünjeleriniň arasyndaky tapawudy anyklaň.
5. Nähili raýat-hukuk şertnamalayny bilýärsiňiz? Olaryň tapawudy nämeden ybarat?

# 16-§. SARP EDIJILERIŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

## SARP EDIJI

Haýsy-da bolsa bir harydy satyn alýan, şäher transporty hyzmatyndan peýdalanýan, teatra barýan we başgalary ýerine ýetirýän adam harytlar, hyzmatlar sarp edijisi hasaplanýar. Şeýdip, biz hemmämiz — sarp ediji hasaplanýarys, çünki her güni harytlary satyn alýarys hem-de dürli hyzmatlardan peýdalanýarys.



Aly Mejlis tarapyndan 1996-njy ýylyň 26-njy aprelinde kabul edilen Özbegistan Respublikasynyň «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak baradaky» Kanunynda sarp ediji şeýle kesgitlenýär.

**Sarp ediji** — peýda gazanmak bilen bagly bolmadyk ýagdaýda şahsy peýdalanýan ýa-da hususy hojalykda peýdalanmak maksadynda haryt satyn alýan, işe, hyzmata buýurma berýän ýa-da şu niýetde bolan raýat (fiziki şahs).

**«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanun, 1-nji madda.**

«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanun bazary sarp edijileriň, ýagny hemmämiziň bähbitlerimize boýun egdirmek maksadynda kabul edilen.



**1-nji ýumuş.**

Ýokarda aýdylan kesgitlemeden gelip çykyp, aşakdaky şahslar sarp edijilermi ýa-da ýokdugyny aýdyň:

— aýakgap satyn alan raýat;
— dükana giren raýat;
— Daşkentden Samarkanda syýahata barýan daşary ýurtly raýat;
— kwartirasyny abatlamak üçin hususy şahs bilen şertnama düzýän raýat;
— soňluk bilen satmak üçin harytlar toparyny satyn alýan raýat;
— soňluk bilen bazarda satmak üçin daýhandan uly mukdarda oba hojalyk önümlerini satyn alýan raýat.

## HARYT BARADA MAGLUMAT ALMAK HUKUGY

Ulanmanyň iň giň ýaýran ugurlaryndan biri — aluw-satuw mysalynda Özbegistan Respublikasynyň «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanunynda bellenilen düzgünleriň esasy toparlaryna garap geçýäris.

**Kassa çeki** — harydyň satyn alnandygyny ýa-da iş (hyzmat) haky tölenendigini tassyklaýan, harydyň (iş, hyzmatyň) bahasy, hak tölenen sene we kassa apparatynyň nomeri görkezilen resminama.

**Harydyň çeki** — harydyň satyn alnandygyny ýa-da iş (hyzmat) haky tölenenligini tassyklaýan, harydyň (iş, hyzmatyň) bahasy, hak tölenen sene hem-de satyjynyň ady we ýerleşýän menzili baradaky maglumat görkezilen resminama.

Kanuna laýyklykda («Harytlar baradaky maglumat» 6-njy maddasy) bu maglumaty satyjy hökman bermelidir. Harytlar baradaky maglumatlarda aşakdakylar görkezilýär:

— esasy iste‘mol aýratynlyklary;
— taýýarlanan senesi;
— öndürijiniň kepillik borçlary;
— hyzmat etmek (ýaramlylyk) möhleti;
— saklamak usuly hem-de düzgünleri;
– abatlamak-düzetmek işlerini ýerine ýetirýän we tehniki hyzmat görkezýän kärhanalaýň salgylary.

**Satyjy** — aluw-satuw şertnamasy boýunça sarp edijä haryt realizasiýa edýän kärhana, gurama, edara ýa-da hususy telekeçi.

## HARYDYŇ SERTIFIKATLAŞDYRYLANLYGY BARADAKY MAGLUMATY ALMAK HUKUGY

«Önümleri we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak barada»ky Kanuna laýyklykda sarp ediji üçin niýetlenen ähli önümler bahalanmaly we önümiň bellenilen talaplara laýyklygy tassyklanan tagdyrda mahsus resminama — laýyklyk sertifikaty berilmelidir. Munda sarp ediji satyjydan önüm sertifi-

katlaşdyrylanlygy barada maglumat almak hukugyna eýe. Şu belgi önümde ştrih-koduň ýanynda ýerleşen bolup, şu önüm adamlaryň durmuşy we saglygy hem-de onuň daşky gurşawy üçin howpsuzlyk talaplary standartlaryna jogap berýändigini aňladýar.



**«Laýyklyk sertifikaty»** — sertifikatlaşdyrylan önümiň bellenilen talaplara laýyklygyny tassyklaýan resminama.

**Öndüriji** — sarp edijä realizasiýa etmek üçin haryt öndürýän kärhana, gurama, edara ýa-da hususy telekeçi.

## SATYN ALNAN HARYDY ÇALŞYRMAK ÝA-DA GAÝTARMAK HUKUGY

Hili pes ýa-da nogsanly haryt satylan tagdyrda, sarp ediji öz islegine garap aşakdakylardan birini talap etmäge haklydyr:

— harydy hut şeýle kysymly (modelli, artikully) makul hilli haryda çalşyryp bermek;
— harydy başga kysymdaky (modelli, artikully) şeýle haryda çalçyryp, onuň satuw nyrhyny laýyk gaýtadan hasaplamak;
— satyn alyş nyrhyny nogsana laýyklykda kemeltmek;
— şertnamany ýatyryp, görlen zyýany tölemek.

Satyn alyş nyrhyny nogsana laýyklykda kemeltmek şuny aňladýar, ýagny eger siz käbir nogsany bolan ýazuw stoluny satyn alan bolsaňyz, satyjy bolsa ony çalşyryp berip bilmedik ýa-da nogsanlaryny düzedip bilmedik bolsa, siz şu nogsanlary bolany sebäpli satylýan zadyň nyrhyny peseltmäge haklysyňyz.

«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanuna laýyklykda hyrydar 7 günlük möhletde harydy edil şeýle haryda çaşyrmaga hakly. Eger haryt başga kysymly edil şeýle haryda çalşyrylýan bolsa, nyrhlaryň arasynda tapawut bolany üçin gaýtadan hasaplanmalydyr. Meselem, siz eneňize doglan gününe gara reňkli sumkajyk satyn aldyňyz, ýöne onuň geýmine gyrmyzy reňk sumkajyk laýyk gelýär. Bu ýagdaýda ony size gerek bolan sumkajyga çalşyryp bermekleri mümkin. Ýöne dükanda size zerur sumkajyk bolmasa, siz satyn alnan harydy gaýtaryp we oňa tölenen summany gaýdyp alyp bilersiňiz. Ýöne şuny hem ýatdan çykarmak bolmaýar, ýagny hyrydaryň harydy çalşyrmak ýa-da gaýtaryp bermek talaby diňe haryt ulanyşda bolmadyk, ähli häsiýetleri

we hili saklanan ýagdaýda hem-de ol hut şu satyjydan satyn alnandygy subut edilende (ýagny diňe dükanyň çeki bolanda) kanagatlandyrylýar.

## SARP EDIJILERIŇ BORÇLARY

Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksiniň 401-nji maddasyna laýyklykda, hyrydar çalşyrmagy talap etmäge ýa-da aluw-satuw şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun towlamaga haky bolan ýagdaýlardan daşary, oňa satyjy tarapyndan tabşyrylan harydy kabul etmelidir.

Hyrydar kanun resminamalaryna ýa-da aluw-satuw şertnamasyna ters ýagdaýda harydy kabul etmese ýa-da kabul etmekden boýun towlasa, satyjy şertnama şertlerini ýerine ýetirmekden boýun toowlamaga we çekilen zyýanyň öwezini dolmagy talap etmäge hakly.






**Hyrydaryň talaby bilen haryt täzesine nähili ýagdaýlarda çalşyryp berilmeli:**

**1-nji ýagdaý.**

Raýat planşet satyn aldy we gabyny açmady. Bir aýdan soň ony ýene-de gymmadyna çalşyryp bermeklerini sorady.

**2-nji ýagdaý.**

Raýat kepil möhleti 6 aýlyk fen satyn aldy. Fen nogsanly detaly bolany sebäpli 6,5 aýdan soň hatardan çykdy.

**3-nji ýagdaý.**

Raýat elektrik çäýnegini satyn aldy, 5 gün dowamynda ondan peýdalandy, soň bolsa dükandan ony jürlewükli çäýnege çalşyryp bermeklerini sorady.

**2-nji ýumuş.**

**Aşakda getirilen ýagdaý bilen tanşyň we satyjynyň hereketlerine baha beriň:**

Raýat T. dükandan dolanan rafinad gant paçkasyny satyn aldy. Ony öýde açanda gandyň ýerine gowy maýdalanmadyk duz eken. Hyrydar dükana gaýdyp, çeki we açylan paçkany görkezdi hem-de puluny gaýtaryp bermegini talap etdi. Ýöne satyjy bu dükanyň aýby däldigini aýdyp, puly gaýtaryp bermekden boýun towlady.

**Bu ýagdaýda satyjy sarp edijiniň hukugyny bozdumy? Eger şeýle bolsa, T. öz hukuklaryny nähili goramagy mümkin?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Kim sarp ediji hasaplanýar?
2. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanunyň esasy maksadyny aýdyň.
3. Haryt satyn alanlyk ýa-da iş (hyzmat) üçin hak tölenenligini tassyklaýan resminama nähili atlandyrylýar?
4. Harytlar baradaky maglumatda nämeleriň getirilmeli?
5. Kanuna görä kim satyjy hasaplanýar?
6. Laýyklyk sertifikaty nämäni tassyklaýar?
7. Hili pes ýa-da nogsany bolan haryt satyn alan sarp ediji nämäni talap etmäge hakly?

# 17-§. ÖNDÜRIJI TARAPYNDAN HARYDYŇ HILINE BERILÝÄN KEPIL






## HARYDYŇ ÝARAMLYLYK KEPILI WE MÖHLETI

Özbegistan Respublikasynyň «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanunyna laýyklykda uzak möhlet peýdalanylýan ähli görnüşdäki harytlara we hyzmatlara öndüriji (ýerine ýetiriji) kepil möhletini bellemelidir. Kepil möhleti haryt sarp edijä satylan ýa-da hyzmat görkezilen günden başlap hasaplanýar. Eger haryt satylan güni anyklamak mümkin bolmasa, bu möhlet haryt öndürilen günden başlap hasaplanýar.

Öndüriji (ýerine ýetiriji) kepil möhletiniň dowamynda harydyň (hyzmatyň), şol sanda, Ýygnalyjy zatlaryň normal işleýşini (ulanylyşyny, olardan peýdalanylyşyny) üpjün etmelidir. Ýygnalyjy zatlaryň kepil möhleti, eger kanun resminamalarynda başgaça düzgün bellenilmedik bolsa, esasy zadyň kepil möhletinden kem bolmaly däldir. Kepil möhleti harydyň (hyzmatyň) pasportynda ýa-da harydy satmak ýa-da hyzmat görkezmek wagtynda haryt bilen bilelikde sarp edijä berilýän başga resminamada görkezilýär.

Derman serişdeleri we lukmançylyk enjamlarynda, azyk we hojalyk himiýa harytlarynda olaryň öndürilen senesi, ýaramlylyk möhleti hem-de olary saklamak şertleri görkezilen bolmalydyr. Satyjylara öndürilen senesi we ýaramlylyk möhleti görkezilmedik ýa-da ýaramlylyk möhleti geçen harytlary kabul etmek hem-de realizasiýa etmek gadagan edilýär.

## HARYDY KABUL ETMEKDÄKI BORÇNAMALAR

Satyjy satyn alyja aluw-satuw şertnamasynyň abatlyk baradaky şertlerine laýyk bolan harydy tabşyrmalydyr. Aluw-satuw şertnamasynda harydyň abatlygy bellenilmedik ýagdaýlarda satyjy satyn alyja abatlygy iş gatnaşygy adatlary ýa-da adatda goýulýan başga talaplar bilen bellenilýän harydy bermelidir. Abat bolmadyk haryt tabşyrylan tagdyrda, satyn alyjy öz islegine görä satyjydan satylýan nyrhyny degişlilikde kemeltmegi, harydy real möhletde gurnamagy talap etmek hukugyna eýe.

Eger satyjy real möhletde satyn alyjynyň harydy gurnamak baradaky talabyny ýerine ýetirmese, satyn alyjy öz islegine görä gurnalmadyk harydy abat haryda çalşyrmagy talap etmäge, aluw-satuw şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun towlamaga we haryt üçin tölenen pul summasyny gaýtaryp bermegi, şonuň ýaly-da ýetirilen zyýany tölemegi talap etmäge haklydyr.

## HARYDYŇ NYRHY WE ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

Hyrydar öz hasabyndan tölegi amala aşyrmak üçin zerur bolan amallary ýerine ýetirmäge mejbur. Meselem, pullary poçta arkaly ibermek, pul serişdelerini geçirmek boýunça harajatlar we başgalar. Satylýan nyrhy tölemek borjy aluw-satuw borçnamasynyň pully häsiýete eýediginden gelip çykýar we satyja belli bir pul serişdesini bermekde ýüze çykýar.

Harydyň satylýan nyrhy, ýagny hyrydar tarapyndan satyja berilmeli bolan pul summasy adatda şertnama taraplary tarapyndan bellenilýär.

Harydy ätiýaçlandyryş borçnamasy taraplaryň razylygy bilen aluw-satuw şertnamasynda nazarda tutulan ýagdaýda satyja hem, hyrydara hem ýüklenmegi mümkin. Munda ätiýaçlandyryş borçnamasy şertnamada görkezilmeli bolan şertlere degişli bolmaýar.

Eger şertnamada satyjy ýa-da satyn alyjynyň harydy ätiýaçlandyryş borçnamasy nazarda tutulan bolsa, ýöne onda ätiýaçlandyryş şertleri we haryt ätiýa-

çlandyrylýan iň kem summa belgilenmedik bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasynda nazarda tutulan ätiýaçlandyryş puly harydyň bahasyndan kem bolmagy mümkin däl.

## SARP EDIJILERIŇ HUKUKLARYNY GORAMAK BARADAKY KANUNLAR

Käte hatda iň tejribeli hyrydar hem haýsy-da bolsa bir zady satyn alansoň, belli bir meselelere duçar bolýar: göze görünmeýän nogsany, estetik aýratynlyga eýe kemçilikleri we başgalar anyklanýar.

Bu ýagdaýda hyrydar emele gelen meseleleri ilkinji nobatda harydy satan gurama bilen çözmäge çalyşmalydyr. Ol haýyşy ýerine ýetirmekden boýun towlanda hyrydar öz hukuklarynyň özgeçe goramaga haklydyr. Sarp edijileriň hukuklaryny goramagyň dürlüçe ýollary bar. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada», «Önümler we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak barada», «Sertifikatlaşdyrmak barada», «Azyk önümleriniň hili we zyýansyzlygy barada»ky Kanunlar Özbegistan sarp ediş bazarynda möhüm orun tutýar. Hili pes haryt satyn alnanda şu kanunlar sarp edijileriň hukuklarynyň we bähbitleriniň döwlet tarapyndan goralyşyny üpjün edýär.

Ýurdumyzda sarp edijileriň hukuklarynyň döwlet tarapyndan goralyşyny üpjün edýän edaralar:

— Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Özbegistan döwlet standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikasiýa merkezi («O‘zdavstandart»);
— Saglygy goraýyş ministrligi;
— Döwlet arhitektura we gurluşyk komiteti;
— Döwlet tebigaty goramak komiteti;
— Monopoliýadan çykarmak komiteti;
— respublika, welaýat, şäher we tuman sanitariýa-epidemiologiýa stansiýalary.

Olar sarp edijileriň şikaýatlaryna, arzalaryna we tekliplerine seredýärler, sarp edijileriň hukuklaryny gorap, sudlara ýüzlenýärler. Harytlaryň howpsuz bolmagyna we olaryň hiline degişli mejbury talaplary kesgitleýärler hem-de bu talaplara amal edilişiniň üstünden gözegçiligi amala aşyrýarlar, öndürijiler harytlaryň howpsuz bolmagy we olaryň hiline degişli talaplary bozan ýagdaýlarynda olaryň üstünden sudlarda dawa gozgaýarlar.



**1-nji ýumuş.**

**Siziň pikiriňizçe, sarp edijiler aşakdakylar babatda nähili guramalara ýüzlenmeli hem-de nähili çäreler görmeli:**



**1-nji ýagdaý.**

«Procter & Gamble» firmasynyň ýolbaşçylary ýerli bazary onuň markasy bilen çykarylýan galp harytdan goramak, şonuň ýaly-da kompaniýanyň söwda markasyny saklamak boýunça çäreler görülmegini haýyş etdi.

**2-nji ýagdaý.**

Raýat S. dükan tarapyndan porsan balyk konserwleri satylandygy barada şikaýat bilen ýüzlendi.

**3-nji ýagdaý.**

Raýat aluw-satuw şertnamasyny ýatyrmak we satyn alnan nogsan bilen öndürilen kir ýuwýan maşyn üçin tölenen pullaryny gaýtaryp bermekden boýun towlan dükana şikaýat bilen ýüzlendi.

**4-nji ýagdaý.**

Kafe gelenler pes hilli tagamlar boýunça şikaýat bilen ýüzlendiler.

**5-nji ýagdaý.**

Raýat çörekhanada ýapylan çörek önümleriniň hiliniň pesligi üçin şikaýat bilen ýüzlendi.

Sarp edijileriň hukuklaryny goramak boýunça jemgyýetçilik birleşmelerine ýüzlenmek sarp edijileriň hukuklaryny goramagyň ýene bir ýoludyr.



Sarp edijiler öz hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksadynda meýletinlikde sarp edijiler birleşmelerini düzüp bilerler.

Sarp edijileriň birleşmeleri öz işini kanun resminamalaryna laýyk amala aşyrýan jemgyýetçilik birleşmeleridir.

**«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanun, 30-njy madda.**

Şeýle guramalar kanuny ilata tanyşdyrmak we sarp edijilere olaryň kanuny hukuklaryny goramakda kömekleşmelidirler. Häzirki wagtda Respublikan sarp edijileriň hukuklaryny goraýan jemgyýeti şeýle wezipeleri amala aşyrýar.

Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada kanun bolmagyna seretmezden, dogry söwda etmek iň gowy gorag hasaplanýar. Harytlar we hyzmatlar bazaryny öwrenmek, şonuň ýaly-da kanuny hukuklaryňyz we olary nähili ulanmagy bilmek haýsy-da bolsa bir harydy satyn alandan soň emele gelýän meselelerden gutulmagyň iň gowy usulydyr.



**2-nji ýumuş.**

Siz turistik syýahata çykmak üçin dostuňyz bilen welosiped satyn almakçy bolduňyz. Satyn almazdan öň maglumaty nähili toplaýarsyňyz?

## SARP EDIJILERIŇ HUKUKLARYNY SUD ARKALY GORAMAK

Sarp ediji suda ýüzlenip hukuklaryny goramagy mümkin. Sud ähli ugurlar we ilki bilen söwdada sarp edijini onuň hukuklary bozulmagyndan goramaga mejbur.

Şeýlelikde, her bir sarp ediji öz bähbitlerini goramak serişdelerine eýe. Diňe olary bilmeli we olardan peýdalanmagy başarmaly.



**Ýagdaýy öwrenip, soraglara jogap beriň.**

Ýusupowlar maşgalasy täze reňkli telewizor satyn aldy. Bir näçe hepdeden soň telewizoryň teswiri umuman görünmän galdy. Gelen telewizor abatlaýjy ussa kineskopyň köýendigini we ony düzetmek ep-esli gymmat boljakdygyny aýtdy. Soňky güni Ýusupowlar dükana baryp, harydy beren satyja ýüzlendiler.

**Ýusupowlaýň satyjy bilen duşuşygyny göz öňüňize getiriň. Ýusupowlar we satyjy näme diýmeli (olaryň ýerine özüňizi goýup görüň)?**

**Satyjy kömek etmekden boýun towlanda Ýusupowlar näme etmeli? Eger şikaýat ýazmakçy bolsalar, kime ibermeli? Hata nähili maglumatlar girizilmeli? Ýusupowlaryň adyndan şikaýat ýazyň.**

Sarp edijileriň hukuklary bozulan tagdyrda, ol suda ýüzlenmäge haklydyr. Dawalar, eger kanunlarda başgaça düzgün kesgitlenmedik bolsa, jogapkär, sarp ediji ýerleşän ýerdäki ýa-da zyýan ýetirilen ýerdäki suda berilýär.

Sarp edijiler öz hukuklarynyň bozulmagy bilen bagly dawalar boýunça, şonuň ýaly-da harytlar (iş, hyzmatlar) howpsuz bolmagy we olaryň hiliniň üstünden gözegçiligi amala aşyrýan döwlet edaralary, sarp edijileriň jemgyýetçilik birleşmeleri sarp edijiniň (sarp edijileriň näbelli bir toparynyň) bähbitlerini gözläp gozgalan dawalar boýunça döwlet pajyny tölemekden azat edilýärler.

**«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak barada»ky Kanun, 29-njy madda.**

**3-nji ýumuş.**

Gün şöhle saçyp duran güni kwartaldaky birnäçe öýüň elektrik setinde napryýaženiýe ýokarlandy. Lampoçkalar köýdi, CD-pleýerler, telewizorlar, başga hojalyk tehnika hatardan çykdy. Öý hojalykçylary köçä çyksa — kuwwaty paýlaýan şitde abatlaýyş işleri alnyp barylýandygyna şaýat boldular.

Aýallar bilen abatlaýjylaryň arasyndaky ýagdaýda olaryň ýerine özüňizi goýup görüň. Aýallar elektriklere nähili dawalar edýärler, abatlaýjylar näme diýip jogap bererler? Köýen tehnikanyň abatlanmagy üçin kim hak tölemeli? Näme üçin? Sarp edijilik hukuklaryny goramak maksadynda nirä ýüzlenmeli?

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Döwlet edaralarynyň sarp edijileriň hukuklaryny goramak boýunça wezipesi nämeden ybarat?
2. Sarp ediji öz hukuklaryny goramak boýunça nähili mümkinçiliklere eýe?
3. Özbegistan Respublikasynyň sarp edijileriň hukuklarynyň goralmagyny üpjün edýän döwlet organlaryny sanap geçiň.
4. Sud nähili sarp ediş ugurlaryndaky kanun bozmalara seredýär?

# 18-§. INTELLEKTUAL EMLÄK HUKUGY

## INTELLEKTUAL EMLÄK OBÝEKTLERI

Her güni ýüz müňlerçe adam öz pikirlerini çeper ýa-da sazly eser hökmünde aňlatmak, barlaglaryň formulalaryny ýa-da jedwellerini ýazmak, oýlap tapmasynyň nusga bölegininiň çyzgylaryny taýýarlamak we başga maksatlarda eline arassa kagyz alýar. Şeýle zähmet ruhy zähmet, onuň bilen döredilen eserlere bolsa intellektual emläk diýilýär.

Ilki intellektual emläk düşünjesi 1967-nji ýylda Jahon intellektual emläk guramasyny esaslandyran Konwensiýa görä girizildi. Özbegistan hem şu guramanyň agzasy hasaplanýar.

Halkara konwensiýalar we Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna laýyk akyl we döredijilikli işleriň netijelerine görä aýratyn şahsy we emläk hukuklary toplumy **intellektual emläk** diýip atlandyrylýar.

## AWTORLYK HUKUGY

Awtorlyk hukugy raýatlyk hukugynyň bir bölegi bolup, akyl zähmeti bilen meşgullanýan raýatlaryň hukuklaryny goramaga gönükdirilen.

Awtorlyk hukugy maksady, çeper gadyr-gymmaty we aňladylyş usuly (proza, poeziýa, audioýazuw we başgalar)dan daşary, çap edilen hem-de golýazma şeklindäki ähli eserlere degişli bolýar.

Ony döretmekde döredijilikli zähmet siňen şahs eseriň awtory hasaplanýar. Eser hyzmatdaşlykdagy döredijilikli zähmetiň önümi bolsa, ol ähli awtordaşlara hem degişli bolýar.

## AWTORLYK HUKUGYNYŇ WEZIPELERI:

— Awtorlaryň emläk, şahsy emläk däl we kanuny bähbitlerini goramak.
— Hukuk serişdeleriniň kömeginde ylmy we çeper eserleri döretmek üçin iň makul şertleri döretmek.

Çeper we ylmy eserleriň jemgyýetde giňden ulanylmagy.



**Awtorlyk hukugy** — ylym, edebiýat we sungat eserlerini döretmek we olardan peýdalanmakda emele gelýän gatnaşyklary tertibe salýan raýatlyk hukuk normalarynyň toplumy.

**1-nji ýumuş.**

Aşakda getirilen eser intellektual emläk obýekti hasaplanýarmy, bu ýagdaýda awtorlar hukuklary bozulanmy, ýa-da bozulmanmy anyklaň. Olaryň işini intellektual zähmet netijesi diýmek mümkinmi?

Orta mekdebiň 10-njy synp okuwçylary B. we N. bir ýylyň dowamynda taryh mugallymynyň çykyşlaryny we seminar sapaklarynyň temalaryny yhlaslylyk bilen konspekt etdiler. Okuw ýylynyň ahyrynda materialy birneme gysgaldyp, ony düşnüklirän beýan edip, teksti soraglar we ýumuşlar bilen doldurdylar hem-de respublikanyň ýokary okuw mekdeplerine girýänler üçin gollanma hökmünde çap etdiler.

Ýöne kitap neşir edilenden soň bu şahsy zähmet döredijiligi dälligi we awtorlar entek 18 ýaşa dolmandygy sebäpli ony ýaýratmaga ýol bermediler.

Eser kimiň döredijilikli zähmeti bilen döredilen bolsa, ana şol raýat eseriň awtory diýip ykrar edilýär. Jynsyna, ýaşyna, raýatlygyna we gatnaşyga ukybyna seretmezden her bir şahs eseriň döredijisi bolmagy mümkin.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 1046-njy madda.**

## AWTORLYK HUKUGYNYŇ ÇEŞMELERI

Özbegistan Respublikasynda ylmy ýa-da çeper döredijilik ugrundaky gatnaşyklar: Konstitusiýa, Raýatlyk kodeksi, «Awtorlyk hukugy we deňdeş hukuklar barada» (1996-njy ýyl 30-njy awgust), «Eýeçilik barada» (1992-nji ýyl), «Elektron hasaplaýyş maşynlary üçin döredilen maksatnamalar we maglumatlar bazalarynyň hukuk goragy barada»ky (1995-nji ýyl) kanunlar, Salgyt kodeksi (1997-nji ýyl) bilen tertibe salynýar.



Aşakdakylar awtorlyk hukugy obýektleri hasaplanmaýar:
— resmi resminamalar (kanunlar, kararlar we şular ýaly-lar), şonuň ýaly-da olaryň resmi terjimeleri;
— resmi nyşanlar we belgiler (baýaklar, gerbler, ordenler, pul belgileri we şular ýalylar);
— halk döredijiligi eserleri;
— adaty metbugat habarlary görnüşindäki gündelik täzelik-lere degişli ýa-da gündelik wakalar baradaky habarlar;
– adamyň gönüden-göni indiwidual eser döretmäge gönükdirilen döredijilili işi amala aşyrylmazdan, belli bir görnüşdäki önümçilik üçin niýetlenen tehniki serişdeleriň kömeginde alnan netijeler.

**Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksi, 1044-nji madda.**





**2-nji ýumuş.**

**Aşakdaky ýagdaýlary çözmegiň ýollaryny tapjak boluň:**

**1-nji ýagdaý.**

Telewideniýe synçylary daşary ýurtlardaky hadysalar hakda olar taýýarlan maglumaty efire çykaranlygy üçin täjirçilik telekanalyny awtorlyk hukugyny bozganlykda günäläp suda berdiler.

**Bu ýagdaýda awtorlyk hukugy bozulanmy? Şu materialy awtorlyk hukugynyň obýekti diýip hasaplamak mümkinmi?**

**2-nji ýagdaý.**

Alty ýaşly S. çagalar bagynyňi terbiýeçisiniň kömeginde halk ertekilerine suratlar toplumyny taýýarlady. Munda terbiýeçiniň özi surat çekmän, surat taglymyny we obrazlaryny, aýratynlyklaryny we reňklerini aýdyp durdy. Soň ol şu suratlary öz işine goşup neşir etdi hem-de onuň özi kömek etmese S. hiç zat çekip bilmezdi, diýip oýlap, suratlaryň awtory hökmünde onuň adyny görkezmedi.

**Şu suratlary awtorlyk hukugynyň obýekti diýip hasaplamak mümkinmi? Alty ýaşly çagajyk eseriň awtory bolup bilermi? Bu ýagdaýda onuň hukuklary bozulanmy?**

**3-nji ýagdaý.**

Neşirýat awtor N-iň romanyny neşir etmek üçin kabul etdi. Golýazma teksi korrektor tarapyndan barlanylyp, orfografik ýalňyşlar düzedildi. Awtoryň rugsady bilen tekst redaktor tarapyndan gysgaldy we suratçy tarapyndan suratlar bilen bezeldi. Kitabyň çapdan çykan nusgalary jiltçi tarapyndan jiltlendi. Romanyň birinji neşiri çalt satylandygy sebäpli neşirýat awtora ony iňlis diline terjime etmegi teklip etdi. Awtoryň razylygy bilen roman terjimeçi tarapyndan iňlis diline terjime edildi.

**Sanap geçilen şahslaryň haýsy biriniň ýerine ýetiren zähmetiniň netijesi üçin awtorlyk hukuklaryna eýe boldy?**

## AWTORLYK HUKUGYNYŇ AMAL ETMEK MÖHLETI

Awtorlyk hukugynyň amal etmek möhleti awtoryň bütin durmuşy we ol aradan çykandan soň 50 ýylyň dowamynda saklanýar. Awtorlyk hukugy, awtoryň ady we eseriň eldegrilmezligini goramak hukugy muňa degişli däl, bular möhletsiz goralýar. Awtordaşlykda döredilen esere bolan awtorlyk hukugy awtordaşlaryň bütin ömri dowamynda we olaryň arasynda iň uzak ömür gören şahs aradan çykansoň 50 ýylyň dowamynda amal edýär.

Awtorlyk hukugynyň amal etmek möhleti tamamlanandan soň eser jemgyýetçilik emläge öwrülýär. Jemgyýetçilik emläk hasaplanýan eserden islendik şahs awtorlyk hakyny tölemezden erkin peýdalanmagy mümkin.

## AWTORLYK ŞERTNAMASY

Awtor eserini tamamlansoň, ony giň köpçülige tanyşdyrmagy karar edýär we ony neşir etmek borçnamasyny öz üstüne alýan kärhana bilen şertnama düzýär.

Awtorlyk şertnamasynyň şertlerinde neşir edijä berilýän anyk hukuklar, şertnamanyň amal ediş möhleti we tölenýän hakynyň (galam haky) mukdary görkezilýär. Bu şertlerden daşary, awtor we neşirýat zerur diýip hasaplan başga şertleri hem girizip biler.



**Awtorlyk şertnamasy** — taýýar eser ýa-da awtor bellenilen möhletde döretmegi öz üstüne alan eserden peýdalanmak üçin awtor (awtordaşlar) bilen neşirýatyň arasynda düzülen şertnama.

## AWTORLYK HUKUKLARYNYŇ HALKARA GORAGY

Özbegistan Respublikasynda intellektual emläk ugrundaky gatnaşyklar halkara hukuk normalaryna esaslandyrylmak bilen hem-de aşakdaky resminamalardan gelip çykyp kadalaşdyrylýar:

— edebi we çeper eserleri goramak baradaky Bern konwensiýasy ylalaşyklary (24.07.1971-nji ýyl);
— Awtorlyk hukugy baradaky halkara konwensiýa ylalaşyklary (1952);
— GDA çäginde düzülen awtorlyk we deňdeş hukuklary goramak baradaky ylalaşyklar (10.02.1995-nji ýyl).




Aşakdaky elementler awtorlyk hukuklaryny goramak belgileri hasaplanýar:

1) töweregiň içine alnan «C» harpy — ©;
2) aýratyn awtorlyk hukuklarynyň eýesiniň ady;
3) eser ilkinji gezek neşir edilen ýyl.

Awtorlyk hukuklary boýunça agentlik (ÖzRMHA) kanun resminamalarynyň ýerine ýetirilişiniň üstünden gözegçiligi amala aşyrýar.

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Intelektual emläk obýektleriniň nähili görnüşleri bar?
2. Awtorlyk hukugy kimiň bähbitlerini goraýar? Awtorlyk hukuklaryny goraýan kanunlary sanap geçiň.
3. Eseriň awtory ýa-da awtordaşy kim?
4. Özbegistanda awtorlyk hukugy nähili möhlet dowamynda amal edýär?
5. Awtorlyk şertnamasy näme? Ol nähili, kim bilen we nähili möhlete düzülýär?
6. Awtorlyk şertnamasyna nähili şertler girizilmeli?

## 19-§. RAÝATLYK IŞINE SUDDA GARALMAGYNYŇ BASGANÇAKLARY

Şu dersi öwrenip çykmak netijesinde siz:

— islendik iş boýunça raýatlyk sud işine garamagyň basgançaklary yzygiderligini bilersiňiz;
— raýatlyk sud işine garamagyň gatnaşyjylarynyň hukuklary we borçlary bilen tanyşarsyňyz;
— köpçüligiň öňünde geplemegiň bilim we endiklerini kämilleşdirersiňiz;
— alnan bilimleri amalda ulanmaga synanyşyp bilersiňyz.

Işiň sudda garalmagy raýatlyk sud prosesiniň esasy basgançagy hasaplanýar, ol aglaba ýagdaýlarda emele gelen dawany çözmek bilen tamamlanýar. Birinji instansiýadaky sudlarda raýatlyk işlerini sudýanyň ýeke özi garaýar.

Şu dersde siz raýatlyk işiniň sudda garalyşyny ýatladýan prosesde gatnaşarsyňyz.

Işiň faktlaryndan gelip çykyp, size teklip edilmegine garap sudýa, dawagär, jogapkär roluna girişip gitmäge çalyşyň hem-de raýatlyk hukugy esaslary boýunça alnan bilimlerden peýdalanmak bilen, kanuna laýyklykda we bar ýagdaýy hasaba alyp, hukuk bozulmalary akylly-başly çözmäge çalyşyň.



**Hyrydaryň talaby bilen haryt başgasyna çalşyryp berilmegi hökman bolan ýagdaýlary görkeziň.**

**1-nji ýagdaý.**

S. bagy bolan daça satyn aldy. Ýöne ýetişdirilen miwelerden çekip, hatda öýüň içindäki enjamlara we mebele çenli ýygy-ýygydan ogurlanybermegi guwanmaga ýol bermeýärdi.

Möwsüm tamamlanansoň, S. öýüň öňüne uly ýabany haýwana niýetlenen elde ýasalan gapan goýdy, ýerdölede bolsa almalar salnan guta degen adamyň kellesine agyr taýak degýän ýörite gurluş ornaşdyrdy.

Ýanwar aýynda S-ni içeri işler edarasyna çagyrdylar hem-de kämillik ýaşyna ýetmedik S. we D-ga ýetirilen ýaralary düşündirmegi talap etdiler. Ýetginjekleriň ata-enesi S-ni suda berip, çagalary bejermäge sarp edilen harajatlary tölemegini talap etdiler. S.

goňşulary onuň howluda duzak gurmak niýeti bolanlygyny tassykladylar. S. aýbyny boýnuna aldy, ýöne dawany kanagatlandyrmakdan boýun towlady.

**Bu ýagdaýda kim hak? Sud nähili karara gelmeli?**

**2-nji ýagdaý.**

Ir baharda S. goňşusy I-niň uçastogundan bölünip durýan keş boýunça 20 sany miweli daragt oturtdy. Birnäçe ýyl geçensoň, daragtlar ösüp, miwe berdi.

Ana şonda kökleri bir ýerde, miweli şahalary bolsa başga uçastokda bolan daragtlaryň miwelerini kim ýolmalydygy babatda dawa ýüze çykdy. I. miweleri ýygmaga haky bardygyny nygtady, çünki daragtyň şahalary onuň çägini bekläpdi, netijede bu ýerde hiç zat ösmeýärdi.

S. I-niň uçastoguna girip miweleri ýygyp almakçy bolanda, käýeldi we öýden kowup çykaryldy.

Iki goňşy dawany çözmek üçin suda ýüzlendiler we ruhy hem-de maddy zyýanyň öwezini dolmagy talap etdiler.

**Goňşularyň dawasyny nähili çözen bolardyňyz? Olardan kim hak we näme üçin? Suda berlen dawa hakyny kim tölemeli?**

## RAÝATLYK SUD PROSESINIŇ GATNAŞYJYLARYNA GÖRKEZMELER

**Işde gatnaşýan şahslar aşakdakylara hakly:**

— işiň materiallary bilen tanyşmak, olardan göçürmeler almak we nusgalar göçürmek;
— işde gatnaşýan başga şahslara soraglar bilen ýüzlenmek;
— sud işi prosesinde emele gelýän ähli meseleler boýunça öz pikirini bildirmek;
— suduň kararyndan närazy bolup, şikaýat etmek.

**Dawa işinde gatnaşýan taraplar:**

— prosesiň islendik basgançagynda suduň işini togtatmak we ony parahat ýol bilen çözmäge hakly, ýöne jogapkäriň hereketleri kanuna ters bolsa

hem-de üçünji şahslaryň bähbitlerine degse, sud işi bes etmäge razy bolup bilmeýär.

## SUD MEJLISINI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

— sudýalar mejlisler zalyna girip gelenlerinde gelenler ýerinden turýar; suduň karary hem ýerinden turan ýagdaýda diňlenýär;
— işde gatnaşýan şahslar suda ýüzlenende we görkezme berende ýerinden turýarlar;
— zaldakylaryň hemmesi sud başlygynyň buýruklaryny sözsüz ýerine ýetirýär;
— her bir şaýat aýratyn sorag edilýär, munda entek soralmadyklar gatnaşmaýar;
— başlyklyk edýän raýatlyk sud prosesinde gatnaşýanlardan hemmäniň öňünde, aşakdaky ýaly sesli gasam etmegi talap edýär: «Sudda iş boýunça maňa mälim bolan hemme zady aýtmaga kasam edýärin. Munda diňe hakykaty gepleýärin, hakykatdan aňry çykmazlyga ant içýärin».

## SUD IŞINIŇ GATNAŞYJYLARY

**Kätip:**
— suda şu iş boýunça çagyrylanlardan kimler gelendigini hem-de başgalaryň gelmänliginiň sebäplerini aýdýar;
— sud işiniň beýannamasyny ýöredýär.

**Sudýa (başlyklyk ediji):**
— suduň düzümini yglan edýär, işde gatnaşýan şahslara olaryň garşylyk bildirmek hukugyny düşündirýär;
— işde gatnaşýan şahslara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär;
— sudda sorag edilýänleriň şahsyny kesgitleýär hem-de görkezme bermekden boýun towlanlygy üçin jogapkärlige çekilýändigi barada duýduryar (ýazuw üsti bilen). Kämillik ýaşyna ýetmedikler şeýle jogapkärlik barada duýdurylmaýar;
— gatnaşyjylaryň (sorag edilmezinden öň) dawagäre we jogapkäre bolan gatnaşygyny (garyndaşlyk gatnaşyklary we başgalar) anyklaýar;
— sud işiniň gidişinde emele gelen meseleleri çözýär, sud zalynda tertip saklaýar.

**Dawagär:**

— bozulan ýa-da dawa sebäp bolan hukuklaryny goramak üçin görkezmeler berýär.

**Jogapkär:**

— düşündirişler berýär, subut-delillar getirýär, haýyşlaryny mälim edýär;
— hut özi ýa-da adwokatyň kömeginde özüniň goramak hukugyny amala aşyrýar;
— suda goşmaça şaýatlaryň çagyrylmagyny haýyş etmäge hakly.




**Prokuror:**

— sud işi wagtynda emele gelýän meseleler boýunça netije çykarýar.

**Ekspert:**

— öz netijesini ýazuw üsti bilen gowşurmaly;
— eger sud ekspertizanyň hilini pes hasaplasa, gaýtadan ekspertiza geçirilmegini bellemegi mümkin.

**Şaýatlar:**

— her biri aýratyn sorag edilýär, sorag edilen şaýatlar iş gutarýança mejlisler zalynda galýar;
— sud işinde barlanylýan ýagdaýlar boýunça olara mälim bolan ähli maglumatlary bermäge mejbur, munda bozup görkezmäge ýol berilmeýär;

— eger şaýat 16 ýaşa dolmadyk bolsa, mugallym, zerur bolanda bolsa ata-enesi hem gatnaşmaly.

## RAÝATLYK IŞINE SUDDA GARAMAGYŇ BASGANÇAKLARY

1. Sud prosesini açmak (sudýa).
2. Proses gatnaşyjylarynyň gelenligini barlamak (kätip).
3. Sud mejlisi zalyndan şaýatlary çykaryp goýbermek (kätip).
4. Sud düzümini yglan etmek we garşylyk bildirmek hukugyny düşündirmek (sudýa).
5. Işde gatnaşýan şahslara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmek (sudýa).
6. Başlyklyk edýäniň iş mazmunyny beýan etmegi (dawagäre talaplaryny goraýandygyny; jogapkäre dawagäriň talaplaryny boýun alanlygyny hem-de iki tarapa işi parahat ýol bilen tamamlamagy isleýändigini sorap ýüzlenmek bilen tamamlanýar).
7. Dawagäriň düşündirişi.
8. Prokuroryň sözi (dawagäriň talaplarynyň kanunylygyny ret edýär ýa-da goraýar)
9. şaýatlary sorag etmek.
10. Ekspertden soramak.
11. Işe garamagy tamamlanmagy (başlyklyk ediji işde gatnaşýanlardan iş materiallaryny käbir zat bilen doldurmak isleýänleriň bar ýa-da ýoklugyny soraýar).
12. Sud çykyşlarynda (prokuroryň, dawagäriň, jogapkäriň çykyşlary).
13. Prokuroryň netijesi.
14. Suduň karar çykarmak üçin maslahat otagyna çykyp gitmegi.

1. Sud kararyny okap eşitdirmek (başlyklyk ediji kararyň üstünden şikaýat etmegiň tertibini düşündirýär we şu iş boýunça sud mejlisini ýapyk diýip yglan edýär).

## SUDUŇ HÖKMI BOÝUNÇA ŞIKAÝAT BERMEGIŇ TERTIBI

Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk prosessual kodeksine laýyklykda birinji instansiýa sudunyň kararlarynyň üstünden sud tarapyndan karar tabşyrylan ýa-da iberilen günden başlap on günüň içinde taraplar we işde gatnaşýan başga şahslar, şonuň ýaly-da işde gatnaşmaga çekilen, emma hukuklary we bor-

çlary baradaky mesele sud tarapyndan çözülen şahslar apellýasiýa instansiýasy suduna suduň karary işiň soňky hereketlenmegine päsgel berýän ýagdaýlarda suduň çözüji kararyndan aýratyn şikaýat bermegi, prokuror bolsa protest bildirmegi mümkin.

Apellýasiýa instansiýasy sudy hususy şikaýata ýa-da hususy proteste garap çykyp:

1) karary üýtgewsiz galdyrmaga, şikaýaty ýa-da protesti bolsa kanagatlandyrmazlyga;
2) karary ýatyrmaga we işe mazmun taýdan garamak üçin birinji instansiýa suduna ibermäge;
3) karary bütinleý ýa-da bölekleýin üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga we meseläni mazmun taýdan çözmäge hakly.

Kanuny güýje giren, apellýasiýa tertibinde garalmadyk çözüji kararlaryň üstünden olar kanuny güýje giren günden başlap alty aýyň içinde taraplar we işde gatnaşmaga çekilen başga şahslar, şonuň ýaly-da işde gatnaşmaga çekilmedik, emma hukuklary we borçlary baradaky mesele sud tarapyndan çözülen şahslar kassasiýa tertibinde şikaýat bermegi we prokuror protest bildirmegi mümkin.



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Dawa prosesinde sud işiniň nähili basgançagynda taraplar suduň işini togtatmak hukugyna eýe?
2. Suduň işini geçirmegiň yzygiderligini sanap geçiň.
3. Raýatlyk işi boýunça sud prosesiniň gatnaşyjylaryny, olaryň hukuklaryny we borçlaryny sanap geçiň.

# V BÖLÜM. ZÄHMET HUKUGY ESASLARY









## 20-§. ZÄHMETE DEGIŞLI GATNAŞYKLAR

### ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ KONSTITUSION ESASLARY

Zähmet hukugy hukugyň iň möhüm ugrudyr. Ol işçiler bilen iş berijileriň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny tertibe salmakda möhüm orun tutýar.

Zähmet baradaky kanun resminamalary Zähmet kodeksi, Özbegistan Respublikasynyň kanunlary we Aly Mejlisiň kararlary, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlary, Garagalpagystan Respublikasynyň kanunlary we Jokorgy Kenges kararlary, Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň hem-de Garagalpagystan Respublikasynyň Hökümetiniň kararlary, döwlet häkimiýetiniň başga wekillik we ýerine ýetiriji organlary öz ygtyýarlyklary çäginde kabul edýän kararlardan ybaratdyr.



Her bir şahs zähmet etmek, erkin kär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goralmak hukugyna eýedir.

Suduň hökmi bilen bellenen jezany geçmek tertibinden ýa-da kanunda görkezilen başga ýagdaýlardan daşary mejbury zähmet gadagan edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy,**
**37-nji madda.**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we Zähmet kodeksine görä ähli raýatlar zähmet hukuklaryna eýe bolmak we olardan peýdalanmakda deň mümkinçiliklere eýedir. Jynsyna, ýaşyna, milletine, diline, sosial gelip çykyşyna, emläk halatyna we wezipe ýagdaýyna, dine bolan gatnaşygyna, ygtykadyna, jemgyýetçilik birleşmelerine degişliligine, şonuň ýaly-da işgärleriň işjeňlik ukyplaryna we olaryň zähmetiniň netijelerine baglanyşykly bolmadyk başga taraplaryna garap zähmete degişli gatnaşyklar ugrunda islendik çäklendirmelere ýa-da ýeňillikler kesgitlemäge ýol berilmeýär we bular kemsitme diýip hasaplanýar.

Zähmet ugrunda özüni kemsidilen diýip hasaplan şahs kemsitmäni ýok etmek hem-de özüne ýetirilen maddy we ruhy zyýany tölemek baradaky arza bilen suda ýüzlenmegi mümkin.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we Zähmet kodeksine laýyklykda zähmeti hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň aşakdaky prinsipleri kesgitlenen:

— her bir şahs zähmet etmek;
— erkin iş saýlamak;
— hakyky zähmet şertleri esasynda işlemek we kanunda bellenilen tertipde işsizlikden goralmak;
— öz zähmeti üçin hak almak;
— möhletleri araçägi bellenilen iş wagtyny ornaşdyrmak, käbir kärler we işler üçin iş gününi gysgaltmak, her hepdelik dynç alyş günleri, baýram günleri, şonuň ýaly-da hak tölenýän ýyllyk dynç alyşlar bermek arkaly üpjün edilýän dynç alyş;
— howpsuzlyk we gigiýena talaplaryna jogap berýän şertlerde zähmet etmek;

— käre taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünärini kämilleşdirmek;
— iş bilen baglylykda saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;
— kärdeşle bileleşiklerine hem-de işgärler we zähmet kollektiwleriniň bähbitlerini aňladýan başga guramalara birleşmek;
— garranda, zähmet ukybyny ýitirende, ekleýjisinden mahrum bolanda we kanunda nazarda tutulan başga ýagdaýlarda sosial üpjünçilik almak;
— özüniň zähmet hukuklaryny goramak, şol sanda sud arkaly goramak we hünärli ýuridik kömek almak;
— kollektiwlere degişli zähmet dawalarynda öz bähbitlerini berkitmek hukugyna eýedir.





Köp müň ýyllyklaryň dowamynda adamzat maddy we ruhy baýlyklary döretmek bilen, öz işini ösdürmek we kämilleşdirmek ýoluny geçdi. Zähmet sebäpli adamda özüniň niýet we isleglerini amala aşyrmak, jemgyýetde öz ornuny tapmak, şahs hökmünde öz ýagdaýyny anyklap almak mümkinçiligi peýda boldy. Zähmet çekmek bilen, adamda öz-özüni düzgünleşdirmek, jebislilik, başga adamlar bilen hyzmatdaşlyk etmek ukyby ýaly peýdaly sypatlar emele gelýär.

**Zähmet hukugy** — zähmet işi prosesinde emele gelýän adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salýan hukuk ugrudyr.

**Zähmete degişli gatnaşyklar** — adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar bolup, zähmet işi prosesinde emele gelýär we bellenilen zähmet tertibine boýun egmäge esaslanýar.

## ZÄHMET BARADAKY KANUNLARYŇ WEZIPELERI

Adamlaryň ýaşamagy we ösmegi üçin zerur bolan hemme zat zähmet bilen döredilýär. Mundan jemgyýet we aýratyn her bir adamyň durmuşynda zähmete degişli gatnaşyklar oýnaýan rol aýdyň görünýär. Zähmet prosesinde emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrylman, zähmet öndürijiligini we mynasyp ýagdaýda, işleýänleriň maddy we medeni derejesini ýokarlandyryp bolmaýar. Şeýdip, zähmet baradaky kanun resminamalarynyň wezipeleri:

— işe kabul etmek tertibini laýyklaşdyrmak we zähmet şertnamasyny ýatyrmak;
— adalatly we howpsuz zähmet şertlerini döretmek;
— işgärleriň zähmet hukuklaryny goramak;
— zähmet çekýänleriň saglygyny goramak;
— zähmetiň we umuman tutuş önümçiligiň netijeliligini üpjün etmek;
— ýurduň bütin ilatynyň maddy we medeni derejesini gowulandyrmak hasaplanýar.





## ZÄHMET KANUN RESMINAMALARYNYŇ ÇEŞMELERI

Zähmet hukugynyň esasy bolýan çeşmeleri Konstitusiýa we Zähmet kodeksi, olaryň amal etmegi bütin Özbegistan Respublikasynyň çäginde ulanylýar hem-de Adam hukuklary ählumumy Deklarasiýast (23-nji madda), Halkara Zähmet Guramasynyň konwensiýasy (2-nji madda), Respublikanyň Prezidentiniň Permanlary, kanunlar we Ministrler Kabinetiniň kararlary, baş, pudaklaýyn we başga ylalaşyklar hem-de kollektiw şertnamalary hasaplanýar.

Zähmet hukugynyň aýratynlygy şundan ybarat, ýagny amalda islendik mesele, eger şeýle karar Zähmet kodeksiniň düzgünlerine ters bolmasa we işgäriň ýagdaýyny erbetleşdirmese zähmet şertnamasy (kontrakty) esasynda çözülme-

gi mümkin. Ýogsam kontrakt kanuny hasaplanmaýar. Mysal üçin, paýdarlap jemgyýetinde 9 sagat dowam edýän iş güni bellenilen, bu bolsa zähmet baradaky kanunçylygyň bozulmagy hasaplanýar.

## ZÄHMETE DEGIŞLI GATNAŞYKLARYŇ SUBÝEKTLERI

Zähmete degişli gatnaşyklaryň gatnaşyjylary (subýektleri) aşakdakylardyr:

— **işgär:** 16 ýaşa dolan, zähmet şertnamasy esasynda işleýän Özbegistan Respublikasynyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar;

— **iş beriji:** eýeçilik görnüşine seretmezden islendik kärhana hem-de 18 ýaşa dolan şahslar;

— **zähmet kollektiwi:** zähmet şertnamasy esasynda işleýän kärhana işgärleri;

— **işgärleriň we iş berijileriň wekillik edaralary:** kärdeşler bileleşikleri we olaryň kärhanalardaky saýlap goýulýan edaralary.



Ähli raýatlar zähmet hukuklaryna eýe bolmakda we olardan peýdalanmakda deň mümkinçiliklere eýedir...

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi,**
**6-njy madda**

Her bir şahsyň zähmet hukuklaryny goramak kepillendirilýär, bu gorag zähmet baradaky kanun resminamalaryna amal edilişini barlaýjy we gözegçilik edýän organlar, şonuň ýaly-da zähmet dawalaryna garaýan organlar tarapyndan amala aşyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi,**
**8-nji madda**

## ZÄHMET HUKUGYNYŇ ESASY PRINSIPLERI

Hukugyň başga ugurlarynda bolşy ýaly zähmet hukugynda hem iş berijiler we işgärler amal etmegi mejbury bolan zähmete degişli gatnaşyklaryň esasy prinsipleri kesgitlenen:

— Zähmet azatlygy prinsipi: mejbury zähmeti gadagan etmek, ol her bir şahs özüniň zähmete ukybyndan peýdalanmak hukugyna eýeligini, ýagny raýatlaryň zähmet etmek borjy kanunda nazarda tutulmazlygyny aňladýar.

— Zähmet etmek hukugyny üpjün etmek, işsizlikden goramak prinsipi: döwlet edaralary ony almaga isleg bildiren hemmä makul işi tabşyrmak üçin ähli çäreleri görmäge mejbur. Iş gözlän wagtynda işsizlik boýunça töleg tölenýär.

— Zähmetde we işlilikde deňhukuklylygy üpjün etmek prinsipi: zähmetde diskriminasiýa etmäge, aýallara we erkeklere hak tölemekde, jynsy alamatlara görä, raýatlygy bolmadyk şahslara garanda ýurduň işleýän raýatlaryna köpräk hukuklar bermek we başgalary gadagan etmek.

— Dynç alyş, zähmeti goramak hukugyny üpjün etmek prinsipi: zähmet kanun resminamalarynda raýatlaryň dynç alyş hukugy nazarda tutulan, oňa laýyk olara iş ýeri we ortaça iş hakyny saklamak bilen ýyllyk dynç alyşlar berilýär.

Zähmet hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hukugyny üpjün etmek prinsipi we başgalar.

Zähmet kodeksine laýyklykda aşakdaky ýagdaýlarda işlemek mejbury hasaplanmaýar:

— harby ýa-da alternatiw gullugy geçmek döwründe;
— adatdan daşary ýagdaý şertlerinde;
– sud hökmi güýje girmegi esasynda.







**Aşakdaky meseleleri çözüň:**

**1-nji ýagdaý.**

Kellesinden ýaralanandan soň işçi M. tiz-tiz kellesi agyrýan derde çalnypdyr we şu wagtda işläp bilmeýärdi. Bu hakda onuň lukmançylyk kartasynda jikme-jik ýazylypdy. Ýöne bu ýazgy M-nyň durmuşynda erbet rol oýnady: oňa gamhorlyk edýändiklerini bahana edip, hiç ýere işe almadylar.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygy bozilanmy? Eger bozulan bolsa, demokratik jemgyýetiň haýsy kanuny bozulypdyr?**

**2-nji ýagdaý.**

Awtomobil sürüjisi hökmünde alternatiw gullugy geçen wagtynda seržant M. özi gulluk edýän kärhananyň kömekçi howlusynyň çägini arassalamakdan boýun towlady. Kärhana direktory M-da şoňa çenli işe degişli duýduryş bolmandygyna seretmezden, M-ni çärýek üçin sylagdan mahrum etmek barada buýruk çykardy.

**Kim hak? Dawany çözmäge degişli öz pikiriňizi aýdyň. Demokratik jemgyýet kanunlaryny armiýada ulanmak mümkinmi, siz näme diýip hasaplaýarsyňyz?**



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Özbegistanyň zähmet kanunçylygynyň wezipelerini sanap beriň.
2. Zähmet hukugynyň özboluşly aýratynlyklary nämelerden ybarat?
3. Zähmet hukugynyň çeşmelerini sanap beriň.
4. Zähmet hukugynyň subýektleri kimler?
5. Zähmet hukugynyň «zähmet azatlygy» prinsipi nämäni aňladýar?
6. Zähmet çekmek hukugyny üpjün etmek nähili ýolda amala aşyrylýar?

# 21-§. IŞE KABUL ETMEK

## ZÄHMET ŞERTNAMASY

Amalyýetde zähmet hukugy raýatlyk hukugy bilen ýygy-ýygydan utgaşyp durýar. Ýöne olar bir-birinden düýpli tapawutlanýar. Olaryň tapawudyny bilmek zerur bolan ýagdaýlarda her bir konkret ýagdaýda haýsy kanunçylygy: zähmet ýa-da raýatlyk kanunçylygyny ulanmak gerekligini anyklap almak üçin zerurdyr.

## ZÄHMETE DEGIŞLI GATNAŞYKLAR UGRUNDA IŞGÄRLERIŇ BÄHBIDINI GORAMAK

Bazar gatnaşyklarynyň ösüşi şertinde zähmet şertnamasyny tuzayot- gan taraplaryň her bir kärhananyň işini gowulandyrmakdan bähbitli, çünki munda her bir işgäriň madddy hal-ýagdaýy-da ýokarlanýar. Şunuň bilen birlikde zähmet işi prosesinde zähmet hukugynyň aýratyn normalaryny ulanmak sebäbine görä düşünişmezlik we dawalar gelip çykmagy mümkin.

Zähmet kodeksine laýyklykda (21-nji madda, 1-nji bölüm) zähmete degişli gatnaşyklarda işgärleriň bähbitlerini goramagy kärhanadaky kärdeşler bileleşikleri, olaryň saýlanyp goýulýan edaralary (kärdeşler bileleşigi komitetleri) zähmet dawalary komissiýalary hem-de tümen we şäher sudlary amala aşyrmagy mümkin. Kärhanada işgärleriň bähbitlerini aňladýan guramalaryň işi diňe olary saýlan işgärleriň kararyna görä, şonuň ýaly-da, amaldaky kanunlara ters hereketler amala aşyrylanda — sud tarapyndan ýatyrylmagy mümkin.

Işçi bilen iş berijiniň özara hukuklaryny we borçlaryny anyklamakda kollektiw we ýekebara **zähmet şertnamasy (kontrakt)** möhüm orun tutýar. Ol zähmet gatnaşyklarynyň emele gelmegi üçin esas bolup hyzmat edýär.



**Zähmet şertnamasy** — belli bir hünär, türgenlik, taraplaryň ylalaşygy bilen bellenilen şertlerde içerki tertibe amal etmek bilen birlikde wezipe boýunça işleri ýetine ýetirmek barada işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyk.

## ZÄHMET ŞERTNAMASYNYŇ ŞERTLERI

Zähmet şertnamasy, eger taraplar olaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitläp berýän şertlere degişli ylalaşyk gazanylan bolsa, düzülen hasaplanýar.

Taraplar tarapyndan işlenip taýýarlanan şertler köp sanlydyr, şu sebäpli-de zähmet kanunçylygy iki topardaky şertleri garap çykýar: esasy we goşmaça. Goşmaça şertler doly ylalaşýan taraplara bagly we kanunçylyk tarapyndan çäklendirilmeýär.

**Aşakdakylar iş berijiler bolmagy mümkin:**

— kärhanalar, şol sanda, olaryň aýratyn düzüm bölekleri öz ýolbaşçylary tymsalynda;
— mülkdaryň özi şol bir wagtda ýolbaşçy bolan hususy kärhanalar;
— on sekiz ýaşyna dolan käbir şahslar kanun resminamalarynda nazarda tutulan ýagdaýlarda.
— Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde işgärleri hakyna tutýan ýekebara telekeçiler.

**Her bir işgär:**

— öz zähmeti üçin kanun resminamalarynda Zähmete hak tölemegiň ýeke-täk tarif setkasynyň birinji razrýady boýunça bellenilenden az bolmadyk mukdarda hak almak;
— möhletleriniň çägi kesgitlenen iş wagtyny ornaşdyrmak, ençeme kärler we işler üçin iş gününi gysgaltmak, her hepdelik dynç alyş günleri, baýram günleri, şonuň ýaly-da hak tölenýän ýyllyk dynç alyşlar bermek arkaly üpjün edilýän dynç alyş;
— käre taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünärini kämilleşdirmek;
— iş bilen baglylykda saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;
— kärdeşler bileleşiklerine hem-de işgärleriň we zähmet kollektiwleriniň bähbitlerini aňladýan başga guramalara birleşmek;
— garranda, zähmet ukybyny ýitirende, ekleýjisinden mahrum bolanda we kanunda nazarda tutulan başga ýagdaýlarda sosial üpjünçilik almak;
— özüniň zähmet hukuklaryny goramak, şol sanda sud arkaly goramak we hünärli ýuridik kömek almak;
— kollektiwlere degişli zähmet dawarynda öz bähbitlerini goldamak hukugyna eýedir.

**Iş beriji:**

— kärhanany dolandyrmak we öz ygtyýarlyklary çäginde özbaşdak kararlar kabul etmek;

— kanun resminamalaryna laýyklykda ýekebara zähmet şertnamalaryny düzmek we ýatyrmak;

— zähmet şertnamasynda şert hökmünde görkezilen işi gerekli derejede ýerine ýetirmegi işgärden talap etmek;

— öz bähbitlerini goramak üçin başga iş berijiler bilen birlikde jemgyýetçilik birleşmelerini düzmek we şeýle birleşmelere agza bolmak hukugyna eýedir.

Zähmet şertnamasy düzülenden soň buýruk çykarylýar, ol işgäre gol çekdirip mälim edilýär. Işe kabul etmek şertnamada görkezilen günden başlap hasaplanýar.

### ZÄHMET ŞERTNAMASY:

— näbelli bir möhlete;

— belli bir möhlete (bäş ýyldan artyk bolmadyk);

— belli bir işi ýerine ýetiren wagtyna düzülýär.

Özbegistan Respublikasynyň zähmet kanun resminamalaryna laýyklykda adamyň zähmete ukyby (ýagny zähmete bolan öz hukugyny amala aşyrmak ukyby) 16 ýaşdan başlanýar..

Ýaşlary zähmete taýýarlamak üçin umumtälim mekdepleri, ýörite orta, kesp-hünär okuw mekdepleriniň okuwçylaryny olaryň saglygyna hem-de ruhy we ahlak kämilleşmegine zyýan ýetirmeýän, tälim almak prosesini bozmaýan ýeňil işi okuwdan boş wagtynda ýerine ýetirmegi üçin — olar on bäş ýaşyna dolandan soň ata-enesinden biriniň ýa-da ata-enesiniň ýerini tutýan şahslardan biriniň ýazma razylygy bilen işe kabul edilmegine ýol berilýär.



**1-nji ýumuş.**

Özara rollary (işgär we iş beriji) bölüşip alyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleri işe kabul etmek baradaky zähmet şertnamasynyň tekstini düzüň. Şeýle ýaşda işiň aýratynlyklaryna üns beriň.

Zähmet şertnamasy ýazma şekilde düzülýär...

...Zähmet şertnamasy birmeňzeş güýje eýe bolan iň bolmanda iki nusgada düzülýär we her bir tarapa saklamak üçin berilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 74-nji madda.**

**2-nji ýumuş.**

Maslahatlaşyp, işgär bilen iş beriji arasyndaky dawany çözmäge degişli öz wariantyňyzy teklip ediň. Emele gelen dawanyň nädip öňüni almak mümkinligini hem bellik ediň.

**Ýagdaý.**

Zawodyň direktory öňki synpdaşy, indi ýokary hünärli hünärmeni hoşallyk bilen garşy aldy. Onuň mekdebi tamamlandan soňky durmuşy barada soraşdyryp mekdep ýyllaryny, institutdaky okuw döwrüni ýatlap, direktor A-ny darrew işe kabul etmegi buýurdy.

— Soňrak resmileşdiribereris, — diýip işgärler bölüminiň başlygyna elini silkdi...

Bir aýdan soň öňki dostlar zähmet hakynyň mukdary, iş wagtyny we şertlerini anyklan mahalynda umuman ylalaşmadylar. Ahyrky netijede A. öz islegine görä işden boşady. Öňki dostlar duşman bolup aýryldylar.

**Hany, wakalar şeýle ýagdaýda gutarmagynyň öňüni nädip almak mümkin bolardy? Kärhanada işe başlamak bilen, A. nähili ýalňyşlara ýol berdi?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Işgärleriň bähbitlerini haýsy guramalar goraýar?
2. Zähmet şertnamasyna nähili şertler hökman girizilmeli?
3. Zähmet şertnamasy nähili möhlete düzülýär?
4. Işgärleri näçe ýaşdan we nähili şertlerde işe çekmek mümkin?
5. Zähmet şertnamasyna nähili goşmaça şertler girizilmegi mümkin?

# 22-§. ZÄHMETI GORAMA

## KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLERI IŞE KABUL ETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Okuwçylaryň zähmet terbiýesi, olary ýuwaş-ýuwaşdan zähmete çekmek maksadynda kanunçylyk tarapyndan kämillik ýaşyna ýetmedikleri işe ýerleşdirmäge rugsat edilýär. Munda saglygyna zyýan ýetirmeýän we mekdepdäki okuw prosesine päsgel bermeýän ýeňil zähmeti bermek hem-de ata-enesinden biriniň ýa-da olaryň ýerini tutujy şahsyň razylygy hökman hasaplanýar. Soňky şerti şunuň bilen düşündirmek bolýar, ýagny ata-enesi ýetginjegi işe ýerleşdirmezden öň iş şertleri bilen tanyşmaly we onuň saglygyna howp bolan ýagdaýda, kontrakt düzmegi ret etmeli. Ýetginjegiň özi durmuş tejribesi ýoklugy sebäpli boljak işiň bar bolan nämakul şertlerine üns bermezligi mümkin.

### IŞE KABUL ETMEK:

**15 ýaşdan:**

— ata-enesinden biriniň ýazma razylygy bilen (çünki ata-enesi hökman iş şertlerini bilmeli we olara razy bolmaly);
— dynç alyş wagtynda ýa-da okuw wagtyndan boş bolanda;
— doly bolmadyk iş güni şertinde (hepdesine 12 sagatdan köp bolmadyk);
— ýeňil zähmeti ýetine ýetirmek üçin (bir wagtyň özünde 4,1 kg-dan köp bolmadyk ýükleri daşamak);

**16 ýaşdan 18 ýaşa çenli:**

— ata-enesinden biriniň ýazma razylygy bilen;
— doly bolmadyk iş güni şertinde (hepdesine 24 sagatdan köp bolmadyk);
— ýeňil zähmeti ýetine ýetirmek üçin (bir wagtyň özünde 4,1 kg-dan köp bolmadyk ýükleri daşamak).

### IŞE KABUL ETMEKDÄKI GOŞMAÇA KEPILLER WE ÝEŇILLIKLER



— 16 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan şahslaryň iş wagty diňe ýükleri elde götermek we daşamak bilen bagly bolan işlerden ybarat bolanda, olar üçin ýük götermek we daşamak normasynyň araçägi 4,1 kg-dan agyr

bolman, şonuň ýaly-da olar arabajygyň we wagonetkanyň kömeginde ýük daşamaga çekilmelidirler.

— 16 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler iş wagtynyň üçden bir bölegi ýükleri elde götermek we daşamak bilen bagly işlerden ybarat bolanda, elde ýük götermek we daşamak normalarynyň araçägi: oglanlar üçin — 6,5 kg, gyz çagalar üçin — 3,5 kg dan agyr bolmaly däl.

— 16 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň iş wagty diňe ýükleri elde götermek we daşamak bilen bagly işlerden ybarat bolanda, olar üçin ýük götermek we daşamak normasynyň araçägi 2 kg-dan agyr bolmaly däl.

— 16 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmediklere arabajygyň we wagonetkanyň kömeginde ýük daşamaga rugsat edilmeýär.

**("On sekiz ýaşa dolmadyk şahslar götermegi we daşamagy mümkin bolan agyr ýük normalarynyň araçägini kesgitlemek barada" Düzgünnama**

## MASLAHATLARYMYZ

### IŞ GÖZLEÝÄRIN

Amaly tejribä eýe bolmazdan, göwne ýakýan, onuň üstesine hünär boýunça iş tapmak gaty kyn. Ýöne bu zat sizi iş tapylýança garaşyberiň, diýildigi däl. Eger bütin Özbegistanda bolmasa-da, hiç bolmasa özüňiz ýaşaýan kwartalda iş tapmak isleýändigiňiz barada bildiriş beriň:

— bildirişi (munuň üçin bellenilen ýerlerde) ýelmäp çykyň;
— iş bar-ýoklugy barada sorag bilen döwlet we hususy kärhanalara ýüzleniň;
— tümen iş biržasyna baryp görüň;
— gazetlerdäki bildirişler bilen yzygider tanşyň.

Iň gyzykly şertlerde teklip edilen işden, eger ony kontrakty gol çekmek şertisiz teklip etseler, ret edeniňiz makul. Köp ýagdaýlarda beýle işe «kabul etmek» birnäçe wagtdan soň işlenen wagta hak tölemän, sebäp tapyp, sizi işden boşatmak bilen gutarýar.





**Bilimleriňizi synaň!**

1. Zähmet hukugynyň esasy çeşmelerini sanap beriň.
2. Zähmet hukugynyň özboluşly aýratynlyklary nämeden ybarat?
3. Zähmet gatnaşyklary nähili prinsipler esasynda gurulýar? Zähmet gatnaşyklarynyň taraplaryny sanap beriň.
4. Zähmet gatnaşyklary ugrunda işgärleriň bähbitlerini haýsy guramalar goraýar?
5. «Mejbury zähmet» diýende nämäni düşünýärsiňiz we haýsy ýagdaýlarda şeýle zähmet gadagan edilmedik?
6. «Zähmet şertnamasy» düşünjesine kesgitleme beriň. Ol nähili şekilde düzülmegi mümkin?
7. Zähmet şertnamasy agzeki şekilde düzülmegi mümkinmi?
8. «Zähmet şertnamasy» we «kontrakt» düşünjeleriniň arasynda tapawut barmy?
9. Zähmet şertnamasyny näme üçin düzmeli?
10. Zähmet şertnamasynyň tekstine nähili şertleri girizmeli?
11. Näçe ýaşdan başlap işe kabul edilýär?

## 23-§. IŞE KABUL EDILENDE RESMINAMALARY RESMILEŞDIRMEK

### IŞE ÝERLEŞMEK ÜÇIN ZERUR BOLAN RESMINAMALAR

Zähmet kanunçylygy bilen işe kabul etmekde administrasiýa talap edýän hökman bolmaly resminamalaryň anyk sanawy bellenilen. Iş berijä işe kabul edende kanunda nazarda tutulmadyk resminamalary talap etmek berk gadagan edilýär.

Işe kabul etmek administraýanyň buýrugy bilen resmileşdirilýär, buýruk hökman işgäre mälim edilip, bu hakda dilhaty alynýar. Buýrukda ştat jedweline laýyklykda işgär kabul edilen wezipäniň anyk ady görkezilmelidir. Buýruga görä zähmet depderçesine-de ýazyp goýulýar. Işiň başlanyşy adatda zähmet şertnamasyny düzende administraýa bilen ylalaşyga görä bellenilýär. Ýöne buýruk çykmagyna ýa-da zähmet şertnamasynyň resmileşdirilmegine seretmezden, hakykatda işe düşmek zähmet wezipelerini ýerine ýetirip başlamak hasaplanýar.

Şeýdip, iş beriji işgärden aşakdaky resminamalary talap etmäge mejbur:

**15 ýaşdan 16 ýaşa çenli:**

— ata-enesinden biriniň ýa-da hossaryň biriniň ýazma razylygy;
— okuw mekdebiniň maglumatnamasy (ol hakykatdan hem şu mekdep okuwçysydygy barada, okuw wagty görkezilen ýagdaýda);
— dogluş baradaky şahadatnama we ýaşaýan ýerinden maglumatnama;
— saglygynyň ýagdaýy barada maglumatnama;

**16 ýaşdan 18 ýaşa çenli:**

— ýaşaýan ýerinden maglumatnama ýa-da pasport (hemişelik ýa-da wagtlaýyn hasaba alnan belgisi bilen);
— armiýa çagyrylýanyň hasap şahadatnamasy (goranma bölüminde);
— maglumat ýa-da bar hünäri barada resminama;

saglygynyň ýagdaýy barada maglumatnama;

**18 ýaşdan:**

— pasport (hemişelik ýa-da wagtlaýyn bellik edilenlik ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça hasaba alnan belgisi bilen);
— zähmet depderçesi (birinji gezek işe girýänler — ahyrky işi barada ýaşaýan ýerinden maglumatnama);

— harby bilet ýa-da hasap şahadatnamasy (harby gulluga mejburlar ýa-da çagyrylýanlar üçin);

– ýokary ýa-da ýörite orta okuw mekdebini tamamlandygy baradaky diplom ýa-da belli bir işi ýetine ýetirmek hukugyny berýän şahadatnama.



Işe kabul eden wagtynda işe girýän şahsdan kanun resminamalarynda görkezilmedik resminamalary talap etmek gadagan edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 80-nji madda**

Ýetginjekler diňe öňündan lukmançylyk gözegçiliginden geçirlip, işe kabul edilýär, soňluk bilen olar 18 ýaşa dolýança şeýle gözden geçirişden her ýyl geçirilýär. Bu ýerine ýetirilýän işiň olaryň saglygyna ähtimal bolan erbet täsirini barlamak zerurlygy bilen bagly. Kämillik ýaşyna ýeten işgärler, eger olar agyr işlerde ýa-da zyýanly ýa-da howply iş şertleri bilen meşgul bolsalar, şu maksatda her ýylky mejbury lukmançylyk gözden geçirişden geçýärler. Lukmançylyk gözden geçiriş azyk önümlerini, adamlary bejermek, çagalary terbiýelemek we tälim bermek bilen meşgul bolan işgärler üçin hem mejburydyr. Munuň bilen olar hyzmat edýän müşderileriň howpsuzlygy kepillendirilýär.



Iş beriji aşakdaky taýpalara degişli işgärlerden saglygynyň ýagdaýy barada maglumatlary talap etmäge mejbur:

— 18 ýaşa dolmadyklar;
— 60 ýaşa dolan erkekler, 55 ýaşa dolan aýallar;
— maýyplar;
— zähmet şerti amatsyz şertlerde, şonuň ýaly-da transport bilen bagly işlerde işleýänler;
– çagalary bejermek, terbiýelemek we tälim bermek bilen meşgul bolanlardan.

Görkezilen ýagdaýlarda, iş beriji lukmançylyk gözden geçirişden geçmedik şahsy işe kabul etmäge, işe girýän ondan geçmekden boýun towlamaga hakly däldir.

# ZÄHMET DEPDERÇESI

Zähmet depderçesi işgäriň zähmet stažyny tassyklaýan esasy resminamadyr.

Zähmet depderçesi:

— işe birinji gezek girende — iş başlandan 5 günden gijikdirmezden doldurylýar;

ýitende — nusgasy ýazyp berilýär (soňrak öňki ýazuwlar dikeldilýär).

Oňa aşakdaky ýazuwlar girizilýär: işe kabul edilen senesi, hünäri, wezipesi, höweslendirmeler, işden boşan senesi görkezilýär.



## SYNAG MÖHLETI

Iş berijiniň kararyna görä işgäriň tabşyrylýan işe ýaramlylygyny barlamak üçin ony işe kabul etmek synag baradaky şert bilen resmileşdirilmegi mümkin. Munda anyk synag möhleti bellenilýär. Kanun resminamalary tarapyndan iň köp möhlet — 3 aý bellenilen. Synaga döz gelmedik şahslar işden boşadylýar. Eger işgär zähmet şertnamasyny synag möhleti şerti bilen düzmekden boýun towlasa, onda iş beriji ony işe kabul etmegi ret etmäge hakly.

Synag möhleti diňe bir işgäriň tabşyrylýan işe ukyplylygyny barlap görmek däl, eýsem oňa şu iş dogry gelýändigine göz ýetirmek mümkinçiligini bermek üçin hem bellenýär. Eger ol bu iş oňa dogry gelmeýändigini bilse, onda ol öz islegine görä, iş berijini üç gün öň ýazuw üsti bilen duýduryp, işi bes etmegi mümkin.

Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksiniň 84-nji maddasynyň 3-nji abzasyna görä, iş beriji aşakdaky taýpa degişli şahslara görä synag möhletini bellemähe hakly däldir:

— göwreli aýallara;
— üç ýaşa dolmadyk çagalary bar bolan aýallara;
— kärhana üçin bellenilen minimal iş ýerleriniň hasabyndan işe iberilen şahslara;
— ýörite orta, kesp-hünär okuw mekdepleriniň hem-de ýokary okuw mekdepleriniň degişli okuw mekdebini tamamlan günden başlap üç ýylyň içinde birinji gezek işe girýän uçurymlar işe kabul edilende;
— işgärler bilen alty aýa çenli möhlete zähmet şertnamasy düzülende.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri we işgär esasly sebäplere görä işde bolmadyk başga döwürler deslapky synag möhletine girizilmeýär.

Eger deslapky synag möhleti gutarýança taraplardan hiç biri-de zähmet şertnamasyny ýatyrmagy talap etmedik bolsa, şertnamanyň amal edişi dowam edýär we mundan beýläk ony ýatyrmaga umumy esaslarda ýol berilýär.



**Şu ýagdaýa garaň.**

**Ýagdaý.**

S-ni 2 aýlyk synag möhleti bilen terjimeçi hökmünde işe kabul etdiler. Synag möhleti gutarmaga iki gün galanda, oňa administrasiýa synag möhletini ýene bir aýa uzaltmak barada karar kabul edendigini mälim etdi.

Iki hepdeden soň kärhana terjimeçi hökmünde başga işgär işe kabul edildi, S-ge bolsa ol synag möhletine döz gelmändigi üçin işden boşadylandygy barada mälim edildi.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygy bozulypmy? Şu işden boşatmak S. hukuklaryny bozmak hasaplanýarmy? Eger şeýle bolsa, S. öz hukuklaryny nädip gorap biler?**



**Bilimleriňizi synaň!**

1. 14 ýaşdan 15 ýaşa çenli bolan ýetginjeklere işleriň haýsy görnüşlerini ýetine ýetirmek gadagan edilýär?
2. Işe kabul edende administrasiýa nähili resminamalary tabşyrmaly:
   1) 15 ýaşdan; 2)16 ýaşdan 18 ýaşa çenli; 3) 18 ýaşdan?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri haýsy şertlerde işe kabul etmäge rugsat edilýär:
4. 1) 15 ýaşdan; 2) 16 ýaşdan; 3) 17 ýaşdan 18 ýaşa çenli?
5. Işe kabul edende synag möhleti nähili maksatda bellenilýär?
6. Iş beriji işe kabul edende saglygy barada lukmançylyk maglumatnamasyny talap etmegi hökmanmy?
7. Haýsy ýagdaýlarda işe kabul etmegi ret etmäge rugsat edilýär?

## 24-§. ZÄHMETE HAK TÖLEMEK WE DÜZGÜN-NYZAM

### ZÄHMET HAKYNYŇ MUKDARYNY KESGITLEMEK

Zähmet şertnamasy şertleri we zähmet kanunçylygyna görä her bir işgäriň zähmet haky onuň şahsy zähmet goşandy we zähmet hiline bagly. Munda jynsyna, ýaşyna, milletine we başgalara garap zähmet hakynyň mukdarlaryny islendikçe peseltmek gadagan edilýär.

Işleýän hünäri ýa-da onuň wezipesi her bir kimsäniň anyk goşandyny doly bellik edip bilmeýär. Şu sebäpli zähmet üçin sylaglaryň anyk indiwidual mukdarlary iş hakynyň dürli ulgamlarynyň kömeginde bellenilýär.



**Iş haky** — işgäre ýerine ýetirilen iş üçin sylag hökmünde yzygider tölenýän, zähmet şertnamasynda ylalaşylan pul summasydyr.

Özbegistan Respublikasynda zähmete hak tölemegiň iki esasy şekli ulanylýar — wagtlaýyn we potratlaýyn.

Wagtlaýyn ulgamdan köplenç iş haky işlän wagtyndan gelip çykyp we wezipe aýlygyna görä ýazylýan gullukçylar zähmetini bahalanda peýdalanylýar.

Potratlaýyn ulgamda işçileriň zähmetini bahalanda her bir taýýarlanan önüm birliginiň hiline görä tölenýän hak düşünilýär.

Zähmet hakynyň mukdary iş beriji bilen işgäriň arasyndaky ylalaşyga görä bellenilýär. Munda belli bir döwür üçin iş wagty normasyny işläp beren we zähmet wezipelerini doly ýerine ýetiren işgäriň zähmet haky zähmet kanunlary bilen bellenilen iň kem mukdardan az bolmagy mümkin däl we iň köp mukdary hiç hili çäklendirilmeýär.

Zähmete hak tölemegiň möhletleri zähmet şertnamasyna gol çekilende ylalaşylýar, ýöne her ýarym aýda bir gezekden kem bolmaly däl.

Zähmet hakynyň iň kem mukdaryna goşmaça tölegler we goşmaça pul hem-de sylaglar we höweslendirmek üçin niýetlenen başga tölegler goşulmaýar.

On sekiz ýaşa dolmadyk işgärleriň gündelik iş wagty gysgaldylan ýagdaýlardaky zähmetine hak gündelik iş wagty doly bolan wagtda degişli taýpadaky işgärlere berilýän mukdarda tölenýär.

Kärhanalarda okuwdan boş wagtynda işleýän okuwçylaryň zähmetine işlenen wagtyna laýyklykda ýa-da öndüren önümine garap hak tölenýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi,**
**243-nji madda**

**2-nji ýumuş.**

Jedweli göçüriň. Kärleriň haýsy bir görnüşini zähmete hak tölemegiň potratlaýyn, haýsy birini bolsa wagtlaýyn şeklinde tölemek peýdaly bolýandygyny görkezip, ony dolduryň. Öz pikiriňize delil getiriň.

| № | Hünärler | Hak tölemek ulgamy | | Deliller |
|---|---|---|---|---|
| | | wagtlaýyn | potratlaýyn | |
| 1 | Mugallym | | | |
| 2 | Ofisiant | | | |
| 3 | Gurluşykçy | | | |
| 4 | Garawul | | | |
| 5 | Uçujy | | | |
| 6 | Telekeçi | | | |
| 7 | Kärhana ýolbaşçysy | | | |
| 8 | Aşpez | | | |
| 9 | Içeri işler işgäri | | | |

## IŞ WAGTYNDAN DAŞARY IŞLER HEM-DE DYNÇ ALYŞ WE BAÝRAM GÜNLERINDÄKI IŞLER ÜÇIN HAK TÖLEMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Zähmet kanunlaryna görä baýram günlerinde işlemek berk gadagan edilýär. Ýöne iş wagtyndan daşary, dynç alyş we baýram günleri işgärleri işe çekmek zerur bolan ýagdaýlar döreýär: tebigy apat ýa-da önümçilik pelaketiniň öňüni almak ýa-da ýok etmek; bagtsyz hadysalar ýa-da emläk ýitmeginiň öňüni almak zerurlygy; kärhananyň gelejek işi üçin zerur bolan gyssagly işi ýetine ýetirmek, meselem, elektrik geçiriji liniýasynyň üzülmegi, elektrotransformatory çalşyrmak zerurlygy, nebit turbasynyň ýa-da gaz turbasynyň deşilmegi, daş ýoldaky opurylma we başgalar.



**Iş haky aşakdaky ýagdaýlarda iki paý mukdarynda tölenýär:**

— iş wagtyndan daşary;
— dynç alyş günleri;
— baýram günleri;
— ýa-da başga dynç alyş gününi (otgul) bermek bilen öwezini dolmak mümkin.

## DÜZGÜN-NYZAMY

Kärhanada zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmegiň zerur şerti zähmet kollektiwi tassyklan Içki tertip düzgünleri kesgitleýän anyk zähmet tertibini ýola goýmak hasaplanýar. Şoňa görä her bir işgär işe girişmezden öň öz hukuklary we borçlary bilen tanyşdyrylmalydyr.

Esasan zähmet düzgün-nyzamy zähmete aňly gatnaşykda bolmak bilen esaslanýar, ýöne zähmet kanun resminamalary bozuk işgärlere görä düzgün-nyzam täsir çärelerini bellemek zerurdygyny hem hasaba alýar.

Düzgün-nyzamy bozanlygy üçin iş beriji düzgün-nyzam jeza çärelerini ulanmaga hakly. Ony ulanmazdan öň işgärden ýazuw üsti bilen düşündiriş hatyny talap edilmeli. Düzgün-tertip jeza gönüden-göni ýerliksiz hereket anyklanandan soň, emma bu hereket anyklanan gününden başlap uzagy bilen 1 aýyň içinde ulanylýar. Maliýe-hojalyk işini rewiziýa etmek ýa-da barlamak netijelerine görä — edilen günden başlap iki ýyldan galdyrmaýar.

Düzgün-tertip jeza berlendigi baradaky buýruk işgäre mälim edilip, dilhaty alynýar.

Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksiniň 181-nji maddasynda bellenen Zähmet düzgün-nyzamyny bozandaky jezanyň görnüşleri:

— käýinç;
— jerime — ortaça aýlyk iş hakynyň 30% -inden artyk bolmadyk mukdarda (içki tertip düzgünlerine laýyklykda mundan-da uly jerime nazarda tutulmagy mümkin, ýöne ol ortaça aýlyk iş hakynyň 50% -inden geçmeli däldir);
— zähmet şertnamasyny ýatyrmak.

## DÜZGÜN-TERTIP JEZANYŇ AMAL EDIŞ MÖHLETI

Düzgün-tertip jezanyň amal ediş möhleti jeza ulanylan günden başlap bir ýyldan geçmegi mümkin däl. Eger işgär bir ýylyň dowamynda täzeden düzgün-tertip jeza çekilmese, ol düzgün-tertip jezany almadyk hasaplanýar.

— Jezanyň amal ediş möhleti — 1 ýyl (bir ýyl geçenden soň öz-özünden alyp taşlanýar);
— jezany möhletinden öň alyp taşlamak hem mümkin;
— jeza zähmet depderçesine hem-de işgäriň şahsy kartoçkasyna girizilmeýär;
— her bir ýerliksiz hereket üçin ýerliksiz hereket anyklanandan soň uzagy bilen bir aýyň içinde diňe bir düzgün-tertip jeza ulanylmagy mümkin;
— düzgün-tertip jeza ulanandygy baradaky buýruk işgäre mälim edilip, dilhaty alynýar.

Düzgün-tertip jeza zähmet depderçesine girizilmeýär, kärhanada işden boşandan soň işgäriň täze iş ýerine berilmeýän şahsy işinde bellik edilýär. Iş beriji ýylyň dowamynda öz islegi bilen, işgäriň ýa-da zähmet kollektiwiniň haýyşyna görä düzgün-tertip jezany alyp taşlamaga hakly.



Zähmet kodeksinde nazarda tutulmadyk düzgün-tertip jezalary ulanmak gadagan edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 181-nji madda**

## ZÄHMET ŞERTNAMASYNYŇ TARAPLARYNYŇ MADDY JOGAPKÄRLIGI

Işgär aşakdaky ýagdaýlarda iş berijä oňa gönüden-göni ýetiren zyýanlaryny doly mukdarda öwezini dolmaga mejbur:

— mahsus ýazmaça şertnama esasynda oňa ynanyp tabşyrylan gymmatbaha enjamlaryň saklanyşyny üpjün etmänligi üçin;
— bir gezeklik resminama esasynda alnan gymmatbaha enjamlaryň saklanyşyny üpjün etmänligi üçin;
— bilkastdan zyýan ýetirilende;
— alkogolly içgiler ýa-da toksiki maddanyň täsirinden pýan ýagdaýda zyýan ýetirilende;
— işgäriň suduň hökmi bilen anyklanan jenaýatçylykly hereketleri netijesinde zyýan ýetirilende;
— täjirçilik syrlary äşgär edilende.



On sekiz ýaşa dolmadyk işgärler diňe bilkastdan ýetirilen zyýan üçin, alkogolly içgiden, heşekeşlik ýa-da toksiki madda täsirinden pýan ýagdaýynda ýa-da jenaýat etmek netijesinde ýetirilen zyýan üçin doly maddy jogapkär bolýarlar.

## ZÄHMET ÜÇIN HÖWESLENDIRMELER

Zähmete döredijilili gatnaşykda bolanlygy we işdäki ýokary görkezijileri üçin işgäre aşakdaky höweslendirme çäreleri ulanylmagy mümkin:

— minnetdarlyk yglan etmek;
— sylag berilmegi;
— gymmatbaha sowgat bilen sylaglamak;
— döwlet sylagyna hödürlemek;

zähmet şertnamasynda nazarda tutulan başga höweslendirme görnüşleri.

## ZÄHMETDÄKI ÜSTÜNLIKLER ÜÇIN DÖWLET SYLAGLARY



«Şöhrat» medaly bilen respublikanyň ykdysadyýetini, ylmyny we medeniýetini ösdürmek, ýaş nesli watanparwerlik hem-de milli garaşsyzlyk we sosial ösüş taglymlaryna wepalylyk ruhunda terbiýelemek işinde özüniň halal zähmeti bilen uly üstünlikleri gazanan Özbegistan Respublikasynyň raýatlary hem-de Özbegistan Respublikasynyň raýaty bolmadyk şahslar sylaglanýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Kanuny,**
**1994-nji ýyl, 5-nji maý**



«Zähmet şöhraty» ordeni bilen ykdysadyýetiň we medeniýetiň ýokarlanmagyna, halkyň bolelinligini artdyrmaga, parahatçylygyň we durnuklylygyň saklanmagyna hyzmat edýän uly işleri sylaglanýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Kanuny,**
**1995-nji ýyl 30-njy awgust**

**Wezipeleri bölüp alyň: işgär, ussa, seh başlygy, zähmet dawalary komissiýasy. Bir-biriňizi taraplaryň her biriniň kararynyň kanunydygyna ynandyryň.**

Ussanyň rugsady bilen işçi N. günortanlyk arakesmeden soň işe çykmady. Ol agza bolan önümçilik brigadasy öz tabşyrygyny ýerine ýetirmedi. Sehiň buýrugyna görä N. aýyň jemleri boýunça sylagdan mahrum edildi.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygy bozulypmy?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Özbegistanda zähmete hak tölemegiň haýsy esasy ulgamlary bar? Olar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?
2. Iň kem iş haky mukdaryny bellemekde nähili çäklendirmeler bar?
3. Dynç alyş we baýram günlerindäki işe hak nähili tölenýär?
4. Zähmet kanunlarynda zähmet üçin nähili höweslendirmeler nazarda tutulan?
5. Zähmet düzgün-nyzamyny bozanda işgäre nähili jeza görnüşleri ulanylýar?

## 25-§. IŞ WAGTY WE DYNÇ ALYŞ WAGTY. ZÄHMET ŞERTNAMASYNY ÖZGERTMEK WE ÝATYRMAK

### IŞ WAGTY

Häzirki jemgyýetde işçileriň we gullukçylaryň zähmeti mazmuny we çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Hemme işleýänleriň işini nähili bir sany ölçeg bilen ölçemek mümkin? Iş wagty şeýle ölçeglerden biri hasaplanýar. Ony tertibe salmak bilen, döwlet belli bir zähmet netijelerine hem-de iş wagtynyň dowamlylygyna garap höweslendirme mukdaryny kesgitleýär we şunuň bilen Konstitusiýada ýazylan dynç alyş hukugynyň hakykydygyny üpjün edýär.



Işgär üçin iş wagtynyň normal möhleti hepdesine 40 sagatdan artyk bolmagy mümkin däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 115-nji madda**

**Iş hepdesiniň görnüşleri:**

— bäş günlük — iki günlük dynç alyş güni bilen;
— alty günlük — bir günlük dynç alyş güni bilen.

### IŞ WAGTY

— 6 günlük iş hepdesinde — gününe 7 sagat;
— 5 günlük iş hepdesinde — gününe 8 sagat;
— 15 ýaşdan 16 ýaşa çenli bolan şahslar üçin — hepdesine uzagy bilen 24 sagat;
— 16-dan 18 ýaşa çenli bolan şahslar üçin — hepdesine uzagy bilen 36 sagat;
— iş wagtyndan daşary işler — üznüksiz iki günüň dowamynda uzagy bilen 4 sagat;
— üznüksiz iki smenanyň dowamynda işe çekmek gadagan edilýär;
— amatsyz zähmet şertlerindäki işlerde — hepdesine 36 sagat (117-nji madda);
— baýram (işlemeýän) günleriniň öňüsyrasyndaky işiň möhleti 1 sagada gysgaldylýar (121-nji madda);
— gijeki wagtdaky iş (22.00-dan 6.00 çenli) 1 sagada gysgaldylýar (122-nji madda).

**2-nji ýumuş.**

Kärhana kollektiwiniň 5 günlük iş hepdesinde baýramyň öňüsyrasyndaky iş grafigini düzüň. Kärhana 2 smenada işleýär. Kollektiw aşakdaky ýaşdaky işgärlerden ybarat:

— 15 ýaşa çenli — 5 adam;
— 16 ýaşa çenli — 1 adam;
— 18 ýaşa çenli — 12 adam;
— 30 ýaşdan ýokary — 20 adam.

## DYNÇ ALYŞ WAGTY WE BAÝRAM GÜNLERI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda raýatlaryň zähmet hukugy dynç alyş hukugy bilen doldurylýar. Dynç alyş hukugy diýende işgärler zähmet wezipelerini ýerine ýetirmekden azat edilen we mundan olar öz islegine görä peýdalanmagy mümkin bolan wagt düşünilýär. Dynç alyş hukugynyň anyk görnüşine kanun tarapyndan bellenilen iş wagty dowamyndaky arakesmeler (iş başlanandan soň uzagy bilen 4 sagatdan soň), gündelik dynç alyş (iş günleriniň we smenalaryň arasynda), hepdelik dynç alyş günleri, baýram (işlemeýän) günleri we dynç alyş girýär.

Dynç alyş wagty — işgär zähmet wezipelerini ýerine ýetirmekden boş bolan we mundan ol öz islegine görä peýdalanmagy mümkin bolan wagtdyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 126-njy madda**

**Dynç alyş wagty:**

— dynç alyş we naharlanmak üçin arakesme (uzagy bilen 2 sagat);
— gündelik dynç alyş (iň bolmanda 12 sagat);
— dynç alyş günleri (5 günlük iş hepdesinde — iki gün, 6 günlük iş hepdede — bir gün);
— dynç alyş günleri işlemek gadagan edilýär (käbir işgärleri diňe aýratyn ýagdaýlarda işe çekmäge rugsat edilýär, zähmete hak iki paý mukdarda tölenýär);
— ýyllyk dynç alyşlar (iň kemi — 15, iň köpi — 48 iş güni);
— baýram günleri.

**Baýram (işlenmeýän) günleri:**

— 1-nji ýanwar — Täze ýyl;
— 8-nji mart — Aýal-gyzlar güni;
— 21-nji mart — Nowruz baýramy;
— 9-njy maý — Hatyra we hormatlama güni;
— 1-nji sentýabr — Garaşsyzlyk güni;
— 1-nji oktýabr — Mugallymlar we terbiýeçiler güni;
— 8-nji dekabr — Konstitusiýa güni;
— Oraza baýramy – Haýyt (Iýd al-Fitr) dini baýramynyň birinji güni;
— Gurban baýramy – Haýyt (Iýd al-Adha) dini baýramynyň birinji güni.

## ZÄHMET DYNÇ ALŞY



Ýyllyk esasy dynç alyş birinji iş ýyly üçin alty aý işlenenden soň berilýär...

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi,**
**143-nji madda**

Aşakdakylara olaryň ýaşy we saglygy ýagdaýyny hasaba alyp, ýyllyk uzaldylan esasy dynç alyş berilýär:

— on sekiz ýaşa dolmadyk şahslara — otuz kalendar gün;
— işleýän I we II topar maýyplaryna — otuz kalendar gün...

**Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi,**
**135-nji madda**







**Aşakdaky meseleleri çözüň.**

**1-nji ýagdaý.**

Işçi A. günortanlyk arakesmä çykman işlänligi sebäpli işden bir sagat öň gitdi. Kärhana administrasiýasy oňa käýinç yglan etdi we sylagdan mahrum etdi.

**Şu ýagdaýda işçiniň hukuklary bozuldymy?**

**2-nji ýagdaý**.

Okuwçy N. dynç alyş wagtynda işe kabul edilipdi. Awtoussahananyň eýesi bilen ylalaşyga görä işe kabul etmegi doly resmileşdirmedi. Diňe bir aý üçin iş haky summasy barada ylalaşdylar. Bu hakda N. we onuň ata-enesi gol çeken şertnama düzülipdi. Üç aýyň dowamynda, şol sanda baýram we dynç alyş günleri N. ulular derejesinde işledi.

**N.niň zähmet hukugy bozulypdymy?**

**3-nji ýagdaý.**

Işçi A. 50-nji mekdep-liseýe kömekçi işçi edip kabul edilipdi. Tiz arada mekdep boýunça buýruk çykarylyp, ol 3 günüň dowamynda işe sebäpsiz gelmänligi üçin işden boşadyldy. A. suda ýüzlendi. Sud işe garan mahalynda şu zat anyklandy, ýagny A. işe kömekçi işçi hökmünde alnan, hakykatda bolsa garawul wezipesini ýerine ýetiren, oňa smenadan soň iki dynç alyş güni berilmelidi.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygy umuman A-ga görä bozulypmy?**

## ZÄHMET ŞERTNAMASYNYŇ ÝATYRYLMAGY

Zähmet kodeksine görä (99-njy madda, 1-nji bölüm) işgär näbelli bir möhlete düzülen zähmet şertnamasyny hem, möhleti gutarýança möhletleýin zähmet şertnamasyny hem, iki hepde öň iş berijini ýazuw üsti bilen duýduryp, ýatyrmaga haklydyr. Duýduryş möhleti tamamlanandan soň işgär işi bes etmäge hakly, iş beriji bolsa, işgäre zähmet depderçesini bermeli we hökman onuň bilen hasaplaşmalydyr. Eger şertnamada ony möhletinden öň ýatyrmak üçin neustoýka tölemegi baradaky özara borçlary nazarda tutulan bolsa, onda iş beriji işgärden şertleşilen pul summasyny tölemegini talap etmäge hakly.

**Neustoýka (jerime)** — kanun ýa-da şertnama bilen bellenilen pul summasy bolup, ony bergidar kreditora öz üstüne alan borçlary ýerine ýetirmände tölemäge mejburdyr.

Arzany beren güni bolup ony iş beriji alan gün hasaplanýar, zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy baradaky duýduryş möhleti arza berlen günden soňky gün hasaplanýar. Duýduryş möhleti iş günlerinde däl, eýsem kalendar günlerinde hasaplanýar, ýagny iki hepde — bu 14 gündür.

Eger duýduryş möhleti gutaransoň işgär işi dowam etdirse, onda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy baradaky arza öz güýjüni ýitirýär. Şunuň bilen birlikde işgär duýduryş möhleti dowamynda özi beren arzany, şol sanda ahyrky iş gününde-de gaýtaryp almaga hakly, iş beriji bolsa oňa muny ret etmäge hakly däl.

— Zähmet şertnamasyny ýatyrmak esaslaryna aşakdakylar girýär:
— öz islegine görä;
— şertnama düzülen möhletiň gutarmagy;
— işçiniň ýa-da gullukçynyň harby (alternatiw) gulluga çagyrylmagy;
— şertnamany administrasiýanyň islegine görä ýatyrmak;
— işgäri onuň razylygy bilen başga kärhana geçirilmegi;
— işgäriň döwlet dolandyryş edarasyndaky saýlanýan wezipä geçmegi;
— suduň hökmüniň kanuny güýje girmegi.

Zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy kärhana boýunça buýruk bilen resmileşdirilýär.

Iş beriji zähmet şertnamasy ýatyrylan güni zähmet depderçäni we zähmet şertnamasy ýatyrylandygy baradaky buýrugyň göçürme nusgasyny hökman bermeli.

## ZÄHMET ŞERTNAMASYNYŇ IŞ BERIJINIŇ BAŞLANGYJY BILEN ÝATYRYLMAGY

Zähmet kodeksine görä (100-nji madda, 2-nji bölüm) aşakdaky sebäpleriň bolmagy zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagynyň esaslydygyny aňladýar:

— işleriň göwrüminiň gysgalanlygy sebäpli işgärler sanynyň özgerendigi;
— işgäriň türgenligi ýeterli bolmanlygy ýa-da näsaglygy sebäpli ýerine ýetirýän işine laýyk bolman galmagy;
— işgäriň öz zähmet wezipelerini yzygider bozanlygy.
— işgäriň öz zähmet wezipelerini bir gezek gödek bozanlygy (şeýle bozmalar sanawy her bir kärhanada bellenilýär);
— goşmaça iş esasynda işlemeýän başga işgäriň işe kabul edilmegi sebäpli goşmaça işçiler bilen zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagy;
— mülkdaryň çalyşmagy sebäpli kärhana ýolbaşçysy bilen düzülen zähmet şertnamasynyň ýatyrylandygy (kärhananyň döwlet eýeçiliginden kollektiw ýa-da hususy eýeçilige geçmegi);
— işgäriň pensiýa ýaşyna dolanlygy, kanun resminamalaryna laýyk ýaşa degişli döwlet pensiýasyny almak hukugy bar bolanda.

Zähmet şertnamasynyň iş berijiniň haýsy-da bolsa bir başga sebäpleri bilen ýatyrylmagy kanuna ters bolýar.



**Ýagdaýlar bilen tanşyp, bozulan hukuklary dikeltmegiň ýollaryny teklip ediň.**

**1-nji ýagdaý.**

9-njy synp okuwçysy A. süýt zawodyna ýük ýükleýji edip işe kabul edildi. Süýtli ýaşigi ýüklän wagtynda ol taýyp gitdi we ýykylyp düşdi, netijede çüýşeleriň köpüsi döwüldi. Süýt zawody administrasiýasy ýetirilen zyýanyň bahasyny A-nyň iş hakyndan saklap galdy. A-nyň ata-enesi pullary gaýtarmagy hem-de oňa işden boşadylandygy barada ýazuw bilen zähmet depderçesini bermegi talap etdiler. Işgärler bölüminde muny ýetine ýetirmediler, ol kämillik ýaşyna ýetmedik we oňa zähmet depderçesi tutulmaýar diýip düşündirdiler.

**Hany, kim hak özi? Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygyny nähili bozulmagyna ýol berlipdir?**

**2-nji ýagdaý**.

16 ýaşly işçi U. kärhanada bellenilen normany yzygider ýerine ýetirmedi, şu sebäpli-de administrasiýa kärdeşler bileleşigi guramasynyň öňüne ony işden boşatmak meselesini goýdy. Kärdeşler bileleşigi ýygnagy U-ny işden boşatmaga razylyk bermek barada karar kabul etdi we ol kärhana boýunça çykarylan buýruga görä işden boşadyldy.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygy bozulypmy?**

**3-nji ýagdaý.**

Miwe-gök önüm bazasynyň administrasiýasy miwe we gök-önümleri umumy ýygym döwründe ýygylan önümi ýüklemek we düşürmäge dynç alyş günleri kämillik ýaşyna ýetmedik S-ni çekdi. Üçünji ýekşenbe güni S. işe çykmady we işi sebäpsiz galdyrandygy üçin işden boşadyldy.

**Şu ýagdaýda zähmet kanunçylygyny bozmaga ýol berlipmi? Ýol berlen bolsa, haýsy düzgünleri bozulypdyr?**

**Bilimleriňizi synaň!**

1. Iş wagty we dynç alyş wagty düşünjelerine nämeler girýär?
2. Bäş we alty günlük iş hepdelerinde iş wagty näçe sagady düzýär?
3. Kämillik ýaşyna ýetmedikler işiniň aýratynlygy nämede?
4. Respublikada haýsy günler baýram günleri diýip bellenilen?
5. Gündelik dynç alyş näçe sagat dowam etmeli?
6. Nobatdaky zähmet dynç alşy näçe aý işländen soň berilýär?
7. Kämillik ýaşyna ýetmediklere zähmet dynç alşyny bermek aýratynlygy nämeden ybarat?
8. Haýsy ýagdaýlarda işgäri onuň razylygysyz wagtlaýyn başga işe geçirmek mümkin?
9. Zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna nämeler esas bolup hyzmat edýär?
10. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri işden boşatmagyň aýratynlygy nämede?

## 26-§. ZÄHMET DAWALARY WE OLARY ÇÖZMEGIŇ TERTIBI

### ÝEKEBARA ZÄHMET DAWALARYNYŇ TARAPLARY WE MAZMUNY

**Zähmet dawalary** — işgärler bilen iş berijileriň arasynda zähmet kanunçylygyny ulanmak boýunça gelip çykan ylalaşyksyzlyklardyr.

Zähmet dawalaryny ýekebara we kollektiw dawalara bölmek bolýar. Ýekebara dawalarda belli bir işgäriň hukuklary, onuň kanuny bähbitleri talap edilýär we goralýar. Kollektiw dawalarda bolsa bütin zähmet kollektiwiň ýa-da onuň bir böleginiň hukuklary, bähbitleri, ygtyýarlyklary goralýar.

Bozulan zähmet hukugyny dikeltmek ýa-da goramak maksadynda zähmet dawasy boýunça iş gozgan şahs dawagär hasaplanýar. Jogapkär — dawa boýunça jogapkärlige çekilýän şahs.

### ZÄHMET DAWALARYNA GARAÝAN KOMISSIÝALAR

Ähli ýekebara dawalar ilki zähmet dawalary komissiýalary (ZDK) bilen kärdeşler bileleşigi komitetiniň bilelikdäki ýygnagynda garalýar. Eger ZDK karary ylalaşyksyzlyklary aradan aýyrmasa, onda kararyň üstünden suda şikaýat edilýär. Dawagär dawa arzyny ýazmaça şekilde tümen (şäher) suduna berýär. 10 günlük möhletde suduň kararynyň üstünden ýokary durýan suda şikaýat etmek mümkin. Kanun suduň kararynyň derrew ýerine ýetirilmegini nazarda tutýar. Suduň karary administrasiýa tarapyndan 3 günlük möhletde ýerine ýetirilýär.

### ZÄHMET DAWALARYNA GARAMAGYŇ TERTIBI

Iş beriji bilen kärhana zähmet kollektiwi arasynda ylalaşyksyzlyklar gelip çykan tagdyrda, taraplar öz wekillerinden komissiýany şekillendirýär, munda ylalaşyk gaanylmasa işi suda geçirýärler.

Ýekebara zähmet dawalaryna garamagyň tertibi Zähmet kodeksi bilen kadalaşdyrylýar, zähmet dawalary boýunça işlere garamagyň tertibi — tümen (şäher) sudlarynda amala aşyrylýar we Raýatlyk prosessual kodeksi bilen kesgitlenilýär.

Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygynda işgärleriň zähmet hukuklaryny bozanlyk üçin iş berijiniň we kärhananyň wezipeli şahslarynda jogapkärlik bolmagy nazarda tutulan. Iş berijä işgäre zyýan ýetirilenligi üçin diňe maddy jogapkärlik ýüklenmegi mümkin. Kärhananyň wezipeli şahslary düzgün-nyzam, maddy, administratiw, aýratyn ýagdaýlarda jenaýat jogapkärlige çekilýär.

**Ýumuş.**

Zähmet dawalaryny çözmek boýunça suda berlen dawa materiallary bilen tanşyp, zähmet dawalary komissiýasy mejlisini geçiriň we karar çykaryň. Ýokarda getirilen shema esasynda sud mejlisiniň imitasiýasyny geçirmek mümkin.

10-njy synp okuwçylary N. we S. tomusky dynç alyş wagtynda 1-GMB gurluşyk uçastogunda kömekçi işçi hökmünde işe kabul edilipdi. Ýöne tiz arada olar zähmet netijeliliginiň pesligi we zähmet düzgün-nyzamyny bozandyklary üçin işden boşadyldy. Olara edýän işleri haýal etmän ýerine ýetirilmelidigi, ýagny getirilen garyndy we beton gurluşyk meýdançasyna tiz daşalmalydygy aýdylandygyna seretmezden, her gün, şol sanda şenbe we ýekşenbe günleri hem işden iki sagat öň gidendikleri nygtalyp geçildi.

Olar bilen düzülen zähmet şertnamasynda olar doly iş güni işlemäge razydyklary ýazylyp goýlupdy. Şertnama N. bilen S. we olaryň ata-eneleriniň goly bilen tassyklandypdy.

N. we S. ata-eneleri olary işe dikeltmegi talap edip, 1-GMB ýolbaşçylarynyň üstünden zähmet dawalary komissiýasyna şikaýat arzasyny berdiler.

Şeýdip, iş materiallaryny öwrenip we zähmet kanunçylygynyň esaslaryny nähili bilişiňizden peýdalanyp, meseläni çözmäge çalşyň. Kim hak? Administrasiýamy? Okuwçylaryň ata-enelerimi? Jogabyňyzy subut ediň.

Zähmet dawalary komissiýasynyň mejlisini geçiren mahalyňyzda suduň işinde beýan edilen delillere esaslanyň.

## ZÄHMET DAWALARY KOMISSIÝASYNYŇ GATNAŞYJYLARYNYŇ WEZIPELERI

**Komissiýanyň başlygy:**

— mejlisi dolandyrýar;
— işiň mazmunyny mälim edýär;
— dawagärden we jogapkärden işe degişli goşmaça ýagdaýlary anyklaýar;
— şaýatlary sorag edýär;

— zähmet kanunçylygy hem-de taraplaryň pikirini hasaba alyp karar kabul edýär.

**Kätip:**

— mejlisiň beýannamasyny ýöredýär;
— zähmet dawalary komissiýasynyň mejlisine gatnaşyjylar gelen-gelmänligini barlaýar.

**Dawagär:**

— dawanyň mazmunyna degişli görkezmeler berýär;
— bozulan zähmet hukugyny dikeltmek boýunça talaplar goýýar.

**Jogapkär (iş berijiniň wekili):**

— hakykat ýüze çykmagyna päsgel bermezlige mejbur;
— dawanyň mazmunyny we gelip çykan dawany kanuny çözmäge degişli öz nukdaý nazaryny beýan edýär.

**Adwokat:**

— proses gatnaşyjylaryna soraglar berýär;
— hakykaty anyklamak we dawany adalatly çözmek üçin kanunda nazarda tutulan ähli serişdelerden peýdalanýar;
— işe garamaga we onuň dowamynda dawagäre zerur ýuridik kömek berýär;
— deliller galplaşdyrylanda bikanun hereketler üçin jenaýat jogapkärlige çekilýär.

**Ekspert:**

— onuň öňüne goýlan mesele boýunça ýazma netije bermäge mejbur.

**Zähmet kollektiwiniň ýolbaşçysy:**

— suda şu dawa boýunça kollektiwiň pikirini beýan edýär;
— işiň ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmaga kömek berýär.

## JEMLERI JEMLEMEK

Zähmet dawasy garalandan soň aşakdaky soraglar boýunça ara alyp maslahatlaşma dersini geçiriň:

Özüňizi ... (dawagär, jogapkär, adwokat we başgalar) ýerinde nähili derejede aýgytly duýduňyz? Derslerde alnan bilimler zähmet kanunçylygy nukdaý nazaryndan garşy tarapyň soraglaryna jogap berende ýeterli boldumy?

Siziň pikiriňizçe, zähmet kanunçylygyna laýyk dogry karar kabul edildimi?



**Bilimleriňizi synaň!**

1. Zähmet şertnamasy näçe möhlete düzülmegi mümkin?
2. Haýsy ýaşdan işe kabul etmäge rugsat edilýär?
3. Işgäre zähmet depderçesi haçan açylmaly?
4. Işe kabul etmek barada buýruk çykarmak üçin näme esas bolýar?
5. Işgär özüniň işden boşamagy barada administrasiýany näçe gün öň duýdurmaly?
6. Zähmet şertnamasy haýsy ýagdaýlarda ýatyrylmagy mümkin?
7. Işden boşan işgäre zähmet depderçesi we buýrugyň göçürme nusgasy haçan berilýär?
8. Iş wagtynyň ustawdaky möhleti näçe?
9. Iş wagtynyň gysgaldylan möhleti kimlere bellenilýär?
10. Amatsyz iş şertlerinde işleýän işçiler hepdesine näçe sagat işlemeli?
11. Haýsy wagt gijeki wagt hasaplanýar?
12. Iş wagtyndan daşary iş üçin näçe möhlet bellenilýär?
13. Baýram günlerini sanap beriň.
14. Ýyllyk zähmet dynç alşynyň iň kem we iň köp möhleti näçe?
15. Işgäre görä nähili jeza çäreleri ulanylmagy mümkin?

## 27-28-§§. JEMLEÝJI GAÝTALAMAK

**«Döwlet we hukuk esaslary» dersligini öwrenende ýuridik adalgalary nädip alandygyňyzy barlaň. Jogaplara kynçylyk çekseňiz, görkezilen sahypalardaky dersligiň tekstini ýene bir gezek okap çykyň.**


Adam hukuklary ähliumumy deklarasiýasy 20, 26
Administratiw hukuk subýektleri 43
Administratiw hukuk 42
Administratiw jeza 49
Administratiw jazanyň maksady 50
Administratiw mejburlama 48
Administratiw ýerliksiz hereket 48
Akseptleme 67
Apatrid 30
Awtorlyk hukugy 88
Awtorlyk şertnamasy 89
Birleşen Milletler Guramasy 17
BMG Çagalar Fondy 20
Çagalar hukuklary hakyndaky Konwensiýa 24
Düzgün-nyzam temmisi 119
Emläk hukugy 63
Emläk 63
Gatnaşyk ukyby 57
Halk häkimiýetçiligi 37
Halkara hukugyň funksiýalary 11
Halkara hukuk 10
Halkara hukuk gatnaşyklar we olaryň prinsipleri 15
Halkara gatnaşyklar 12
Halkara köpçülikleýin hukuk 13
Halkara şertnama 10
Haýyr-ygsan 69
Hereketler strategiýasy 15
Hukuk döwleti 30
Hukuk ukyplylygy 57
Hukuk medeniýeti 7
Hukuk maşgalasy 14
Hukuk aňy 7
Intellektual emläk 85
Iş haky 116
Iş wagty 122
Işe kabul etmek aýratynlyklary 108
Konstitusiýa 10
Konstitusion hukuk 32
Konstitusion prinsipler 33
Konstitusion gurluş 32
Laýyklyk sertifikaty 76
Oferta 67
Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň gurluşy 33

Raýatlaryň borçlary 39
Raýatlyk 22
Raýatlyk hukugy çeşmeleri 54
Raýatlyk hukugy 54
Sarp ediji 74
Sarp edijileriň hukuklaryny goramak 81
Synag möhleti 114
Syýasy hukuklar we borçlar 38
Şahsy hukuk 13
Wekillik 61
Ynsanperwerlik prinsipi 37
Ylalaşyklar 60
Ylalaşyklaryň hakyky dälligi 60
Zähmet depderçesi 113
Zähmet hukugy 99
Zähmet düzgün-nyzamy 118
Zähmet şertnamasynyň şertleri 105
Zähmet şertnamasy 104
Zähmet dynç alşy 124
Zähmet baradaky kanunlaryň wezipeleri 100
Zähmet üçin höweslendirmeler 120
Zähmete degişli gatnaşyklar subýektleri 101
Zähmete degişli gatnaşyklar 101
Zähmeti hukuk taýdan kadalaşdyrmak 98

## ÝURIDIK ADALGALARYŇ SÖZLÜGI

**Adam hukuklary** — adanyň döwlete görä hukuk ýagdaýyny häsiýetlendirýän düşünje, onuň jemgyýet durmuşynyň ykdysady, sosial we medeni ugurlaryndaky mümkinçilikleri.

**Adaty ýagdaý** — uzak möhletli sosial amalyýet dowamynda şekillenen adatlar berkidilen hereket şekli. Döwlet peýda bolmagy bilen adaty hukuk çeşmesine öwrülýär we oňa amal etmek döwletiň mejburlamagy bilen üpjün edilýär.

**Adwokat** — ýuridik we şahsy taraplara professional hukuk kömegini edýän raýat.

**Affekt** (lat. *affectus* — kalp tolgunmasy, hyjuw) — kişiniň gysga möhletletleýin gaharjaňlyk ýagdaýy, ol güýçli we çuňňur tolgunma hem-de öz hereketleriniň üstünden gözegçiligiň peselmegi bilen häsiýetlenýär.

**Aldawçylyk** — ogurlamagyň zorluga esaslanmadyk görnüşlerinden biri, betniýetlilik.

**Amnistiýa** (grekçe *amnestia* – unutmak, bagyşlamak) – jenaýat edenleri jezadan azat etmek ýa-da ony ýumşatmak.

**Apatridler** (a... + grekçe *patris (watan)* — watansyz) — raýatlygy bolmadyk şahslar.

**Apellýasiýa** — suduň kararynyň üstünden şikaýat etmek görnüşlerinden biri, munda işi ikinji instansiýa sudy taraplaryň şikaýatlary boýunça garap çykýar.

**Akyly goýalyşan** — ruhy taýdan sagdyn kişiniň normal ýagdaýy bolup, öz hereketlerine baha berip bilmek we olara erk edip bilmek ukybynda öz beýanyny tapýar.

**Basybalyjylyk** — jebir çeken tarapa görä zorluk ulanmak howpy bilen ýa-da zorluk ulanmak bilen başgalaryň emlägini talamak maksadynda hüjüm etmek.

**Dawagär** — özüniň bozulan ýa-da dawalaşylýan hukugyny goramak üçin suda ýüzlenýän şahs (ýuridik ýa-da fiziki).

**Deklarasiýa** (lat. *declaratio* — bildiriş, beýanat) — 1) hödürnama güýjüne eýe bolan hukuk resminamasy; 2) gümrükhana deklarasiýasy — baýlyk (gymmatlyk)lary araçäk arkaly alyp geçende düzülýän olaryň sanawy; 3) salgyt deklarasiýasy — şahsyň salgytlary tölemek üçin öz girdeji mukdary barada beýanaty.

**Delil** — raýat hukugynda – emläk obýekti.

**Diskriminasiýa** (lat. *discrimininatio* — tapawutlandyrmak) — döwlet, ýuridik ýa-da şahsy taraplaryň hukuklaryny kemsitmek.

**Düzgün-nyzam** — jemgyýetde şekillenen ahlak we hukuk normalaryna laýyk adamlaryň hereketleriniň belli bir tertibi.

**Dökmeklik** — jenaýat işine degişli subut-delilleri almaga gönükdirilen derňew hereketi.

**Eklenç** — başga şahsdan (ýa-da şahslardan) doly maddy üpjünçilik ýa-da hemişelik maddy kömek alýan şahs.

**Emansipasiýa** — raýatlyk hukugynda — kämillik ýaşyna ýetmedigi doly gatnaşyga ukyply diýip yglan etmek.

**Emläk** — haýsy-da bolsa bir şahsyň emlägi bolan baýlyklar (gymmatlyklar).

**Emläge bent salmak** — emläk ýazuwyny geçirmek we oňa eýelik etmegi gadagan etmek.

**Fiziki şahs** — raýatlyk hukugy subýekti hökmünde aýratyn alnan raýat.

**Günäkär** — kanunda bellenilen tertipde ony günäkär hökmünde jogapkärlige çekek babatda karar çykarylan şahs. Sud wagtynda günäkär sudlanýan diýip, höküm çykarylandan soň bolsa — ýyly kesilen diýip atlandyrylýar.

**Günäsizlik prezumpsiýasy** — aýby sud tarapyndan subut edilip berilýänçe günäkär ýa-da sudlanýan günäsiz diýip hasaplanýan düzgün.

**Gaçak** — oňa görä zorluk edileni ýa-da zorluga duçar bolmak hakyky howp döredenligi sebäpli özüniň hemişelik ýaşaýan ýerini terk edip, başga döwletiň çäginde ýaşamaga mejbur bolan raýatlygy ýok şahs.

**Göwnüne degmek** — adamyň mertebesini we gadyr-gymmatyny bilkastdan, edepsizlik bilen kemsitmekde bolýan jenaýat.

**Gatnaşyk ukyby** — raýatyň öz hereketleri bilen raýatlyk hukuklaryny almak we amala aşyrmak, özi üçin raýatlyk borçlaryny döretmek we olary ýerine ýetirmek ukyby.

**Haýbat** — adamlaryň üstünden ruhy zorluk etmek görnüşlerinden biri.

**Höküm** — sud tarapyndan sudlanýanyň aýby barlygy ýa-da ýoklugy ýa-da oňa görä jeza ulanmak ýa-da ulanmazlyk meselesi boýunça çykarylan karar.

**Hukuk** — döwlet tarapyndan bütin jemgyýet möçberinde goralýan umummejbury normalar ulgamy.

**Hukuk normasy** — döwlet kesgitleýän we onuň ýerine ýetirilişini mahsus häkimiýet edaralarynyň (sud, milisiýa) kömeginde üpjün edýän hereketleriň umummejbury düzgüni.

**Hukuk ukyby** — şahsyň şu ýurduň kanuny ýol berýän raýatlyk hukuklarynyň we borçlarynyň aňladyjysy bolmak ukyby.

**Immunitet** (lat. *immunitas* — käbir zatdan azat etmek) — döwletde olaryň eldegrilmezliginde aňladylýan aýratyn ýagdaýy eýelän şahslara berlen käbir umumy kanunlara boýun egmelik absolýut hukugy (deputatlyk, diplomatik immuniteti).

**Intellektual emläk** — döredijilikli iş netijelerine degişli mahsus hukuklaryň toplumy.

**Işsizler** — iş we iş hakyna eýe bolmadyk, özlerine dogry gelýän işi gözlemek maksadynda işlilik gullugynda hasaba alnan we oňa girişmäge taýýar bolan zähmete ukyply raýatlar.

**Jebir çeken** — jenaýat ýoly bilen ruhy, beden ýa-da emläk taýdan zyýan ýetirilen şahs.

**Kassasiýa** — entek güýje girmedik sud karary ýa-da hökümiň üstünden ýokary suda şikaýat etmek.

**Kompensasiýa** (lat. *compensatio* — tölemek) — raýat-hukuk borçnamalary bozulmagy netijesinde emele gelen zyýanlary (önümleriň ýogalmagy, harytlary öz wagtynda üpjün etmezlik we başgalar) tölemek.

**Konwensiýa** (lat. *conventio* — ylalaşyk) — hökümetler derejesinde düzülen halkara şertnama atlaryndan biri.

**Konsensus** (lat. *consensus* — razylyk, raýdaşlyk) — ses bermegi geçirmezden umumy razylyk esasynda karar ýa-da şertnama tekstini kabul etmek usuly.

**Korrupsiýa** — syýasat ýa-da döwlet dolandyryşy ugrundaky jenaýatçylykly iş: wezipeli şahslaryň olara ynanylyp tabşyrylan hukuklardan şahsy bähbidi üçin peýdalanmagy (parahorlar, gulluk ýagdaýyndan öz peýdasyna peýdalanmak).

**Kämillik ýaşyna ýetmedikler** — Özbegistan Respublikasynyň kanun resminamalaryna laýyklykda 18 ýaşa ýetmedik şahslar.

**Kast** — hereketleriň jemgyýetçilik howplulygy we hukuga tersligini aňmak.

**Kanun güýjüne eýe resminama** — döwlet häkimiýeti edaralarynyň kanuna garanda kemräk, ýöne kanuny güýje eýe bolan hukuk resminamasy.

**Kanuny bozma** — haýsy-da bolsa bir hukuk normalaryny bozýan islendik hereketler.

**Naturalizasiýa** — daşary ýurtly şahsy onuň arzasyna görä raýatlyga kabul etmek.

**Oferta** (lat. *offertus* — teklip edilen) — belli bir şahsa ylalaşyk düzmek boýunça edilen resmi teklip, munda ony düzmek üçin zerur bolan ähli zerur şertler görkezilýär.

**Ösüp ýetişmedik** — ruhyýetiň kesellik ýagdaýy ýa-da akyl taýdan gowşaklyk bilen şertlenen, şahsyň öz hereketlerine baha berip bilmeýänligi ýa-da sosial howply etmiş eden wagtynda olara erk edip bilmezligi.

**Suwerenitet** (fr. *souverainet* — ýokary häkimiýet) — döwletiň ýurduň içinde ileri tutulmagy we onuň daşaky gatnaşyklarda garaşsyzlygy.

**Sud işlerini ýöretmegiň äşgärligi** — sud işlerini ýöretmek düzgüni, ähli sudlarda sud işlerini açyk alyp barmagy nazarda tutýar.

**Soraşdyrma** — jenaýatlary ilkinji derňäp-barlamak görnüşlerinden biri (deslapky derňew bilen bir hatarda).

**Şaýat** — şu işe degişli anyklanmaly bolan nähilidir halatlar oňa mälim bolmagy mümkin bolan şahs.

**Talaňçylyk** — emlägi aç-açan ogurlamak.

**Terrorizm** (lat. *terror* — gorky, aýylganç) — haýsy-da bolsa bir maksada ýetmek maksadynda hukuga garşy hereketler (adam öldürmeler, diwersiýalar we başgalar) toplumy.

**Töhmet** — bilkastdan başga şahsy ýaman atly edýän, ýalan gepleri ýaýratmak.

**Tutmak, saklap durmak, tussag** — jenaýat etmekde şübhelenýän şahsa görä ulanylýan, saklanan şahsyň jenaýata dahylllygyny anyklamak we ony tussag etmek mümkinligi meselesini çözmek maksatda, 72 sagatdan geçmeýän gysga möhletleýin mejburlama çäresi.

**Wandalizm** — maddy we medeni baýlyklary bimany ýok etmek, jemgyýetçilik desgalaryny bozmak, emlägi hatardan çykarmak we başgalar.

**Wesýet** — raýat özüniň emlägi babatda aradan çykmagyny nazarda tutan ýagdaýda görkezme bermegi, kanunda bellenilen tertipde ýerine ýetirilýär.

**Wiza** (lat. *visa* — gözden geçirilen) — pasportdaky belgi, döwletiň giriş, çykyş, çäk arkaly geçmäge ýa-da ýaşamaga rugsadyny aňladýar.

**Ýuridik şahs** — öz eýeçiliginde aýratyn emlägi bolan we öz borçlaryna şol emlägi bilen jogap berýän gurama.

**Ýurisprudensiýa** (lat. *jurus*) — hukukşynaslyk, sud edaralarynyň karar çykarmak hukugy baradaky ylymlar toplumy, hukukşynaslaryň amaly işi.

**Ýerliksiz hereket** — düzgün-nyzam ýa-da administratiw jogapkärlige sebäp bolýan hukuga garşy hereket.

**Zat** — raýatlyk hukugynda — emläk obýekti.

**MAZMUNY**

Okuwçylara ........................................................................................................3

# I BÖLÜM. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY — HALKARA HUKUK SUBÝEKTI

1-§. Hukuk — şahs we döwlet gatnaşyklarynyň pugta esasy ........................4
2-§. Halkara hukuk.................................................................................10
3-§. Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlary we wezipeleri.................17
4-§. Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy.............................................22
5-§. Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak mehanizmi .................25

# II BÖLÜM. KONSTITUSION HUKUK

6-§. Döwletde kanunyň ileri tutulmagy .....................................................28
7-§. Özbegistan Respublikasynyň konstitusion gurluşynyň esaslary ..........31
8-§. Ynsanperwerlik prinsipi Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion gurluşynyň esasy .....................................................................36

# III BÖLÜM. ADMINISTRATIW HUKUK ESASLARY

9-§. Özbegistan Respublikasynda administratiw hukuk..............................41
10-§. Administratiw kanun bozma we administratiw jogapkärlik...............46
11-§. Administratiw jeza we onuň görnüşleri............................................49

# IV BÖLÜM. RAÝAT HUKUGY ESASLARY

12-§. Özbegistan Respublikasynda raýat hukugy.......................................53
13-§. Ylalaşyklara goýlan talaplar we wekillik .........................................59
14-§. Emläk hukugy we başga maddy hukuklar..........................................63
15-§. Raýat-hukuk şertnamalarynyň şertleri...............................................66

16-§. Sarp edijileriň hukuklary we borçlary ...........................................74
17-§. Öndüriji tarapyndan harydyň hiline berilýän kepil..........................79
18-§. Intellektual emläk hukugy ...................................................................85
19-§. Raýatlyk işine sudda garalmagynyň basgançaklary .........................91

## V BÖLÜM. ZÄHMET HUKUGY ESASLARY

20-§. Zähmete degişli gatnaşyklar ..............................................................97
21-§. Işe kabul etmek.....................................................................................104
22-§. Zähmeti gorama ...................................................................................108
23-§. Işe kabul edilende resminamalary resmileşdirmek...........................111
24-§. Zähmete hak tölemek we düzgün-nyzam ..........................................116
25-§. Iş wagty we dynç alyş wagty. Zähmet şertnamasyny özgertmek we ýatyrmak..........................................................................................122
26-§. Zähmet dawalary we olary çözmegiň tertibi ...................................129

27-28-§§. Jemleýji gaýtalamak.........................................................................133
Ýuridik adalgalaryň sözlügi .....................................................................135

Kostetskiy Vasiliy Anufrievich

O‘quv nashri

# «Davlat va huquq asoslari»

O‘rta umumta‘lim maktablarining 10-sinf o‘quvchilari uchun darslik

(Turkman tilida)

Birinchi nashr

Toshkent — «Yangiyol poligraf servis» — 2017

Nashriyot litsenziyasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime eden — K. Hallyýew
Redaktor — J. Metýakubow
Tehredaktor — M. Riksiýew
Korrektor — J. Metýakubow
Suratçy — J. Azimov

Original-maketden çap etmäge 2017-nji ýylyň 30-nji noýabrynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 1/16. «Times New Roman» garniturasy. Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly. Çap listi 9,0. Ş. ç. l. 10,53. 1018 nusgada çap edildi. Buýurma № 4956.

«Sharq» NÇPK çaphanasynda çap edildi.
100000, Daşkent ş., Beýik Turan köçesi, 41.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |